JUMA HUDAÝGULY

# AÝ GAÝDYP GELER



**Juma Hudaýguly.**

Aý gaýdyp geler. Powest hem hekaýalar. Orta we uly ýaşly mekdep okuwçylary üçin.

Eliňizdäki ýygyndy hudožnik J. Hudaýgulynyň üçünji kitabydyr. Onda esasan-da awtoryň özüniň ýaşlykda gören wakalary, eşiden gürrüňleri täsinlik bilen teswirleňýär. Adamkärçilik, arassalyk, ahlaklylyk onuň ähli eserleriniň özenidir.

© Magaryf, 1994.

## Ömür dowam edýär

Pukaralyk Manzar agany kyn günlere saldy. Ilki bilen-ä ýaňy bir maňlaýyndan diräýjek wagty, öýlendirenine bir ýylam geçmänkä uly ogly Torly aýy-güni dolup oturan aýalyny alyp, Guşgy sebitlerinde açylan maldarçylyk sowhozlarynyň birine — Morgala göçüp gitdi. Gitjek wagty:

— Geler duraryn, kaka. Size kömegem ederin — diýse-de, gaýdyp gara salmady.

Onuň yz ýany, ortanjy ogly Mämmedem iküç sany jahyl bilen baýlara goýun sürüşip Owganystana gidermen boldy.

— Biriňizden aýrylanym az däl, biriňiz bir ýanymda boluň-a. Gaty garrap barmasagam görýäňiz-ä, ejeň ikimiziňem ugrumyz ýok, jigileriň bolsa ýaş. Zamana-da düşer ýaly bolmady. Baýlar bir ýana çekýä, hökümet başga bir ýana çekýä. Siz bir daşlaşmaň-a bizden... — diýip, kakasy şunça özelense-de, gulak asmadylar. Gaýtam şol bir diýenini gaýtalap, bir depen ýerini depip oturdy:

— Ýak, kaka. Aňyrsy üç aýdan gerin-laý. Baýlar gowuja tölejek diýdiler. Birneme lomaýja pul düşse aňyrdan odur-budur zat alyp gaýdaryn. Bu ýere getiribem satarys, birneme gurplanarys.

Emma onuň şol gidişi-gidişi boldy.

Mämmet bilen bile gidenler dolanyp gelenlerinden soň, Manzar aganyň öňünde ýüzlerini sallaşyp oturyşlaryna şeý diýdiler:

— Baýlar beren sözlerinde tapyldylar. Gepleşen pullaryny elimize berip, ugradybam goýberdiler. Ýöne, ýolda gelýärkäk Mämmediň aýagyna çöňür çümdi. Garaşjak bolsagam: siz gidiberiň, men yzyňyzdan ýeterin, diýdi. Emma ýetmedi. Ýitirdik...

Her näçe syr bildirmejek bolsa-da, Manzar aga men diýen jahylyň aýagyna çümen çöňür zerarly orta ýolda ýoldaşlaryndan galjakdyklaryna ynanyp bilmedi. Oglum o ýerde söwda baş goşup, düşenje puluna tirýek alyp gaýdandyr, bularam ony ýolda öldürip tirýegini alandyrlar, diýen ýaly oýlaram kellesine geliberdi Bir obada bileje önüp-ösen deň-duşlaryny şeýdäýjekdiklerini aklyna sygdyryp bilmese-de, göwnüne

güman gidendigini aýalyna-da duýdurdy. Ýazboldy daýza:

— Waý, şeýledir şol! Öz göwnüme-de gelipdi şol, ýöne aýdybilmän oturdym. Çagamy orta ýolda şehit edendir şolar! — diýip, hünübirýan aglaberenden soň bolsa, bu gizlin gümanyň goňşy-golamlara äşgär bolaryndan, bütin obanyň özüni imansyzlykda aýplaryndan gorkup, dert-azar ony köşeşdirmek bilen boldy.

Özi welin barybir gümandan aýňalyp bilmedi. Gijeler süýji ukuda ýatyrka oglunyň adyny tutup gygyrdy. Zöwläp-zöwläp ýerinden galdy. «Wah, käşgä bir ynanar ýaly delil tapan bolsalar» diýip kükregine urdy. Derdi halys ýüregine sygmadyk wagtlary «Körpe guzym goçgarymdan aýryldym» diýip agy gatyşykly aýdym aýtdy. Toýda-tomguda bagşylara Hemra atly oglundan aýrylan Hysrow şanyň adyndan aýdylýan aýdymlary buýurdy. Käteler köneje horjunyny egnine atyp, oglunyň gözlegine gidesi geldi. Emma çül çagasyny taşlap Owganystan ýaly alys ýurda gidere ýagdaýam ýetmedi, gurbatam çatmady. «Wah, şol bir gapdalymda gezip ýören bolsa bolmyýamydy» diýip, Torlyny ýatlady.

Aradan ýedi ýyl geçdi. Mämmetden welin derek bolmady. Gözünden dirije uçan oglundan tamasyny üzmedik Manzar aga halys aljyrabam, aýalynyň eline-aýagyna bakman, on üç ýaşly gyzy Ogulnäzigi goňşy oba, kyrk ýaşlaryndaky birine durmuşa çykardy. Ol özüniň bu hereketini ýol harjy edinip, oglunyň gözlegine çykjakdygy bilen delillendirdi.

* * *

Ogulnäzigi ýaňyja okuwdan gelip, özi ýaly gyzlar bilen gurjak oýnap oturan ýerinden alyp gitdiler. Öňürt-ä aldap diýen ýaly araba mündürdiler. Boýdan-başa gyzyl geýnen nätanyş aýallar eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip: «Myhmançylyga gidýäs, ejeň dagam gidýä» diýdiler. Münendenem ur-tut başyna ýaşyl kürte atdylar. Bu ýerde bir del zadyň bardygyny ýüregi syzandanam Ogulnäzik agyr kürtäniň aşagyndan çalaja görünýän kiçijik ellerini öýüne tarap serdi-de:

— Gitjek däl-a-aý, gitjek däl-a-aý!.. — diýip, ulili bilen aglamaga başlady. Zandam bir müçenek ýaly bolansoň onuň enjarsyz göwresi kürtäniň aşagyndan gaty bir görünmedem. Zaryn owazy bilen bütin obanyň bagryny paralady. On ýaşly jigisi Böriniň etegini daşdan dolduryp, «gelnaljyny» gyra-ýapa tutup ýörşüni görendenem arabanyň üstünde edil öz gurjagy ýaly joňkardy-da:

— Ur! Ur, Böri jan! Ur, jigim! Hemmesinem ur! Al meni

şularyň elinden! — diýip gygyrdy. Birtopar ýat aýallar gyzyny äkidip barýarkalaram kakasynyň äwmän, daş işikde ýüzüni sallap durşuny, gaýtam: «Bar gyzym, alnyň-bagtyň açyk bolsun» diýip, elini ýüzüne sylyşyny görüp geň galdy. Işikde elini öwsüp, iki ýana elewräp ýören ejesini kömege çagyrdy. Ejesi:

— Wah, ejeň gursun, jan gyzym! San bamy seň ejeňde! — diýip aglamjyrady-da, birdenem äriniň alkymyna dykylyp, maňlaýyna ýumrugyny çenedi. — Ýezit bolduň sen, Manzar! Zalym bolduň sen, Manzar! Hudaýym Manzarman geçesiň Manzar! Ilde-günde pukara-da bardyr, garybam bardyr, başyna iş düşenem bardyr, ýöne sen ýaly gara bagryny gynsyz pyçaga dözen ýokdur! Bir bala diýip, bir balany oda atan ýokdur!..

Ýazboldy daýza sözüni soňlap bilmedi. Ýüregini tutdy-da, aşak çökdi. Ogulnäzik iki tarapyndanam tutup oturan aýallaryň elinden sypdy-da, naşyja guş ýaly bir towsanda arabadan böküp düşdi. Ylgap ejesiniň ýanyna bardy. Gujagyna doldy. Ejesi tä özüne gelýänçä boýnundan aslyşyp aglady.

Manzar aga gözünden sakgalsaýy ýaş goýberip durşuna gyzyna ýalbardy:

— Agzymdan söz çykdy, jan gyzym. Gaýrat et! Meni ýalançy etme! Baran ýeriňde gowy saklarlar, keteni geýdirerler. Menem Mämmet janyň gözlegine giderin...

Ogulnäzigiň bu wagt kakasyna gulak asasy gelmedi. Ejesiniň bir zat diýerine garaşdy. Emma Ýazboldy daýza wagty bilen gepläp bilmedi. Birhaýukdan soň gözüni açdy-da, ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny çalaja gymyldadyp:

— Bar, gyzym! Kakaňy ýalançy etme. Nädeli, kysmatymyzdyr-da ikimiziňem... — diýdi.

Aýallar Ogulnäzigi ýene-de göterip araba mündürdiler. Häli böken wagty bir tarapa gaýyp düşen kürtesini, alyp ýene-de başyna atdylar.

Gyzlar bilen oýnap oturan gurjagynyň henizem elindeligini Ogulnäzik barjak ýerine barandan soň bilip galdy.

* * *

Ýerli hökümediň wekilleri Ogulnäzige nika-da gyýdyrtmadylar, zagsdanam geçirtmediler.

— Ýaşy ýetenok. Toý edäýseňizem basylarsyňyz. Ýylyňyz bardyr — diýdiler.

Öýüm-öýüm diýe-diýe, birki gün aglap-aglap, özi ýadap özi goýan Ogulnäzik bolsa özüniň ol öýe nämüçin eltilendigindenem bihabar, ahyrsoňy daş çykdy-da, töwerek-daşyň gyzjagazlary bilen gurjagyny oýnaberdi. Daşyndan seredeniňde ol ýerden süýrenip duran kürtesinem häki bir, oýun üçin, atynan ýalydy.

Aşagynda hiç kim ýok ýaly, ýaşyl kürtäniň özünden özüniň iki ýana gyrbyldap ýörşüni görende oba adamlarynyň käbiriniň gülküsi tutsa, käbiriniň gahary geldi. Kim onuň hossarlaryny näletlese, kim onuň är boljagyna käýindi.

Ogulnäzigiň mugallymlary birki gezek gelip gitdiler. Üçünji gezek gelenlerinde ýanlary bilen öz obalarynyň oba sowet başlygynam alyp geldiler. Üçüsi üç ýerden: «Özüň göwnäp gaýtdyňmy? Ýaşyň näçe?» diýip soradylar. Ogulnäzik bolsa ozatlaryň nämüçin soralýanynam bilmän, öwredilişi ýaly: «Özüm gaýtdym, ýaşym on ýedi, boýum kiçi bolansoň ýaş görünýän...» diýdi.

Bir günem Ogulnäzik gyzlaryň ekabyrragyndan öz obalaryna gidýän ýoluň salgysyny aldy-da, öýlerine gaçdy.

Emma ertesi ýene-de ony getirip gitdiler.

Ol ondan soňam kän gezek gaçdy. Şonça gezegem getirip gitdiler.

Ahyram kimdir birine bir goýun berip, zags işini düzetdiler. Şonda haýsydyr bir dokumente gol çekdirmek üçin, Ogulnäzigiň özünem şähere alyp gitdiler. Zagsyň jaýyndan çykyşlary ýalam goňşulary Jemal daýza gabat geldi. Täze öýe düşeli bäri: «Zäkitden geçmeli... Zäkitden geçirenoklar... Zäkitden bir geçirip bolsa...» diýen ýaly sözlerden gulagy ganan Ogulnäzigiň beýnisinde, zagsdan geçiribilseler öýe goýberjekdirler diýen düşünje dörän bora çemeli, Jemal daýza gözi düşenden tigirlenýp ýanyna bardy. Eňegini galdyryp ýüzüne jiňkerildi. Ellerini galgadyp inçejik sesi bilen:

— Gyýuw! Daýza! Geçdim! Zäkitden geçdim! Kakama aýdyň, zäkitden geçirdiler — diýdi. Jogaba-da garaşman hyrra yzyna öwrülende ýerden süýrenjiräp duran ýaşyl kürtesiniň syny ep-esli meýdany süpürip-süpürip goýberdi. Yzyna tarap ýüwrüp gaýdanda bolsa, badyna ýellenip, syýlarynyň ujy ýerden bir garyş ýokarda galgady.

Onuň ýaňky sözüne töwerek-daşdan geçip, barýanlar gülüşdiler. Başga näme diýjegini bilmän: «Bor jigi, aýdaýaryn» diýip, dodagyny dişläp duran Jemal daýzanyň bolsa ýüregi gyýym-gyýym bolup gitdi. Ogulnäzigiň ýanyndakylaram birhili boldular.

Baranlaryndanam Ogulnäzik:

— Öýe gitjek. Indi bir goýberiň-ä meni, zäkitden geçdim-ä — diýip, ezeläp başlady. Şeýle-şeýle diýip habar edeninden soňam ejesiniň ýa kakasynyň geläge-de alyp gidibermeýändigi üçin gaty gördi.

Şol gije ol henize çenli sessiz-üýnsüz goňşy jaýlaryň birinden girip-çykyp ýören, gartmaç pyýada bilen özüni ikiçäk goýandyklary üçin diýseň geň galdy. Şol gün asylam bir öňki günlere meňzemedi. Ilkagşamrag-a şo-ol, arabada bile gelen aýallar gelip ol ikisiniň elini almaşdyrdylarmy, edil Ogulnäzigiň gyzlar bilen gurjak oýnanlarynda edişleri ýaly ony iýdirme, muny geýdirme diýip, bir zatlar sarnaşdyrdylarmy, haýsydyr bir mollanyň adyny tutup, «köneçe-de, täzeçe» bolşup jedelleşdilermi, garaz, birgiden erew-de-berewlig-ä boldy. Ýöne Ogulnäzik o zatlaryň manysyna düşünmese-de, şu dommarylyp oturan pyýadany indi özüne hemmelerden ýakyn saýmalydygyny welin düşündi. Şonuň üçinem ikiçäk galyşlary ýaly onuň çat maňlaýyna geçip:

— Daýy, daýy, öýmüze goýberäýiň-dä. Öýmüze gidäýeýin-dä... — diýdi.

Gartmaç pyýada esli mahal dymyp oturdy-oturdy-da, güňleç ses bilen:

— Gidäý — diýdi. Ýerinden turup eplengi duran goşlardan bir ýorgany çekip aldy-da, bir çete oklady. Ýazdy. Ýassygam aldy. Bilindäki guşagyny çözüp kellesine orady. Ýorganyň üstünde aýbogdaşyny gurup oturyşyna içinden bir zatlary sarnaşdyrdy. Yzyndanam üç gezek: «Estogpyrylla, estogpyrylla, estogpyrylla» diýdi-de, sag egnine gyşardy. Şondan soň öýüň içinde ýene-de onuň güňleç sesi ýaňlandy.

— Ukyň gelse düşek al-da, islän ýeriňde ýatyber.

Ogulnäzik ertesi ýene-de öýlerine gaçdy. Bu gezek ony yzyndan gidip getirdiler. Ýene-de şol, gartmaç kişi bilen bir jaýda ikiçäk galdyrdylar. Ýene-de öten agşamky hereketler gaýtalandy. Ertir irden çaý içip otyrka gartmaç kişi Ogulnäzigiň ýüzüne-de seretmän:

— Gaçyp gitme. Gidesiň gelen wagty gitjek diý-de, gidiber — diýdi.

Ogulnäzik begenjinden guş bolup uçdy. Böküp bosaga bardy-da:

— Onda men-ä gidäýjek! — diýdi.

Güňleç ses öýüň içinde gök gübürdän ýaly etdi.

— Gidiber. Özleri goýberdi diýseň gaýtarmazlar. Ýadaýançaň bol-da, haçan gaýdasyň gelse gaýdyber...

Barybir Ogulnäzigi öýünde uzak gezdirmediler. «Indiden soň

baran ýeriň bilen bolmaly borsuň gyzym» diýip, üç günden soň yzyna gaýtardylar.

Bir günem işe ugrajak bolup durka gartmaç kişi Ogulnäzige ýüzlenip:

— Güýjüň ýetse tamdyrda çörek gatyrjak bol. Özüňem gurjagyňy taşla, il-gün geň görer. Senden başga talabym ýok... — diýdi.

Şol günüň ertesi Ogulnäzigiň tamdyra elini ýetiribilmän, oda daglanan barmaklaryny agzyna sokup, aglap durşuny görüp, geçip barýan aýallaryň biri çöregini bişirip berdi. Çörekli kersenini göterip öýüne salyp berdi. Gitjek wagty: «Hamyryňy nädip etdiň?» diýip sorady. Ogulnäzik henizem hamsygyp durşuna: «Edip berdiler» diýdi. Şol gije gartmaç kişi oňa:

— Ýeri, bolýa-da, çörekli meseläni goýsana — diýdi. Ýarym sagatdanam gowrak içini hümledip, öňe-yza yranyp oturdy. Ýerine geçjek wagty şunça wagt bäri ilkinji gezek Ogulnäzigiň ýüzüne seretdi.
— Ikimizem kembagt ekenik...

Ogulnäzik barybir ol öýe öwrenişmedi. Eli sypynsa öýlerine gaçdy. Ejesiniň ýüregini suw etdi. Kakasyny dälilik hetdine ýetirdi.

Ahyram bir gün «adamsy» onuň elinden tutdy-da, oba sowet başlygynyň ýanyna alyp bardy.

— Şu gyzy meň adymdan boşadyň. Men şuň gaçyp-tezip ýörşüne dözemok. — Ol öz eli bilen Ogulnäzigiň başyndaky bürenjegini aýyrdy.
— Goý, halanyna barsyn. Bu çaga entek perişde ýaly päk...

Şeýdibem Ogulnäzik yzyna gaýdyp geldi.

Ýazboldy daýza gyzynyň «ýesirlikden» boşanyna begense-de, ozalam serhediň ýapylandygyndan bihabar, gyzyny nähak satanyna namys edip ýören Manzar aga muňa hasam erbet boldy.

— Öňki masgaraçylygymyň üstüne indi gyzy ärinden aýrylyp gelenem boldum — diýip, iki ýana urundy. Ogulnäzigi mekdebe-de goýbermedi. Aýaly:

— Ärinden aýrylyp gelen däl meň gyzym. Boý gyz. Ol gidişi ýaly geldi. Durmuş görmän geldi — diýse:

— Hä-ä... Ile düşündirersiň sen şeýdip. Il ynanar seň şol gürrüňiňe — diýip, öňküsindenem beter gyjyndy. Telim günläp öýüne gelmän gezdi. Nirede ýatymlyk iş bolsa şoňa gitdi. Köpçülikden gaçdy. Dagy alaç tapmasa hiç kime goşulman, bir çetde içini hümledip oturdy.

Şol aralykda-da gideli bäri ilkinji gezek Torly geldi. Heniz bolup Mämmetden nam-nyşan ýokdugyny eşidip gynandy.

— Başda ibermeli däl ekeniň — diýip, kakasyna igendi. Köp wagtlap gelip bilmändigi üçin ötünç sorady. — Ýöne, Ogulnäzigi welin beýtmeli däl ekeniňiz. Juda horlanan bolsaňyz maňa habar edäýmeli ekeniňiz.

Manzar aganyň: «Özüň habar tutaýmaly ekeniň-dä. Näme, bäri-bärde Morgala barmy? Ýa işigimde tanapyna towsup duran atym barmy, günübirin ýetjek ýerime ýeterim ýaly?» diýip, oglunyň ýüzüni alasy, käýinesi, gatyrganasy geldi. Emma onuň:

— Kaka, o ýeri näme-de bolsa, bu ýere görä gowulyk. Et-ýag bol. Her ýarym aýdan on bäş kilo un berýäler. Güýjüň ýetdiginden işlärsiň, jigilerime-de güýmenje tapylar — diýenini eşidip, o niýetinden dändi. Gaharyny ýuwutdy. Ýedi ýyl bäri gözden uçan iki ogluň hiç bolman birinden-birini bir günde-günaşa görüp durmak höwesi, has beterem, Ogulnäzik zerarly çekip ýören gussasy ony oglunyň bu teklibini iki aýtdyrman kabul etmäge mejbur etdi.

Ýazboldy daýza:

— Hiç bolman uluja ogluňy bir alyp gaýdaýmaly ekeniň. Sonkujaňam bolanyny eşitdik. Ikisinem göresim gelip ýüregim agzymdan çykyp barýar. Ýöne nädeýin, ara daş, barybilemok, uçara bolsa ganatym ýok — diýip hamsykdy.

Iki gün oba arasynda bolup, ýagşa-ýamana göründi-de, Torly ýene-de yzyna gitdi «Kaka, hökman bargynyň» diýip, yzly-yzyna sargady.

* * *

Şondan ylaýyk üç hepde geçenden soň Manzar aga çagalarynam alyp, sähelçe goş bilen Guşga tarap gidýän kerwene goşuldy.

Gitmezinden öň hoşlaşmak üçin başlygyň ýanyna bardy. Obadan öýkeläp ýa oba ýolbaşçylaryndan kine edip gitmeýändigini ýüreginden syzdyryp aýtdy. Ýagdaýyna belet bolansoň başlygam onuň kalbyny eläp durmady.

— Gözel göwnüň, Manzar. Heran-haçan dolanaryn diýseň öz obaň, ýoluň açyk.

Şol gije agyr gar ýagdy. Şatlama aýaz ýagty ýalançyny durşy bilen doňduryp taşlady.

Manzar aga kerwenbaşynyň rugsat bermegi bilen, boşlagrak düýeleriň biriniň üstüne öý goşlaryndan ýürek edip, Ogulnäzik bilen Börini şonuň içine mündürdi. Üstlerine galyň ýorgan atdy. Ýazboldy daýzany eşege mündürdi. Özem başga bir eşege mündi. Daş-töweregini

gurşap duran obadaşlarynyň ýüzüne seretmän, müýnli halda, ysgynsyz seslendi.

— Hoş galyň, adamlar!..

— Sag-aman baryň...

Kendir ýüpden edilen üzeňňisine aýagyny ildirjek bolup eşegiň üstünde başagaý bolup oturan Ýazboldy daýza-da sowukdan ýaňa galpyldaşyp duran aýallara tarap elini salgady.

— Ana, sag boluň, doganlar! Ýagşy-ýaman aýdyşan bolsak, görüşsek-görüşmesek yrza boluň!

Beýleki aýallardan öňürti goňşulary Jemal daýzanyň erkek adamyňky ýaly ýogyn sesi howada ýaňlandy.

— Sizem yrza boluň...

Jemal daýzanyň gözlerini süpürenini görüp, Ogulnäzik geň galdy. Çünki ony aýallar: Erkek adamlaryňam birenteginden edenli, mert aýal hasap edýärdiler. Öýüniň bar işinem äri däl-de, özi edýärmişin diýýärdiler. Bir gezek edil şular ýaly garly güni Jemal daýzanyň aýagy ädikli, bili ýüp bilen guşalgy, egnine bir külter arkan bilen odun çapylýan palta asyp düýekeş Allanazardan oduna gider ýaly düýe diläp baranyny, Allanazaryň «Äriň ýokmudy öýüňde?» diýen soragyna ýogyn sesi bilen: «Bolanda nä, pejiň başyndan galman ýatsa» diýenini, yzyndanam: «Bu heleý bu garda heläk bor, düýe-de dereksiz gider, diýip gorkma, men gelmesemem düýäň geler» diýip, pert-pert geplänini Ogulnäzigiň özem gördi. Ine, şolar ýaly mert aýalam gözüne ýaş aýlap dur.

Ogulnäzik bilen Böri ikisi ýeke-ýekeden, digdenekleşip, öýli-öýlerine dargaşýan aýallar, henizem özara hümürdeşip duran erkekler, güsürdeşip ondan-oňa toplaryny ýazman, göçüşip-gonuşyp ýören serçejikler, kem-kemden daşlaşyp barýan ululy-kiçili jaýlar, durluklarynyň sary gaçan garaja öýler, ýalaňaç baglar gözden ýitýänçä, mähriban obalaryny synlap, gözjagazlaryny jüýjerdişip, burunlaryny çym-gyzyl edişip oturdylar-da, birdenem, hababaýlaşyp ýorgany başlaryna çekdiler. Demleri bilen «ýorgangalany» mazaly ýylydansoňlaram meýmiräp, uka gitdiler.

Ogulnäzigiň düýşüne ýap-ýaňyja, ugrajak wagtlary, hiç kime bildirmän, boşap galan towuk keteklериniň burçunda gizläpjik goýan gurjagy girdi. Gurjajyk ýüplük oralýan naýçanyň bir tarapyndan ýasalan tes-tegelek ýüzüni tossardyp, toýtanaklap geldi-de, garantganyňka meňzeş, gerlip duran «goljagazlaryny» galgadyp: «Sen näme meni taşlap gaýtdyň?» diýdi. Özem ýöne-de diýmedi-de, gygyryp diýdi. Dogrudanam,

başga oba zor bilen äkidenlerinde-de, her gezek ol obadan öýlerine gaçyp gelende-de, her gezek ýene yzyna äkidenlerinde-de golundan goýmadyk gurjagyny bu gezek, tutuş öýleri bilen göçüp gaýdanlarynda nämüçin goýup gaýdandygyna Ogulnäzigiň özem düşünmedi. Belkem, basym gaýdyp gelmek üçin yrym edendir, belki-de, bu ýana gurjak oýnamak üçin däl-de, uly-kiçi bolup işlemek üçin, güzerany gowulandyrmak üçin barýandyklaryna, özüniň indi çagalykdan saýlanandygyna akly çatyp şeýdendir, ol belli däl, ýöne, gurjagynyň şol kineli sözlerinden soň, ýüreginiň gyýym-gyýym bolup gidendigi, şol yza çydaman ukudan oýanandygy welin çyn.

Onuň şol wagt ýel çaýan duman dek duw-dagyn bolup barýan düýşüniň içine kürsäp uraga-da, gözlerinden gaýyp barýan gurjagyny garbap alasy, bagryna basasy, «Gurjajygym! Gurjakbiketoýtanajygym!» diýip, ogşasy, üsti-başyny sypalaşdyrasy geldi. Çünki, ol hernä-de gurjagyny şeý diýip söýýärdi. Ogulnäzigiň öz gurjagynyňam, beýleki gyzlaryň gurjaklarynyňam hersiniň özbaşlaryna, birgiden dünýeleri bardy. Olaram edil şu, biziň görüp ýören adamlarymyz ýaly durmuşa-da çykýardylar, maşgala-da bolýardylar, önübem ösýärdiler. Edil adamçylykda bolşy ýaly, arasynda ýogalýanlaram bardy.

Durmuşa hernä, gurplurak gurjaklar çykýardylar. Has bezemen, has geýnüwli bolansoňlar, olara gelinlik beýlekilere görä has gowy gelişýärdi.

Göwşüllän eşikliräkler, hor-homsyraklar ýa gartaňrak görünýänler köplenç gaýyn ýa elti, gaty gitse baldyz bolýardylar.

Düzgun bolup galyşyna görä gyzlaryň her gezekki oýunlaram bir gurjagyň durmuşa çykmagy bilen başlanýardy. Beýleki gurjaklaryň barysy şol gurjagyň daşyna üýşýärdiler. Ýerli-ýerden sorag berip başlaýardylar.

— A gyz, adyň näme?

— Jümjümbike.

— Burnuň näme?

— Ýylgynsüýke.

— Gözüň näme?

— Çakgyň çüýi.

— Dişiň näme?

— Hünji diş.

— Gaşyň näme?

— Galam gaş.

— Saçyň näme?
— Sünbül tary.
— Aş içjekmi?
— Hany çemçäm?
— Işe gitjekmi?
— Ýaramok.
— Ýaramasaň ýarama, senden gelin bolmaz, tur, git!..
O «gelini» kowýarlar. Soň başga birini getirýärler.
— Adyň näme?
— Gurjakbike.
— Aş içjekmi?
— Agzym ýokmy?
— Işe gitjekmi?
— Elim ýokmy?
— Gowy gelin ekeniň. Ine, öý. Ýaşaber.
Başga hili sorag-jogap alşylýan pursatlaram bolýar.
— Gyýuw, gelin, adyň näme?
— Gurjakbike.
— Äriň kim?
— Sygyr çopany.
— Çopan bolsa taýagy bilen urmazmy?
— Ursa ursun, ärimdir-dä...
Ýa-da:
— Aýuw, gelin! Suwa gitjekmi?
— Näme gitmän.
— Birden ýolda küýzäň döwüläýse nätjek?
— Küýzedir-dä, döwülse döwüler ýörer-dä.
— Äriň urmazmy?
— Suw küýzesiniň suwda synýandygyny bilmedik ärdenem bir är bormy?

Käte Ogulnäzigiň ýeke oýnamaly bolýan pursatlaram bolýardy. Şonda ol gurjagyny eli bilen «joňk-joňk» etdirip, keçäniň üstünde iki ýana gatnadardy-da, «Gurjakbiketoýtanak» baradaky ululardan eşiden ertekisini janlandyrardy.

...Gurjakbiketoýtanak ýol bilen gidip barýar. Onuň öňünden egni taýakly çopan çykýar.

— Gurjakbiketoýtanak, aý, Gurjakbiketoýtanak, nirä barýaň?

Soraýanam, jogap berýänem Ogulnäzigiň özi.
— Äre degmäge barýan.
— Äre degseň maňa degäý.
— Gije ýatanyňda arka-boýnumy näme bilen sypalajak?
— Çopan taýagym bilen.
Gurjakbiketoýtanak geçiberýär. Öňünden bir söwdegär çykýar.
— Gurjakbiketoýtanak, aý, Gurjakbiketoýtanak nirä barýaň?
— Äre degmäge barýan.
— Äre degseň maňa degäý.
— Gije ýatanyňda arka-boýnumy näme bilen sypalajak?
— Ýüzi ýolbars suratly gyranlarym bilen.
Gurjakbiketoýtanak mundanam geçiberýär. Öňünden bir, sypaýy ýaş ýigit çykýar.
— Gurjakbiketoýtanak, aý, Gurjakbiketoýtanak, nirä barýaň?
— Äre degmäge barýan.
— Äre degseň maňa degäý.
— Gije ýatanyňda arka-boýnumy näme bilen sypalajak?
— Gulagymyň ýumşajyk ýeri bilen sypalajak.
Gurjakbiketoýtanak şol ýigide äre barýar. Erteki tamam bolýar.
...Aňňyrýan eşegiň aýgyr sesi Ogulnäzigi gurjaklaryň owadan dünýäsinden sogrup alyp, ýene-de, şu, aňzap duran sowuk dünýäniň içine dolap dykdy. Eşek sesini goýandan soň onuň gulagyna ýolagçylaryň hümürdisi eşidildi. Soň agşamky düşen garyň üstünden apaň-apaň basyp barýan düýeleriň dabanlarynyň astyndan «goýurt-goýurt» edip, birsydyrgyn eşidilýän mukama diň salyp oturdy. Bir ýerlerden torgaýyň jüýpüldisi eşidildi.
Gurjaklar baradaky ýatlamalar ýekeje pursatlykça aňynda täzeden ýylpyldap gidendenem şol, dymma, gartmaç kişi bilen «ýaşaşan» günleriniň ýaňky ýaly «gurjak oýunlaryna» diýseň meňzeşdigine geň galmakdan ýaňa Ogulnäzigiň gözleri tegelenip gitdi. Agzy açyldy. Özüniň şol günler haýsy dünýä düşendigine-de, ol ýere nämüçin eltilendigine-de, şu dünýä haýsy dünýeden dolanyp gelendigine-de ol indi düşündi. Öz-özünden utanyp ýygryldy. Dodagyny dişledi. Agyr ýorganyň labyry basmarlap, hopukdyrdy.
Ol ýorganyň burçuny bürändäkisi ýaly ýeňillik bilen serpäýjek boldy. Emma burçy bilen bilelikde ýorganyň ep-esli ýeri dim-dik bolup ýokary galdy. Böriniňem üsti açyldy. Ogulnäzik onuň üstüni örtmek üçin

ýarpy göwresini daş çykaryp, kiçijik elleri bilen çyr-çytyr dartanda, içi ýumşak düýe ýüňünden doldurylan galyň ýorgan gyrpaklap duran buz döwülendäkisi ýaly, «şatyrt-şatyrt» etdi. Galyp duran bölegi edil gazanyň gapagy dek, emaý bilen aşak indi.

Şondan soň Ogulnäzik töweregini synlap başlady.

Giden baýyrlyk. Dünýe-älem ak gara bürelgi. Uzyn şahaly çerkezleriň, çetidir-çakyşlaryň pürlerinden her biri sümek ýaly süýri-süýri buzlar sallanyşyp dur. Olaryň agyr ýüke döz gelibilmän, başlaryny ýere goýup, ýer sermäp ýatanlaraam bar. Bulutlaryň arasyndan käte bir jyklap goýberýän Günüň şöhlesi düşen wagty, buz süýümleri jöwher dek ýaldyrap gidýär-de, edil aýna ýaly Günüň şöhlesini şarta döwüp, Ogulnäzigiň gözjagazlaryna tarap gönükdirýär. Ol gamaşan gözlerini owkalaşdyrýar, ýer bilen asmanyň tapyşýan ýeri çal dumanyň içinde ýitip gidýändigi zerarly, açyk günler al-asmanda ýaly howalanyp görünýän belent daglar entek görnenok. Çapgyn şemalyň zaryn şuwwuldysy yzlaşýan syzalaryň gamgyn heňine goşulyp Ogulnäzigiň oý-hyýallaryny gadymýetemi, nämemi, bir ýerlere tarap alyp gidýär.

Aşakdan kimdir biriniň:

— Oba görünerden-ä geçdik. Sag-aman gidip otursak öýläne çenli «Meňli hanyň» guýusyna bararys — diýeni eşidildi.

Şondan soň hümürdi köpeldi. Düýeleriň biri çalarak yňrandy. Eşekleriň biri burnuny parryldatdy. Kerwenbaşyňky bolsa gerek, ö-öňräkden barýanlaryň arasyndan:

— A-anha, towşan gaçdy. Haý, peläket!.. — diýen ses eşidildi.

Ogulnäzik towşany görmek üçin, ýene-de göwresini ýorgandan çykardy. Boýnuny süýndürdi. Emma görüp bilmedi. Kerweniň gapdaly bilen gybyrdyklaşyp barýan eşeklileriň arasyndan kakasydyr ejesini gözledi. Birbada ejesi görünmedi. Kakasynyň horja eşegiň üstünde uly göwresini kiçeldip ýygrylyp oturyşyny görende oňa nebsi agyrdy. Bokurdagy doldy. Ejesini görmek üçin gobsunanda ýorgan ýene-de şatyrdady. Şol şatyrda Börem oýandy. Gözlerini owkalaşdyrdy. Dik-asmana, daş-töweregine seredip:

— Bäýipbä-ä-ä... — diýdi. Edil, Ogulnäzigiň edişi ýaly o-da boýunjagazyny süýndürip ejesi bilen kakasyny gözledi. Olaryň sag-aman yrgyldap barýandyklaryny görüp begendi. Uludan demini alyp Ogulnäzige seretdi. Ogulnäzik bolsa bu wagt bu uly garyň haçan ýaganlygyna geň galýan ýaly hininiň agzynda joňkarypjyk daş-töweregine ýalt-ýult edip

oturan alakany uly gyzyklanma bilen synlaýardy.

* * *

...Şol gün günuzyn ýol ýöräp, agşamaralar dagyň başlanýan ýerindäki «Teke gümmezli» diýen ýere ýetip ýük ýazdyrdylar. Ol ýerde her ýyl owlak-guzy döwürleri ulanylýan, galan wagtlary boş ýatan, äpişgeleri, gapylary haňlap ýatan, bäş-üç sany kiçijik-kiçijik jaýjagazlar bardy. Ýöne suwy ajydy. Içme bolmaýardy. Diňe mallary suwarmak bolýardy. Ýolagçylaryň öz ýanlary bilen nämüçin çelekli suw alyp gaýdandyklaryna-da Ogulnäzik şu ýerde düşünip galdy.

Manzar aga çagalaryny jaýlaryň birine saldy. Içinde ot ýakdy. Çaý berdi. Çörek iýdirdi. Özem az-owlak garbandy. Çagalary pallaşyp ugrandanam, jaýdan çykdy-da, ýalazy meýdanda, ody giňden gallap, a-arkaýyn warsaky uruşyp oturan ýolagçylaryň ýanyna bardy.

Ajy tüsseden dolan jaýyň işiksiz gapysyndan oduň başyndakylary synlap ýatyşyna Ogulnäzik kakasyndan beýlekileriň eginbaşlarynyň guratdygyna göz ýetirdi. Hemmesiniňem eginleri galyň possunly. Aýaklarynda gat-gat edip oralan ýüň dolak, burunlary jaýtarylyşyp duran, seçekli çokaý. Hemişe ýaban ýatyp ýören adamlar bolansoňlar, bu aldajy ýaly aýaz, ýalazy meýdan piňlerine-de däl. Gaýtam derçireşip, çaý süzüşip otyrlar. Gyzykly-gyzykly gürrüňler aýdyşýarlar. Arasynda degişýärler, «hahahaýlaşyp» gülüşýärler. Olaryň geň-enaýy gürrüňlerini diňlemek üçin, Ogulnäzik uklamazlyga jan edýär.

Birdenem olaryň gürrüňi baýlyga, bagta, her kim bolsaňam göwnüňi pes tutmaklyk baradaky pelsepä syrykdy-da, ýaşynyň durugşandygyna garamazdan, ýüzi hyştym-gyzyl, göwresi guýlan kenek ýaly dyp-dykyz, gürlände sesi küýzeden çykýan ýaly «hüň-hüň» edip duran kerwenbaşy edilip oturylan söhbetiň süňňüne laýyk gelýän täsin bir rowaýata başlady.

Kerwenbaşynyň şol rowaýatda beýan edişine görä, gadym zamanlarda, ýagny, Süleýman pygamberiň patyşalyk eden döwürlerinde Akyl, Ylym, Bagt, Pakyr dördüsi öz aralarynda jedel edipdirler. Jedel olaryň haýsynyň adamzada has gerekliräkdigi, haýsynyň has belentdigi barada gidipdir. Ahyram çözlüşip bilmän, Süleýman pygamberiň huzuryna barypdyrlar. Süleýman pygamber arzymanlaryň arzyny diňläpdir-de, tylla tagtyň üstündäki kümüş kürsüsine geçip oturypdyr.

— Hany aýt, sen nämüçin özüňi bulara görä-de adam ogluna has gerekliräk hasaplaýaň? — diýip, Akyla ýüzlenipdir.

— Menmi? — diýip, Akyl özüne şeýle soragyň berilendigi üçin kemsinýän ýaly ýüzüni-gözüni gamaşdyrypdyr. — Haýsy birini aýdyp çykaýyn men oň? Dogrusyny diýsem, adamzat mensiz...

Süleýman pygamber oňa sözüni soňlamaga maý bermändir.

— Ýeri, bolýa. Hany, indi aýt, sen özüňde aýp bardyr öýdýäňmi?

Akyl öňküsindenem beter ynjapdyr. Ýakasyny tutup:

— Mende-e?.. Aýp?.. — diýende sesi juda inçejik çykypdyr. Şeýle-de bolsa, syr bildirmezlige çalşypdyr.

— Hezreti Süleýman! Men Akyl. Hiý, mende-de bir aýp bormy?

Süleýman pygamber onuň bolşuny görüp çalaja gülümsiräpdir-de, Ylymdan sorapdyr.

— Sen nämüçin özüňi bulardan beýik saýýaň?

— Men Ylym. Adamzat üçin menden belent zat bolmaz. Adam ylym bilen islendik zadyň hötdesinden gelip biler. Ylymsyz onuň oňaran zady bolmaz.

Süleýman pygamber sakgalyny sypalap, gözlerini süzüpdir.

— Aýbyň barmydyr?

— Mende aýp bolmaz.

Süleýman pygamber kürsüsinden düşüp, Bagtyň ýanyna barypdyr.

— Öz beýikligiňi sen nädip düşündirjek? Bagtyň şol wagt: «Sizem diňe meniň arkamdan şa bolup otyrsyňyz. Pikir edip görüň, bu ýurtda siz ýaly, belki, sizden-de kän-kän akylly, ylymly adamlaryň gör, nijembir müňüsi bardyr. Emma bagtsyzlyklary zerarly olaryň köpüsine şalyg-a däl, hatda her günde doýa garyn iýmekligem ýetdirýän däldir» diýesi gelipdir. Emma pygamber patyşany akylsyzlykda aýplamakdan gorkupdyr. Şonuň üçinem:

— Men hemmä gerek. Uly-kiçi, şah-u-geda, barsy meniň arzuwymda. Men kimde bolsam şonuň döwleti artýa, gum diýip garbany gyzyl bolýa, ugran ugry şow alýa. Sebäbi ol bagtly — diýmek bilen çäklenipdir.

Süleýman pygamber ellerini arkasyna tutup, arz jaýynyň içinde iki ýana gezmeläp ýörşüne:

— Aýbyn barmydyr? — diýip sorapdyr.

— Hezreti Süleýman! Men Bagt! Hiý, bagtyňam bir aýby bormy?

Süleýman pygamber Pakyryň alkymyna dykylypdyr.

— Pakyr! Senem bularyň jedeline goşulypsyň. Adam üçin men hemmäňizdenem gerekliräkdirin diýipsiň. Sen muny näme bilen subut

edip biljek?

— Elbetde, bularyň diýýänem dogry... — diýip, Pakyr gollaryny gowşuryp durşuna ýumşaklyk bilen söze başlapdyr. — Akylsyz, Ylymsyz, Bagtsyz adam hiç zatdyr. Ýöne, kalbyňda pakyrlyk bolmasa, ol şo zatlary ynsanyň haýry üçin ulanyp bilmez..

— Ýagşy! Hany aýt, aýbyň barmy, ýok?!

— Bardyr, siziň aly jenabyňyz. Depämden tä dabanyma çenli aýpdyr.

Süleýman pygamber ýerine geçip oturypdyr.

— Akyl! Sen aýbym ýok diýdiň. Emma adamyň gahary joşan wagty sen öz ornuňy gahara berýäň. Eýsem bu aýp dälmidir?

Ylym! Senem aýbym ýok diýdiň. Emma bil, ylymly adam tekepbir bolýandyr. Temegini ýokary tutýandyr! Ine, şo-da seniň uly aýbyňdyr.

Bagt! Senem özüňi aýpsyz saýdyň. Onda nämüçin sen diňe baýlarda, han-beglerde ýa şalarda bolýaň? Nämüçin derwüşlerde, garyplarda bolaňok? Seniň bagtly eden adamlaryň bolsa ony tersine ulanýarlar. Bu bolsa seniň üçin ullakan aýpdyr.

Süleýman pygamber ýene-de ýerinden turupdyr. Kümüş kürsüsinden düşüpdir-de, agras ädimler bilen Pakyryň ýanyna gelipdir. Elini egnine goýupdyr.

— Adam ogluna öňi bilen ine, şu gerek, Pakyrlyk gerek. Galanyňyz soň. Göwnünde pakyrlyk bar adam akylly bolsa, aklyny gahar-gazaba aldyrmaz, ylymly bolsa temegini ýokary tutmaz, tekepbirlik etmez, bagtly bolsa bagtyny ýurtbasarlyk üçin, ejizeganymlyk üçin ulanmaz. Dünýede iň belent zat — pakyrlykdyr...

...Kerwenbaşy gürrüňini tamamlandan soň, ýolagçylar: «Al-aýt, aýdylmadyk zat ýog-ow...» diýşip gerinjireşdiler. Ikiden-ýekeden aýak ýoluna gidip geldiler-de, ýatmak bilen boldular. Kimsi oýluga girdi, kimsi çöwürmesini çümreräk geýip, possuna çolandy. «Sen egniň ýuka, sen jaýa gir-de, çagajyklaryň ýanyndajyk ýatyber, o ýeri nemeräkdir muňa görä» diýenlerine bakman, olaryň artan-süýşenjelerini üstüne atynyp, Manzar aga-da şol ýerde ýatdy.

Hemişe, onda-munda, gürrüňden-gürrüň çykanda kakasynyň adyny «pakyr», «pukara» diýip tutsalar gaty görüp ýören Ogulnäzik ýaňky rowaýatdan soň, kakasynyň pukaradygyna begendi. Guwandy. Kakasyna şeý diýýän adamlaryň Pakyry iň belent derejede goýýan şu rowaýaty eşidendikleri ýa eşitmändikleri barada oýlandy. Eşitmedik bolsalar

eşitmeklerini isledi.

Ýolagçylar ýatjak wagtlary, egri-bugry bolup duran uzyn agajyň bir ujyny oda degrip ýatdylar. Ol uzynly gije öçmän, ýylpyldady durdy. Kädaýym biri turup ony eýläk-beýläk agdardy, ýanan tarapyny ýere basyp owratdy. Ýanmadyk ýerini ýene-de közüň üstune süýşürdi. Köwsarlap duran şemal bolsa ony şobada tutaşdyrdy.

Şol odun ýatanlary birsyhly ýylydyp durandygyndan bihabar Ogulnäzik olar muny möjekden gorkup şeýdýändirler öýtdi. Çünki ululardan eşidişine görä, möjek otdan gorkýarmyşyn. Bir gezek çöldemi, dagdamy, bir ýerde ýeke galan ýolagçynyň üstüne möjekleriň tutuş ordasy çozanmyşyn. Şonda ol tä daň atýança daş-töweregini ot bilen gallap, möjeklerden goranypmyşyn. Dişlerini «şak-şak» etdirip, golaýyna geliberdiklerem ýanyp duran otly kesindini alyp üstlerine topulýarmyşyn. Bir bada dyr-pytrak bolýan möjekler ot peseňläberdigi ýene-de ýolagçynyň üstüne üstüne sürünýärmişinler. Hälem onuň bagtyna daň atýança oduny tükenmändir. Oduny tükendigi işiniň gaýtdygy ekeni.

Möjekler diňe, daň atyp Gün dogandan soň daganmyşynlar. Gidenlerinde-de syrtlaryny ýere süýkeşip götinleý-götinleý, tumşuklaryny dik ýokary tutup, uwlaý-uwlaý gidenmişinler.

Ot güýjerlän wagty has aýdyň, körän wagty gara dumanyň içinde sudur bolup görünýän kakasynyň ýalangat dolagyň üstünden geýen köneje çokaýyny, essi giden çäkmenini, uzynly gün aýaza gerňelip, gök dalak bolan tegelek, gyrçuw sakgally, çekgeleri çykyşyp duran süňklek ýüzüni, agajetli göwresini synlap ýatyşyna, Ogulnäzik gijäniň geçeninem, zulmatyň agaranynam duýman galdy. Onuň şol wagt turup baraga-da, kakasynyň üstüni galyň bir zat bilen basyrasy geldi.

Öýüň ortarasynda, kakasynyň ýakyp giden odunyň üstündäki içi köwek garry töňňe bolsa edil öň ölçäp goýulan ýaly ýalançynyň ýagtylmagy bilen doly ýanyp gutardy.

Daşardaky oduň başynda ýatanlar «öhhä-de-öhhä» bolşup, örüşip ugranlaryndanam Ogulnäzigiň gözleri ýumuldy.

* * *

Manzar aga ysytma tutýan ýaly galdyrap, «hababaýlap» oýandy.

— Endam-janym owranyp barýa, gapyrgalarym gysýa — diýip, zeýrendi. Bir üşütdi, bir gyzdyrdy. Öýe salyp täzeden ot ýaksalaram, üstüni basyryp, gyzgynjak, ajy çaý içirselerem peýda etmedi. Kimdir biri

çakgysynyň ujuna mündürip bugdaý ýaly tirýek uzatdy. Emma Manzar aga oňa tarap nazarynam aýlamady. Çaýa ezip bildirmän içirjek bolsalaram etmedi. Gaýtam aňyp gaty gördi. Şondan soň birazajyk ymyzganan ýalam etdi-de, gaýtam beterläp oýandy. Samrady. Mämmediň, Torlynyň adyny tutup bir zatlar diýdi. Börini ýanyna çagyrdy. Ogulnäzigi sorady. Aýalyny gözledi. Soň ýene-de uka gitdi.

Bu zatlaryň üstesine soň, görüp otursalar, öten agşamky aňzakda, sowuga çydaman onuň eşejigem öläýen ekeni. Çakyr aýaz hor janawaryň bagryndan parran geçäge-de, doňduryp taşlaýan ekeni. Ogulnäzik bilen Böri ikisi baryp görseler, hakykatdanam, saraňgaty bolup ýatyr. Çalaja ýylgyrýan ýaly dodaklary syrtaryp dur. Gözleri süzülgi.

Ýazboldy daýza-ha barmadam, görmedem.

— Tüýs, «durnaň üstüne urna» diýenleri boldy. Tüýs, «doga maňlaýygara bolanyňdan ýylda iki gezek ýagy çapsyn» diýenleri boldy — diýip, äriniň başujunda aglady oturdy.

Kakasynyň bolup ýatyşyna, eşejikleriniň gözgyny halyna gynanyp, bokurdaklary dolup duran çagalaram dolanyp gelenlerinden ejeleriniň aglap oturanyny gördüler-de, uly illeri bilen möňňürişmäge başladylar. Ýerli-ýerden höre-köşe edip olary zordan köşeşdirdiler. Kerwenbaşy:

— Goý, Ýazboldy, sen bir goý! Sen uly adam ahyry — diýeninden soň, Ýazboldy daýza sesini goýdy.

Ejeleri goýansoň çagalaram goýdular.

Ýolagçylar üýşdüler-de: Birneme aýňalýança Manzar agany bu ýerden gozgamaly däl diýen karara geldiler. Syrkawyň ýanynda iki adam galmaly. Galan ýolagçylar ýoly dowam etdirmeli. Manzar aganyň çagalaryny alyp gitmeli.

Gelen netijelerini Ýazboldy daýza-da aýtdylar.

Ol razylaşdy.

Çagalara-da ýagdaýy düşündirdiler. Goşlaryny ýükleşip, ýerli-ýerlerinde ýerleşdirdiler. Her näçe çydajak bolsalaram, kerwen ýola düşüberenden, Böri bilen Ogulnäzik ikisem «ýüregiň» içinden zöwwe galdylar-da, kakalarynyň ýatan jaýyna tarap ellerini serip, yzlaşmaga başladylar.

— Kakam galdy-a-aý, kakam galdy-aý!.. Kakam nämüçin galdy-aý?!

— Kaka-a-aý, sen nämüçin galdyň-aý?!.

Ýene-de aşakdan ellerini galgadyşyp, düşündirmäge başladylar. Çagalar diňe ejeleri alkymlaryna gelip:

— Goýuň sesiňizi! Kakaňyz barýa yzymyzdan dem-dynç alyp. Bu durşuna äkidip, nä siz ony öldürjekmi?!. — diýeninden soň aglamalaryny goýdular. Aşak çökdüler. Eýýäm haçan ýüzi gyrpaklamaga ýetişen ýorgany «şytyrt-şytyrt» etdirip üstlerine çekdiler.

Şol wagt Manzar aganyň ýanynda galýanlaryň biri ylgaşlap kerwenbaşynyň ýanyna bardy. Haş-haş edip:

— Ýaşuly, birden bir bolmaz iş bolaýsa nätsekkäk? Ýanymyzda pil-silem-ä ýok... — diýdi. — Ýerem doň. Üstesine-de dag ýeri... özüň bilýäň...

Onuň gaýa-gopuz ýok ýerden muşakgat baryny ýagdyryp durşuna kerwenbaşynyň gahary geldi. Ol:

— Piliň bolanda nä... — diýip, gözlerini alartdy-da, soňam bir zat ýadyna düşen ýaly böwrüni diňledi. Ýuwaşja gürledi. — Hiç zadam bolmaz. Birden bolaýsa-da biriň ýanynda galyň-da, beýlekiň golaýdaky guýulara habar bermäge gidiň. Gulaklaryna degiribilseňiz ýygnarlar...

Olaryň bu gürrüňlerini Bathyzyň gatbar-gatbar gaýaly, pisse agaçlaryna bürenip oturan gojaman daglary eşiden bolaýmasa, özlerinden başga eşiden adam bolmady.

Ep-esli arany açansoňlar öňde uly oý göründi. Ýolagçylaryň: «Duz oýlan...», «Ýer oýlan duz...», «Ýomut gyrlan...» diýişýän sözleri üzlem-saplam Oguln äzigiň gulagyna gelip başlady. Oýa inensoňlar kerwen durdy. Ýolagçylar ulaglardan düşüp aýat okadylar. Soň ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler. Her ýerde, her ýerde çaşyşyp ýatan adam süňklerine, ujy saçbagly, örümleri saç ýüzüli örüm-örüm saçlara gözi düşenden Ogulnäzigiň ini jigläp gitdi. Ol şol, ady dile düşen oýa, mundan on ýyla golaý öň birgiden ýolagçynyň bilelikde gyrylan oýuna gelendiklerine göz ýetirdi. Ol bu hakda ululardan kän eşidipdi.

Aýdyşlaryna görä, bu oý — Bathyzyň üsti bilen Eýrana geçip barýan ýomut türkmenleriniň hökümet tarapyndan gyrylan ýeri bolmaly. Geçegçiler şonda: «Bize degmäň, biz geçip barýas, ýurdumyzy taşlap göçüp barýas, aramyzda oglan-uşak, aýal-ebtat bar» diýip ýalbarypdyrlar. Aman diläpdirler. Emma şonda-da olaryň iki tarapynam gabap oka tutupdyrlar. Geçegçileriň ýaraglylary näläç gaýtawul bermeli bolupdyrlar. Gaýduwsyzlyk bilen söweşipdirler. Özlerini oka berip, naçarlaryny, garry-gurtylaryny, çaga-çugalaryny aňryk geçirjek bolupdyrlar. Bu ýagdaýy aňan gyzyl goşun olary samolýotly pulemýotyň okuna tutupdyr. Tä, tükenýänçäler gyrypdyrlar, gazana düşen gowurga ýaly, oýuň içinde

iki ýana çyrpynýan bosgunçylaryň ahy-nalalary asmana göterilipdir Negözel gyzlar, natuwan gelinler, nowjuwan ýigitler gum garbapdyrlar. Telim gün geçensoňam şu oýdan iňňildi, çaga sesleri eşidilip durupdyr. Gan bilen gatap galan enelerini emjek bolup, sowuk kesege dönen emmelerini sora-sora, ahyrsoňy özlerem ajyndan ölüp galan çagalaryň jesetlerini gözleri bilen görenlerem bar. Bir aýalyň ölendensoňam süýdi kesilmändir, tä üstünden baryp alyp gaýdýançalar çagajygy ony emip ýörüpdir diýen gürrüňem bar il arasynda.

Ogulnäzik şol gürrüňi her gezek eşidende, gorkunç erteki diňlän ýaly, köp wagtlap özüne gelibilmän gezerdi. Ony esasanam şol geçegçileriň içinde gollary gurjaklyja gyzjagazlaryňam bar ekendigi gynandyrýardy. Çünki, esli mahal geçensoňam ýeneki zatlar bilen bir hatarda şol ýerden kän-kän gurjaklaram tapylyp durupdyr.

Ine-de, ol şo pajygaly wakanyň bolan ýerini öz gözi bilen synlap barýar. Ol üsti gyzyl baýdakly, ýönekeýje bolsa-da pagsadan salynan ak mekdebiň içinde okap öwrenişi boýunça beýik Lenin tarapyndan bina edilen hökümetiň, Stalin ýaly parasatly serdaryň ýolbaşçylygy astynda ajaýyp ýeňişlere tarap barýan hökümetiň — azarsyz, bizarsyz geçip barýan birtopar bigünä adamlary, agyr türkmen göçüni şeýle birehimlik bilen gyrandygyna hiç ynanyp bilmeýärdi.

Dogry, mekdepde baýlar barada-da, basmaçylar barada-da, olaryň zalymlyklary, oba aktiwlerini, mugallymlary, kolhoza girenleri gynap öldürendikleri barada-da kän-kän gürrüňler eşidilýärdi. Okuwçylarda olara garşy ýigrenjem döredilýärdi. Ýöne, läşden ýaňa leýs bolup ýatan bu meýdan Ogulnäzigiň aňyny bulaşdyrdy. Iki oduň arasynda goýdy. Kim-kim bolanda-da bular ýaly harapçylygy onuň ýaş ýüregi kabul etmedi. Onda-da aman diläp, uruşsyz-sögüşsiz geçip barýan adamlary beýtmek... Üstesine olaryň içinde eli gurjaklyja gyzjagazlaram bar eken-ä... Onuň şol geçegçileri gyrmaklyga buýruk beren adamy tapaga-da, Süleýman pygamberiň gaşyna eltesi, olaryň nämüçin beýle zalymlyga baş goşandyklaryny bilesi geldi. «Hökümeti guran adamlar kelleli adamlarmyşyn diýýärler. Diýmek, ylymly, akylly adamlar bolup, şular ýaly işler edýän bolsalar... Onda... diýmek... äh-ä-ä... Olaryň kalbynda pakyrlyk ýok bolmaly. Ine, olaryň birem kakamça ýok».

Kakasy ýadyna düşenden Ogulnäzigiň bokurdagy doldy. Kakasynyň galanynamy ýa henizem «Ýomut gyrlanyň» täsirinden çykyp bilmänmi, bir görse, Börem gözüne ýaş aýlap otyr. Nämüçindir indi ýolagçylardanam

ses-üýn çykanok. Boýunlaryny sallaşyp, dymyşyp barýarlar. Asyl şol gün, günuzynam olaryň gürleşip ugurlary bolmady.

* * *

Kerwen bu gije «Saryk gümmezli» diýen guýa baryp düşledi.

Şol ýerde Manzar aganyň obadaşlaryndan biri bar ekeni. Ol Ýazboldy daýzany tanap, çagalary bilen bilelikde öýüne äkitdi. Çaýyň gapdaly bilen saçak doly nan, bir piti gowurdak goýdy. Tabada etli nanam bişirip berdi. Köpden bäri doýa garyn iýmän ýören çagalar mazaly garynlaryny ýazdylar. Öý eýesi daň atdygy Manzar aga dagynyň yzyndan «Teke gümmezlä» gitjekdigini, aňyrujy ýagdaý bolsa alyp geljekdigini aýdyp, irgözinden ýatdy.

Gün guşluga galyberende-de:

— Bular-a öňümden çykaýdylar — diýip, Manzar aga dagy bilen dolanyp geldi.

Kakalarynyň düýnkä görä kän gowulaşandygyny görüp, çagalar begendiler. Ol indi düýnkisi ýaly galpyldap oturanok. Äňem şakyrdanok. Samranogam. Ýöne az-kem üsgürýär. «Ysgynym ýok» diýýär. Gübürdäp duran ojagyň başynda hezil edip, burçluja unaş içensoň welin mazaly özüni dürsedi. Burçak-burçak der bilen derdi-belalaryň barysy çykyp giden ýaly boldy.

Ugrajak wagtlary ýene-de gar syrap başlady.

Gündogardan öwüsýän çapgyn şemal torgaýlap ýagýan gary güýçli syrgyna öwürdi.

— Gurbany gitdigim, edil bilgeşleýin edýän ýaly — diýip, Manzar aga nägile seslendi.

* * *

Gepiň gysgasy ýagşy. Olar şol gidip oturyşlaryna ýene-de iki gije ýatyp, öýden çykanlaryna bäş gün diýlende Torlynyň çopançylyk edýän sowhozyna — Morgala bardylar.

Torly bilen aýaly Äşe ikisi bularyň öňlerinden çykyp garşyladylar. Tutaklap öýlerine saldylar. Ýazboldy daýza Torlynyň ýedi ýaşlaryndaky ogly Akmyrady, üç ýaşlyja ogly Döwleti bagryna basyp ogşady.

— Wah, balamyň balalary! Didaryňyzy görmege zar boldum...

Ertesi irden kerwen Manzar aga bilen hoşlaşyp aňyrlygyna — Guşga tarap gitdi.

Agasynyň «jaýyny» görenden Ogulnäzigiň ýüregi gysyp başlady. Çünki, ol jaý diýip — jaýam däldi. Adam boýy çukur gazylyp, üstüne çöp atylan ýerkümedi. Iki sany gara öý bar diýäýmeseň asyl guýynyň başyndaky ähli jaýlaram şolar ýalydy. Bu ýagdaýy Torlynyň özi:

— Aý, biz o guýudan — bu guýa göçüp-gonup ýörmeli bolýas. Şonuň üçin ymykly jaýam edibilemzok — diýip düşündirdi.

Onuň ýerkümesinde hemmesine bilelikde ýatara-ha däl, arkaýyn oturara-da ýer tapylmady. Ýatjak wagtlary Torly bilen Manzar aganyň özem biriniňkä gidip ýatmaly boldular. Manzar aganyň «Torly bize bir baranymyzdan başymyzy sokar ýaly sümelgejik edip goýandyr» diýip, ýolboýy edip gelýän tamasy çykmady. Şonda-da onuň özünde müýn duýman «wala-wala» edip oturyşyny görüp, ogluny birhili göçmeräk, başarmajak işini diline çolap ýören parlaňküşräk saýdy. Onuň öýünde özüni diýseň biserişgen duýdy. Ogluna bu häsiýetiň nireden geçendigini biljek bolup kösendi. Aňyny agtardy. Hakydasyny dördi. «Çagaňam bolsa tanap bolanok-da, ýa soň üýtgäberýälermi, nämemi...» diýip içini gepletdi. Demini uludan aldy. «Aý, ýok, bar bolubilşidir şü, muň. Asyl, Mämmet jan «üýtgemez» diýende, tenine ot degirilen ýaly endam-jany lowlap gitdi. Owgan serhedine golaý gelensoň birhili ýüregi, ýiten oglunyň ýylysyny duýan ýaly, ol hä diýmen bir ýerden çykaýjak ýaly boldy durdy. Şol ogul hakykatdanam diri bolup, ençeme ýyl bäri göwnünde gubar baglap ýatan gümanyň kalbyndan müdimilik ýok bolup giderini Alladan diledi. Şu ýerde birneme gurplanybilse ebeteýini tapyp Owganystana aşmagy, Käbiliň köçelerini, Hyradyň mähellelerini torç edip ogluny tapmaklygy ýüregine düwdi. Şular ýaly maslahaty ogul bolup, aga bolup ozaldan-ahyrda, ýalandan-çyndan agzamandygy üçin Torlydan kine etdi.

Şol günüň ertesi eýýäm onuň barja umydy puç boldy. Paltasy daşa degdi. Iş sorap müdiriň ýanyna barsa, ol ýüzüni küsserdip:

— Bu ýeri serhet ýakasy, ýaşuly. Propiskasyz işe almak bolanok — diýdi.

Manzar aga duran ýerinden aşak çökdi-de, serpmeden gaýdyp seňselän ýaly, esli mahal ýeňsesini tutup oturdy. Näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Ýoluň beren azabyndanam beter, özüne adam hökmünde, daýhan hökmünde garalmaýandygy üçin, adamçylyk hatyrasynyň, ynsanlyk mertebesiniň el ýaly möhürli kagyzça görülmeýändigi üçin kemsindi. Kiçeldi. «Gel-gel, indi gara zähmetem şeýdip ýalbaryp almaly

bolsa bilmedim-dä» diýip başyny ýaýkady, hyrçyny dişledi.

Işlesem bolýa-da näme. Zähmet çeksem bolýa-da näme, ogurlyk edemog-a men — diýip, edil çaga ýaly özelendi. Emma peýdasy degmedi.

Sowhozyň direktoryna, mal dogtoryna çenli ýalbaryp çykdy. Bolmady. Haýsynyň ýanyna barsa-da:

— Düzgün şeýle, agam. Indi öňki-öňkülik ýok. Bu hökümet gaty berk hökümet bi — diýşip, şol bir diýenlerini gaýtaladylar durdular.

— Berk bolsa duşman üçin berk bolmal-a... Men muň öz adam-a... Men iş soraýan-a... Zähmet çekjek diýýän-ä...

— Bolanok, ýaşuly. Ýokardan görkezme bar.

Torlynyň maslahaty bilen ol Guşga-da gitdi. Ol ýerde-de oňa şolar ýalyrak jogap berdiler.

— Git-de gaýdan ýeriňden uçýotdan çykyp gel. Milisgeler propiska etseler işe alarys. Näme alman. Iş kän bizde.

— Ozalam itiň görüminde geldim, çül-çaga bilen. Hiç bolmanda ýaz çykýança bir iş beriň, soň gidip çykyp geläýerin, uşşotdan.

— Öňürti çykyp gelmeseň bolanok, ýaşuly. Ýaşyl pagonlylar günde-günaşa barlap durlar.

Manzar aganyň: «Sary baýa propiska-da soranokdy... uşşodam» diýesi geldi. Emma çekindi. Şeýdibem yzyna gaýtdy. Gelip Torla käýindi.

— Bular ýaly ýagdaý bolsa öňünden aýdaýmaly ekeniň-ä...

— Näbileýin-dä, kaka, beýdip ýer depip durjaklaryny. Ýadyma-da düşmändir meňňä şu zatlar.

Kakasy üçin, o ýere-bu ýere ýüz tutup barmaga welin Torlynyň gaýraty çatmady. Onsoňam näme, baraýanda-da oňa-da şol bir diýenlerini diýerler-dä... Oňa Manzar agada düşünmän duranok. Ol öý eýeleri öýde ýok wagtlary oglunyň emelsizliginden zeýrenip oturan aýalyna-da şeý diýdi.

— Nätsin-dä o görgüli. Aňyrsy baý atadan, han gyzyndan bolmasa, dogup-döräli bäri gara zähmetden başga zady bilmese. O bir pukaraçylyk bilen ýaşlygyndan ýüregi çakylan, öýkenininiň essi giden çaga. Aýda bir goýun bilen otuz kile un berilýänini bilipdir, şoňa-da şu ýeri dünýäde iň bir elpe-şelpelik ýerdir öýdüpdir, bizem hiç zady seljerip-seçmän muň şo gepi bilen göçüp gaýdypdyrys, wessalam! Ine-de, düşen günümiz...

Häliden bäri söýerleriniň ýüzüne çiňňeri-le-çiňňeri-le gürrüňiň näme hakda barýandygyny ýaňy aňan Ogulnäzik kakasy sözüni soňlap-soňlamanka dyzjagazlaryna galdy-da, agzyny ejesiniň gulagyna

goýlaýlatdy.

— Bir goýun beriň, bir goýun. Bir goýun berseňiz düzederler...

Ýazboldy daýza usullyk bilen gyzynyň budundan burdy.

— Otur, gömül-de! Senden zat soralanok.

Ejesiniň gözlerini ýygy-ýygydan ýumjukladyşyndan, Ogulnäzik ýakymsyz bir zat aýdandygyny syzdy. Bir düýrmek bolup barmajygyny dişledi.

Aşaklyk bilen kakasyna seretdi. Onuň «titir-titir» edip ugranyny görendenem ýeňjagazlary bilen ýüzüni ýapdy. Süýşenekläp baryp ejesine gysyldy.

Ýüzi ak esgä dönen Manzar aga başyny aşak salyp, öýden çykdy.

* * *

Ol barybir ýene-de oglunyň gepine gitdi.

— Bolmasa häzirlikçe meň ýanymda gymyldabersene. Işläp ýöreniňi görseler göz-görtele hakyňy köýdüresleri ýok-la — diýenlerine gulak asyp, Torla goýun bakyşdy. Guýudan suw çekişdi. Aýalyny, çagalarynam işletdi. Olaryň biri «zalýatyrlara» seretse, biri goýun ýatagyny arassalady. Gotur açan geçileriň endamyna krelin çaldy. Agylyň bozulan ýerini düzedişdirdi. Şol zatlaryň daşyndan Böri Torlynyň eşegine münüp odun daşasa, Ogulnäzik gelnejesiniň öý-işlerine kömekleşdi. Döwletjigi göterişdi. Soňabaka oňa edil, bir mahallar gurjagyna öwrenişi ýaly öwrenişdi. Asyl, elinden goýasy gelmedi. Çaga-da muňa öwrenişdi. Ejesiniň öňünde otyrka-da ellerini serip Ogulnäzige tarap owsunyberdi. Ýeke bir Döwletjik däl Akmyradam bulara öwrenişdi. Käte Böri bilen oduna gitse, käte Ogulnäzige tamdyr towulyk çör syryşdy. «Ene, ene» diýip, girse-çyksa Ýazboldy daýzanyň bir synyny elinden goýbermedi.

...Düýn-öňňünki başyndan geçiren agyr günlerinden soň, bu, giň meýdanda ýazylyp-ýaýramak, ulular bilen ir turup giç ýatmak, Ogulnäzige üýtgeşik lezzet berdi. Eliniň boşrak wagtlary ol alyslarda galan mähriban obasyna düýbünden meňzemeýän, bu üýtgeşik mekany ine-gana synlamak üçin, dyrmaşyp daglara çykdy. Gaýanyň çür başynda guş çagasy ýaly joňkarylypjyk oturyşyna ulgam-ulgam bolup gidýän baýyrlyklara, şol baýyrlyklar bilen geň suratda aralaşyp oturan, ýüzleri daraw-daraw, döşleri kesmek-kesmek, ýylçyr gaýaly daglara, keliň saçy seýrek görünýän ýabany agaçlara uzak wagtlap syn edip oturdy. Käte geçip barýan keýik ýa gulan sürüsi gözüne kaklyşsa dagy zöwwe

ýerinden turup:

— Waý-e-eý... ony... Olary... Waý, olaryň gowujadygyny — diýip, goljagazlaryny galgatdy. Şonda ol aşakdan seredip duran jigileriniň, gözüne, al-asmanda pel-pelläp ýören laçyn ýaly bolup göründi.

Agasynyň çöpe bürenip oturan hütdüjegine gözi düşende bolsa Ogulnäzigiň bar keýpi uçdy. Kakasynyňam ur-tut sümelge salybermeýändigi üçin gynandy. Torly ikisiniň her gije biriniňkide ýatyp-turup ýörüşlerini ýatlap: «Ondan-a gowakda ýatanyňam gowudyr» diýip pyşyrdady. Biriniň eşidäýmeginden ätiýaç edýän ýaly, şolar ýaly-da, derrew töweregine garanjaklady. Ýerkümäniň içindäki dara-direligiň ahyr bir gün bir belanyň üstünden eltjekdigini ýüregi syzýan ýaly tisgine-tisgine dem aldy.

Onuň çaltrak öz gol zähmetine düşýän undan bişirilen çöregi iýip göresi geldi.

Şonuň üçinem, hak paýlanýan döwre çenli has köpräk işlemek niýeti bilen, şowlap ýerinden turdy-da, şaglap aşak indi. Gelşi ýalam bozagandan edilen gaba sübsäni garbap alyp, goýun ýataga tarap eňdi.

Emma, aý aýakda olara ýekeje kilo-da un bermediler.

— Öň aýdyld-a size, ýaşuly — diýip, ýüzlerini kese-kese sowdular.

Başda Torlam, Äşe-de — bir sürüde näçe bolup işleseňem herine bir adamlyk hak ýazylmalydyr öýdüp ýöntem pikir eden bolsalar gerek. Manzar aganyňam şeýle pikir eden bolmagy mümkin. Ýöne gep onda däl. Gep zähmetleriniň ýele gidenliginde. Hak ýazylmanlygynda. Ogulnäzigiň öz eli bilen gazanan unundan bişirilen çöregi iýip bilmejekdiginde.

Telim wagt bäri üstlerini alyp ýatan lakaşanyň öz üstlerinden bäri-bärde sowulmajakdyklaryna gözi ýeten Äşäniň göz-görtele üýtgänliginde. Torlynyň çykgynsyz kyn güne galanlygynda.

Kakasynyň ýüzüni sallap, eli boş haltaly gapydan girenini, erbet ynjanyny görüp, Ogulnäzik hemmedenem beter gynandy.

— Wahhe-e-eý, wahhe-eý... — diýip, kiçijik eljagazlary bilen ýakasyny tutdy. Şunça jan bolup oglunyň gazanjyny iýip ýatandyklary üçin ejesiniň nähili ejir çekýändigini, saçakdaky nana örän kynlyk bilen el uzatýandygyny, käte bolsa uzynly gün el urman oňýandygyny görüp, ozaldanam öz etini özi iýip ýören düşbüje çaga, bu bolşy ýüregine sygdyryp bilmän, bir çete çekilip sessiz-üýnsüz aglady. Özüniň köpden bäri garaşyp ýören apy-tupanynyň golaýlap gelendigini aňdy.

Äşe göze-başa düşüp barmasa-da, myhmanlaryna eşitdirip-

eşitdirmän, hüňürdemäni çykardy. Sähel bahana tapsa siltenjiredi. Gaýny daş çyksa — iç girdi, iç girse — daş çykdy. Çaý demlese çäýnegiň gapagyny şakyrdatdy, saçak goýsa dik duran ýerinden gürpüldedip orta zyňdy.

— Bellisini bilmän gel diýmeli däl-ä! Gopol ýaly «gop-gop» edip gopýaň-da, bir zat diýýäň goýberiberýäň, baran ýeriňde — diýip, otursa-tursa ärine-de igendi.

Olam aýalyna haý-küş, etmekden geçen, gaýtam:

— Näbileýin-dä men beýle boljagyny. Bir aý bäri bile ýatmaga-da zar bolduk — diýip, gaýtam başga-başga zatlaryň gürrüňini etdi.

Şondan soň onuňam ýüzi agraýdy. Gepi-sözi üýtgedi. Atasy-enesi bilen gürleşende sowuk-sala gürleşdi. Bir zat diýseler-ä jogap berdi, bolmasa-da ýeňsesini tüňňerdip dymdy ýördi.

Manzar aga aýaly bilen maslahatlaşyp, her zat etmeli welin, özbaşdak ýerkümejik edinmeli diýen karara geldi. Ýöne, onuň içinde näme iýip-içmeli diýen mesele-de ýüze çykdy. Şonuň üçinem Manzar aga ölýänem bolsa oba gidip uçýotdan çykyp geljekdigini aýdyp, şoňa çenli ýene-de azajyk gaýrat etmegini aýalyndan haýyş etdi.

— Ýöne, oba gaýdyp baraly bir diýme.

Ýazboldy daýza birsyhly gözlerini ýumjuklatdy oturdy.

— Gör-dä...

Şol wagtam Torly bilen bir guýa suwa inýän çopanlaryň biri geldi-de:

— Torly, Guşguda saç-sakgaly ösgün, egin-eşigi ugursyz bir ýaş ýigide duşdum. Soraşsam: meň ýerligim pylan ýerli diýip, siziň obaňyzyň salgysyny berdi. Özüm Owganystandan geldim. Baýlara goýun sürüşip gidipdim, gelibem türmä düşdüm diýdi. Nämüçin düşenini aýtmady. Men: biziň guýymyzda siziň obaňyzdan biri bar, tanarmyň diýip, seň adyňy berdim welin, wah, ol-a meň agam diýip, boýnumdan aslyşdy. Alyp gaýtjak bolsam: öňürti oba bir baraýyn, o ýerde atam-enem bolmaly. Gaýdalym bäri gözleri ýoldadyr. Eşitseler gözläp heläk bolarlar. Agamyňka soň, arkaýyn gelerin diýdi. Harjym ýok diýdi, bäş manat pul berdim. Kakaň dagynyňam bu ýere gelenini bilen bolsam bolaýjak ekeni... — diýdi.

Manzar aganyň ençeme wagt bäri gün-günden ýere siňip barýan göwresi gez boýy asmana galdy. Hemişe hüýli ýaly ýere seredip ýören adam indi:

— Wah, men aňýadym-la! Ýüregim syzýady-la, şu töwereklere

geldigim şondan bir derek çykjakdygyny. Bu bir owgan diýlen ýurduň alkym-a bi! Şol ýerde bir gyrmyldy bolsa bildirip duran ýer-ä bi! — diýip, göz aýdyňa gelenleriň öňünde bag-bag bolup açyldy. Aglap oturan aýalynyň ýanyna bardy: — Goý, indi aglama! Oglumyz tapyldy. Indi Mämmet jan bilen her ýerde-de hor bolmarys Ertiriň özünde ugraryn. Uşotdan çykaryn. Mämmet janam o ýeriň uşodyndan çykaryp alyp gaýdaryn. Ony şu ýerde öýlendirsegem bor.

Şunça ýyllap Mämmediň ýoldaşlaryna müňkür bolup gezendigi üçin ol Alladan ötünç soramanam unutmady.

Şol gün Torlynyň ýerkümejiginiň töweregi toýhana öwrüldi. Akmyrat bilen Böri garaburun eşege syrtlaşyp goňşy guýulardaky tanyş-bilişleriniňkä çenli buşlamaga gitdiler. Torly janly öldürip, gelene-gidene hezzet etdi. Bulutdan çykan Gün ýaly bolup Äşe-de açylyşdy.

— Tüweleme, maňlaýyňyz zor ekeni, gözüňiz aýdyň — diýip, gaýyn enesiniň içine giräýjek boldy. Gaýyn atasyna çaýy özi demläp berdi. Öňünde goýanda emaý bilen goýdy. Ýazboldy daýza aýallygyny edip bir bada: «Başyndan sowuljagymyza begenýä, mezeň!..» diýip içini hümledenem bolsa, basym ýazylyşdy.

Hä diýmän, öýke-kine iki tarapyňam ýadyndan çykdy.

Ertesi irden, göçüp gelende aýalyny mündürip gelen eşegine münüp, Manzar aga göni oba depdi. Öwrenişen mekanyna tarap ýola düşenini aňan ýaly, eşegem gaýdandakysyna görä aýaklaryny has ýeňil aldy. Kiçijik toýnaklary dokma kakýan darak ýaly, yzynda enaýyja keşde galdyryp, göz ilmez çaltlyk bilen ak gar üzre gaýmalaklap gitdi oturdy.

Düýn-öňňünem: «Hiç bolman ýaz bir çyksyn... Oba gideli bir diýmesene...» diýip, aýalynyň ýanynda buruljyrap oturan agras kişiniň göwnüne bolmasa, şol, salpy gulak çal eşek Göroglynyň gyr atyndanam daýaw göründi.

* * *

Manzar aga ilki öz öýüne bardy. Gapysy edil gidendäki ýapyp gidişi ýaly. «Weý, Mämmet jan adamsyz öýde oturmaz ahyry» diýip, öz-özi hümürdendi-de, daşkyrak garyndaşlarynyňka bardy, öňünden çykanlardan soraşdyrdy, Emma Mämmetden gördüm-bildim bolmady. Goňşy obalardaky daýy-ýegenleriniňkä çenli aýlanyp çykdy. Ahyram: «Entek gelip ýeten däldir, ýoldadyr» diýen netijä geldi. Öýüne gelip üç gün garaşdy. Birdenkä öýde ýok wagtym geläýmesin, diýip, şol üç günüň

içinde eşegine ot-suw beräýmese, gapydan bir ädimem daşlaşmady.

Şeýdip bäş gün garaşdy...

Bir hepde garaşdy...

Ahyram başga alaç tapman başlygyň ýanyna bardy. Bar zady bolşy-bolşy ýaly edip düşündirdi.

— Şoň ýoluna göz dikip gelelim bäri seň ýanyňa salama-da gelibilmedim. Indem özüň maslahatyny beräýmeseň... — diýdi.

Başlyk şol günüň özünde iki adamy Tejene iberdi. Otly bilen Mary, Guşgy sebitlerine aýlanmaklaryny, ätiýaçdan şol etraplaryň türmelerini, organ edaralaryny hem barlap görmeklerini tabşyrdy. Ellerine kolhozyň adyndan haýyşnama ýazyp berdi. Möhür goýdy. Bilip bolmaz, birden bir ýerlerde harjysy gutaryp ýatan bolaýmasyn diýip, ellerine ep-esli pulam berdi.

Üç hepde diýlende olaram «ýitikden» derek tapman geldiler Manzar aga bu boluşa öňküdenem beter gynandy.

— Gördüm diýen bar, oba gitjek diýenini eşiden bar, näme bolup bilerkä bu ikortada oňa... — diýip, telim günläp serim-sal boldy oturdy. Soňabaka göwünlik bermäge gelenlere taňryýalkasyn diýmäge-de ýaramady. Buz ýaly jaýda bagryny sowuk ýere berip, bäş gün ýatdy. Altynjy gün diýlende edil «Teke gümmezlidäki» ýaly üşüdip turdy. Äňi şakyrdady, süňňi gagşady. Bu gezek, goňşy-golamlaryň getirip beren burçluja unaşlarynyňam, başlygyň ýörite adam iberip, şäherden getirden däri-dermanlarynyňam peýdasy degmedi.

Ol on gün diýlende zordan özüne geldi. Açyşy ýalam gözüni gapa dikdi. Gapdalynda oturanlardan:

— Mämmet gelmedimi? — diýip sorady. Biri halyny soramaga gelse-de, Mämmet geläýendir öýdüp gobsundy. Öýüň içidigine garamazdan, gözüniň üstüne elini kölegeledip ýüzüňe çiňerildi. Başga birini görkezip: «Ine, Mämmet şü» diýselerem ynanaýarly göründi.

Bir günem başlyk geldi. Manzar aga şonda oňa ol ýerde-de özüniň gaty bir ýerläbilmändigini çekine-çekine aýtdy. Başlyk syrkawynyň alkymyna dykyldy.

— Manzar aga, öňem sen urşup-sögüşip gideňok. Hälem bolsa çagalaryňy heläk edip ýörme-de , gaýt yzyňa. Propiska diýip horlaýan bolsalar kyn iş däl, günübirin uçotdanam çykaryp bereris, o ýerde propiska edip seni işe-de alarlar. Ýöne, nä körüň näbelet ýeriňde enäp-tenäp ýörüp, bu ýerde öýüň-işigiň barka, öwrenişen bolsa goý, Torlynyň

özi galybersin. Sen gaýt! Hudaýa şükür, indi bu ýerem gowulanjak basym... Gutulansoň, ulag bereýin, git-de getir çagalaryňy. Ýa-da adam ibereýin, göçürip getirsinler. O ýerde ojagazlaryňam kör goýarsyň sen. Internada-ha sen bermersiň, her guýuda-da okuw ýokdur. — Ol aşaklyk bilen gürrüňdeşiniň ýüzüne seretdi. Sesini peseltdi. — O-ol, bolup geçen iş üçin özüňi horlap ýörme. Il seni tanaman duranok...

Manzar aga kän oýlandy. Ahyram ýüzüni ýerden galdyrman şeý diýdi:

— Maslahat, başlyk. Ýöne, adam iberip oturma. Özüm giderin. Adam şekilli hoşlaşyp gaýtmasam Torly gaty görer.

* * *

Ýygy-ýygydan açylyp-ýapylýan saçagyna, öňkülerine görä has çalt gowzaýan un haltasyna ýygy-ýygydan göz aýlaýan Äşäniň ýene-de dünýäsi daralyp başlady. Gaýyn atasynyň wagty bilen gara bermezligi, Mämmediň gelendigininiň ýa gelmändigininiň bellisiniň bilinmezligi, bu artykmaç ýüküň başyndan wagty bilen sowulmajakdygynyň alamaty diýip düşündi. Her gezek hamyr edende unuň gytlygyny diline çolady. Ýapyp gelende soňky döwürde bişirýän nanlarynyň bibereket bolýanlygyndan zeýrendi. «Ýaz çyksa gaýnar suwa yşgyn atyp içäýmesek çaýymyzam gutardy» diýmäni çykardy.

Ýazboldy daýza bolsa, ärinden derek bolýança «urgulary» sessiz-üýnsüz çekmekligi ýüregine düwdi. Ogluna-da duýdurmady. Manzaryň Mämmedi alyp gelerine, bar zadyň öz-özünden düzelerine garaşdy. Gelniniň darykmagyny wagtlaýyn ara düşen kynçylygyň netijesi diýip düşündi. Gaýyn hökmünde giňlige saldy. Gelni her gezek hüňürdände köneje endigine görä, gözlerini ýumjuklatdy oturdy.

Äşäniň welin beýni damarlary sary ýaýyň kirşi deý dartylyp-dartylyp ýetjek derejesine ýetdi.

Bu ýagdaýy Böri bilen Akmyrat aňmasa-da, Ogulnäzik aňdy. Bu gün bolmasa ertir, ertir bolmasa birigün, ýa ejesiniň, ýa gelnejesiniň birinden-biriniň ýaryljakdyklaryna-da ynandy. Her gün ir ertir, giç agşam, çaý içilip, çörek iýilýän pursatlary, çäýnek-käseleriň, çemçe-çanaklaryň şakyrdysyndan, duýdansyz çykýan her bir batly sesden gorkup tisgindi. Gelnejesiniň ýüzi agralyberdigem onuň göwnüni awlamak üçin, özleriniň bu öýde ýat adam däl-de, bir tende-bir jandyklaryny subut etmek üçin, aglasa-aglamasa-da ylgap baryp Döwletjigi eline aldy. Bir burçda oturyp

oýnatdy. Öňüne aşyk dökdi. Daşyny pugta orap, daşarlarygam aýlap geldi. Her gezegem gelnejesiniň ýüzünden üýtgeşiklik gözledi. Şolar ýaly-da Äşe az-kem açylyşsa öz emgeginiň ýerine düşdügi hasap etdi.

Manzar aga başlygyň beren düýesini idip, Morgala tarap ýola düşen günem...

Şol gün Äşe agşamaralar bir tamdyr nan ýapdy. Getirişi ýalam: «gyrt-gyrt», «gyrt-gyrt» etdirip, demrew pyçak bilen çörekleriniň arkasyny gydyrdy. Keseklerini aýyrdy. Soňam «demi çyksyn» diýip köneje saçagyň üstünde serdi. Alty gün birden dogan ýaly lowurdaşyp duran alty sany mele-myssyk nan, üsti çöp bilen basyrylan çygly ýerkümäniň içini şol dem elýetmez köşge ogşatdy.

Ogulnäzik bilen Böri ikisi Ýazboldy ejäniň gapdalynda, Akmyrat bilen Döwlet bolsa Äşäniň gapdalynda seslerini-üýnlerini çykarman otyrdylar. Täze I çöregiň ýakymly ysy agyzlaryny suwardyp barýanam bolsa hiç haýsy ýerinden gozganok. Döwletjik bir ýerinden turup, çöreklere garşy jompul-dap ugrady welin, Akmyrat towsup bardy-da, jigisini garbap aldy. Getirip öz ýanynda oturtdy. Uly adam ýaly barmagyny agzyna eltip: «Çüş-ş...» diýdi. Hemişeki islän wagty omrup alyp ýören çöregine nämüçin el urmaly däldigine geň galan çaga gözlerini tegeläp ejesiniň ýüzüne seretdi.

Ýazboldy daýzanyň gözleri öňküsindenem has çalt-çaltdan ýumjuklap başlady. Elleri sandyrady. Dodagy titir-titir etdi.

Içerä agyr dymyşlyk aralaşdy.

Ogulnäzik düýrügip-düýrügip bir gysym boldy. Öňküsindenem beter kiçeldi.

Hemişe tamdyrdan gelşi ýaly bir nany ýyljagy bilen ortada goýýan Äşe bolsa sarsman otyr. Ol hatda öz çagalaryna-da ýüz berenok. Döwletjik halys çydaman:

— Eje, na-an... — diýdem welin, aždarha ýaly «haş-ş...» edip, oglunyň ýüzüne azgyryldy.

— Näme, nandanyň deşildimi? Ýaňyja iýdiň nan! Zol-zol bokurdagyňyzdan dykyp oturar ýaly meň atam harazman däl!

Şol sözem Ýazboldy daýzanyň ençeme wagt bäri püre-pür bolup duran sabyr käsesini düňderdi.

Ol nädip ýerinden turanynam, saçagyň başyna nädip baranynam, tegelenip ýatan çörekleriň iň kiçisini garbap alaga-da, edil dükançynyň mata ölçändäkisi ýaly gollaryny giňden aýlap çöregiň çärýekdenem

gowragyny bölüp alanynam, «Me!» diýip, henizem Akmyradyň öňünde agzyny açyp turan Döwletjigiň eline tutduranynam bilmän galdy. Şondan soň dik duran ýerinden ýapyrlyp Äşäniň ýüzüne seretdi.

— Meňkilerden gysganyp özüňkileri bir aç etme, gelin!.. — Ol elindäki çöregi ýerinde goýjak ýalam etdi-de, ýene-de goýman, ep-eslisini döwüp aldy. Akmyrada uzatdy: — Me! — Galan ýarysynam iki böldi-de, birini «Ýok, ýok, men iýjek-gä» diýip, oturan ýerinden töre tarap götinjekläp ugran Böriniň eline berdi. — Me!.. — Beýlekisinem Ogulnäzigiň eline tutdurdy. — Me!..

Şeýdibem ýerine bardy-da oturyberdi. Ýaşa dolan gözlerini ýumjukladyp «has-has» etdi. Nämüçindir kellesem dygysyzlyk bilen iki ýana ýaýkandy durdy. Ogulnäzik ejesini henize çenli beýle perişan halda görmändi.

Äşe gaýnynyň ýüzüne alaryldy.

— Näme, sowaýança ýürekleri ýarylyp barýarmy?

Ýazboldy daýza sesini çykarmady. Muňa Äşäniň hasam gahary geldi.

— Mellekçä ýer berseň ýer eýesini ýerden çykar etjeg-ow bular-a... diýdi-de tasap ýerinden turdy. Agaç sandygyň üstünde başly-barat eplengi duran goşlaryň ýanyna bardy. Gyzyl-ala çit matadan tikilen galyň ýorganyň arasyndan nasly çüýşäni çykardy. «Poňk» etdirip dykysyny açdy. Hemişe bildirmän atýan bolsa, bu gezek sylag-hormatam ýadyndan çykardy-da, çep eliniň aýasyna ep-eslisini guýdy. Sag eli bilen topbysyny saklap arkan gaýyşdy. Diň-gögüne garap durşuna çep eliniň aýasyndaky nasy agzyna atdy. Dykysyny dykyp, çüýşäni ýerinde goýdy. Aýalaryny kakyşdyrdy. Dişleriniň arasy jymyrdap ugrandanam nasyň bady beýnä urdy. Gözüniň agy bulandy. Gapa tarap ýaýkanjyrap barşyna dodaklaryny müňküldedip agzyny gyşartdy.

— Toýla biz aýdaýyn...

Ýazboldy daýzanyňam şondan artyk dymasy gelmedi.

— Bar aýt! Torlyň atasyna-da aýt! — Ol elindäki nany nätjeklerini bilmän aňkaryşyp oturan çagalara tarap elini aýlady. — Iýiberin!

Emma çagalaryň birem çörege agyz urmady.

...Häliden bäri goýunlary, agyla saljak bolup, alagalmagal turzup ýören Torly garaňkyda aýalynyň ýüzüni-gözüni saýgarmasa-da, bürenjegine berk oranyp çapgyn şemalyň garşysyna ýantaklap gelşinden bir belanyň gopandygyny aňdy. Süňňi bir ýakymsyzlygy

syzdy. Süýekleriniň içine, bogunlaryna gowuşgynsyzlyk aralaşdy. Agyla girmejek bolup gaýra gaýyşýan goýunlara haýbat atanda sesiniň öňki bady bolmady. Aýalynyň habaryny alandanam:

— Aý, men-ä nätjegimi bilýän däldirin, how!.. — diýdi-de, hamala o zatlara goşulmak islemeýän ýaly, goýunlaryň hemmesi agyla girip bolanlaryndan soňam oňa-muňa güýmenen bolup, agylyň daşynda köwejekledi ýördi. Zol-zol agylyň agzyna germelýän agajy barlan boldy, agylyň ahmalrak ýerlerine çöp basan boldy, itlerine jabjyndy, garaz, çatmasyna gitmejek bolup her zat etdi.

— Näme how, kelte tirkelen ýaly yzyma düşüp ýörsüň, bar git! — diýip, aýalyna-da azgyryldy.

Taýagyny egnine atyp, ýerkümesiniň gapysyndan girendenem, manysyny tirmedimi, ýa diýjek sözleriniň nirä baryp degjegi barada oýlanmadymy, garaz, ejesine tarap gözlerini alardyp, ýüzüni gara-ört etdi-de, çagaňky ýaly naýynjar ses bilen:

— Eje, sen nä bi, nanlary Äşe bölmänkä böläýipsiň? — diýdi.

Dolup-daşyp oturan Ýazboldy daýza «ýalt» edip oglunyň ýüzüne seretdi. Ganaty gyrylan guş ýaly gobsundy-da, gollaryny galgadyp-galgadyp goýberdi.

— Böljek! Janyň çyksa-da böljek! Şu çatmadan çykýançam-a böljek! Näme bölmän! «Gel-gel, diýip aglaryn, gelseň gapym barlaryn» diýen ýaly. Şondan şuňa getiribem şumudy etjek hormatyň? Ejeň dämi men? Seň bilen dar garynda depişen çagajyklar dämi bu çagalar? — Ol ýerinden galdy-da, agyr çabgada galan ýaly boýunlaryny ýygryşyp, eginlerini gysyşyp oturan çagalarynyň elinden tutdy. — Ýörüň, goýun ýatakda ýatanymyzam gowudyr. — Ýazboldy daýza Böri bilen Ogulnäzigi syňsyrakladyp alyp barşyna oglunyň ýüzüne dikan garady. — Gözläýmegin! Idäýmegin! Kakaň gelýänçä gapy gezerin welin, saňa ýüzümi saraltman! Geldigem giderin. Asylam sen ýaly namart ogly penalap, gara gyşda ýurt aşyp şondan şuňa gelenden şo ýerde ajymyzdan ölen bolsak gowy bordy. Mämmet jan gelen bolsa bolýa...

Ol oglunyň:

— Ýak, he-eý, eje, dur-a, sen bir gepe gulak sal-a!.. Men eý diýjek bolamog-a — diýenlerine gulagam asman çykyp gitdi.

Şol gijäni ol çagalary bilen goňşularynyň biriniňkide geçirdi. Torly iki gezek dagy yzyndan baryp döwella etse-de gulak asmady.

Ertesi guýuda oturanlaryň öýüne ýeke-ýeke baryp ýolharjy sorady.

«Süýji kagyzlyda», «Hopbukda» oturan tanyşlarynyňka çenli aýlanyp çykdy. Kim nan berdi, kim birki bölek çaý berdi, pul berenem boldy.

— Kakalary gelere-de garaşjak-gä. Gitjek. Guşgyň üsti bilen otla münüp gitjek welin gitjek. Eliňizden gelen kömegi ediň!.. — diýip, Ýazboldy daýza ferma müdirine-de ýüz tutdy. O-da jübüsinden bäş manat çykaryp berdi.

— Nätjek-dä, ýeňňe! Serhet ýakasy. Propiskasyz bolanok diýip durlar-da. Bizden bir gaty görmäň. Ýogsam iş känem welin... — diýip hümürdendi.

Ýazboldy daýzanyň welin agzyndan ot çykdy.

— Aý, indi boýumyz bilen gyzyl berseňizem durjak däl, dogan! Ilime-günüme aşjak. Hiç kimden gatam göremzok. Maňlaýymyzdan görýäs. Erkana guş ýaly islän ýerine uçup-gonup ýören sähraýy türkmeniň beýle dar çyzygyň içine düşenini näbileli...

Ertesi irden Manzar aga düýesini idip guýa indi. Çagalarynyň nämüçin oglunyň öýünde däl-de, goňşularynyňkydadygyny welin ol sorajagam bolmady.

Ýazboldy daýzanyň salam-helikdenem öň ilkinji sözi şu boldy.

— Hany Mämmet? Mämmet jan gelipmi? Barypmy?

Manzar aga ýüregini tutup aşak oturdy. Başyny ýaýkady. Ýazboldy daýza «pat-pat» etdirip, ýumruklary bilen kükregine urdy.

— Wah! Wah! Bar umydym puç boldy! Barja umydym köýdi. Ýalňyz ýapyşalgam weýrana döndi!..

Onuň şol wagt oba-da gidesi gelmedi, bu ýerde-de galasy gelmedi. Şol wagt onuň bu jebri kän, jepasy kän gamly dünýäniň garnyny ýaraga-da göwsünden çykasy, eger-de aňrujy bir ýerde bar bolsa, başga bir dünýä aralaşasy geldi.

Gapyda Torly göründi. Kakasy bilen salamlaşdy. Mämmediň geldi habarynyň ýalan ekendigini eşidip gözüne ýaş aýlady. «Ol-a, görenimem çyn, gürleşenimem çyn diýýä» diýip habar getiren çopany ýatlady. Öýden gaýdyp, gapy gezip, ejesiniň özüni uly ile masgara edenligini aýdyp zeýrendi.

— Ýörüň-ä, öýe baralyň-a. Indi bir beýdip oturmalyň-a...

Manzar aga ogluna dözmedi. Agraslyk bilen ýerinden turdy-da, aýalyna ýüzlendi:

— Ýörüň baralyň. Ertir irden şol ýerden ugramasak gelşiksiz bor. Men sizi äkitmäge geldim.

Torly ýolboýy kakasyna ýalbardy.

— Kaka, bolubermeli ekeniňiz-dä... Propiska-da eder ýörerler-dä...

Emma ne atadan, ne eneden hiç haýsyndan ses çykmady.

* * *

Ertesi irden Manzar aga düýesini Torlynyň işiginde çökerdi. Hemme zat edil gaýdandakylary ýaly boldy. Iki sany ýorgan, üç sany pagtasy çykyp duran köneje ýorgança, iki sanam saly gaçan keçeden ybarat goşlaryny düýrläp düýäniň üstünde «ýürek» ýasadylar. Ogulnäzik bilen Börini şoňa mündürdiler. Ýazboldy daýza eşege mündi. Bir üýtgän zat — o-da Manzar aganyň özi pyýada gitmeli boldy. Şonuň üçinem owsary eline aldy-da, düýäni turuzmanka, häliden bäri daşynda hozanak bolup ýören ogluna elini uzatdy.

— Wagt-wagt özüň habar tutaýmasaň, bizden-ä hantama bolma... — Ol ýuwdundy. Soň ýanlaryna-da gelibilmän, öýe-de giribilmän arkasyny çöpkümä ýaplap oturan Äşä ýüzlendi. — Sag oturyň onda, gelin. Taňryýalkasyn, eden hyzmatyňyza. Döwlet jan, sag bol, oglum!..

Äşe goltugynda göçe tarap gobsunyp oturan ogluny ýere goýberdi. Manzar aga moýtuklap gelýän agtygyny gujagyna aldy. Her ýaňagyndan bir gezek ogşady-da, «ýüregiň» içinde elini serip oturan Ogulnäzigiň eline berdi.

Ýazboldy daýzanyň gyryljak sesi eşidildi.

— Maňa-da beriň-ä... Meň nä hakym ýokmy onda...

Döwletjigi eline berenlerindenem gözlerini ýumjukladyp başlady. Hamsykdy.

Şol wagt Äşe öýe girip jüp nan, goýnuň kakadylan buduny alyp çykdy. Şeýle bersemmikäm ýa bir zada orasammykam diýýän ýaly töweregine garanjaklady. Çöpkümäniň yk tarapynda serilgi saçagy alyp çöreg-ä şoňa orady, budam bir köneräk halta saldy. Getirip gaýyn enesiniň eline berdi. Döwletjigi aldy-da iki ädim yza çekildi.

— Sag-aman baryň!

Öten agşam ýaraşansoňlar Ýazboldy daýza-da gaýra gaýşyp durmady.

— Sag oturyň...

Gelin gaýyn enesiniň «üzeňňisinden» ýapyşdy.

— Ýagşy-ýaman aýdyşan bolsak yrza boluň...

Ýazboldy daýza gyňajynyň ujy bilen gözlerini süpürdi. Burnuny

çekdi.

— Senem yrza bol...

Garma-gürmelikde özüne üns berilmedigini göwnüne alan bora çemeli, ýeňseden Akmyradyň ulili bilen aglaýan sesi eşidildi. Ulagly-ulagyndan düşüp, hemmesi ýeke-ýeke, onuň bilenem hoşlaşdylar. Onuň esasanam Böriniň gidýänine gynanýandygy bildirdi. Gujaklady-da esli mahal goýbermän saklady. Ol barybir şondan soňam aglamasyny goýmady. Çete çekildi-de, aýasy bilen gözlerini süpürip eňredi durdy.

Manzar aga ugraberjek ýalam etdi-de, ýaýdanjyrap Torlynyň ýüzüne seretdi.

— Bir eşegiňi beräýseň-ä... Ýol uzak... Soň gaýdarman bolsa iberäýerdik-dä.

Torly sowukdan ýaňa bürüşip duran ýüzüni iki ýana sypajaklatdy.

— Wah, özüň görýäň-ä, kaka. Birin-ä mal yzynda münýän. Birem odun-çöp, suw-söl daşamaga gerek bolýa.

Manzar aga sesini çykarman ýöräberdi. Äşe äriniň alkymyna dykyldy.

— Soň iberjek bolsalar beräýmeli ekeniň-dä.

Torly jabjyndy.

— Bäri-bärde Saragt bamy, eşegiň yzyna geler ýaly!..

Hä diýmänem guýudakylaryň bary bu ýerik üýşdi. Manzar aga, Ýazboldy daýza olar bilen hoşlaşdylar.

...Ilerdäki uly alaňdan aşan ýerlerinde Torlynyň burny gara eşegi aýagy duşakly, yk ýerlerde ir gögeren gyrtyçlary çirtişdirip ýör ekeni. O-da: näme gaýdyberdiňizmi diýýän ýaly, otlamasyny goýup, bulara tarap üşerildi. Hoşlaşýan dek uzyn gulaklaryny galgadyp-galgadyp goýberdi.

Böri düýeden syrylyp düşdi-de, burny gara eşege tarap ylgady. Barşy ýalam duşagyny çözüp boýnuna orady. Köneje güpbisini çykaryp üstüne atdy. Mündi. Sürüp kakasynyň ýanyna geldi.

— Gel, kaka, mün!

Manzar aga: «Geçme namart köprüsinden, goý aparsyn sil seni» diýipdirler oglum, goýber diýip ýöräberjegem boldy. Şol wagt Ýazboldy daýzanyň edil ýeriň aşagyndan çykýan ýaly ysgynsyz gülenç sesi eşidildi.

— Eşekçe hatyramyz bolmasa-da, bir eşekçe hyzmaty bizem edendiris şoňa, Manzar. Mün. Hiç günäsi bolmaz oň.

Manzar aga ýaýdana-ýaýdana, kynlyk bilen eşege mündi.

Böri ýene-de düýä dyrmaşdy.

* * *

Bu gezegem edil gaýdanlaryndaky ýaly, dört gije ýatyp, bäş gün diýlende oba aralaşdylar.

— Hudaýa şükür, ýene-de aýak sekmek nesibemiz bar akeni — diýip, Ýazboldy daýza sag aýagy bilen bosagadan ätledi.

Oňa çenli goňşy-golamlaram ylgaşyp geldiler. Aýallar Ýazboldy daýza bilen gujaklaşyp görüşdiler. Kimsi içeride ot ýakdy, kimsi çaý goýdy käbirleri bolsa öýlerinden iýer ýaly oduk-buduk zat getirdiler. Buz ýaly öýüň içi tizara gyzan bazara döndi.

Akmyratdan aýrylandygyna ýolboýy ýürejigi gyýylyp gelen Böri, oýnap ulalanja ýerleriniň henizem öňküje ýerinde durandygyny gözi bilen görmek isleýän ýaly, sähelçe salymyň içinde daş-töwereklerini torç edip çykdy. Deň-duşlarynyňka bardy. Käbirleriniň özi geldi. Garaz, gowulyk boldy.

Ogulnäzik bolsa usullyk bilen bardy-da, towuk keteginiň içine elini sokdy. Gurjagynyň el ýaly ýyrtyçdan tikilen gyrmyzy köýnegine eli degenden, begenjine ýüregi süýjäp gitdi. Usullyk bilen çykardy. Kiçijik eljagazlary bilen gurjagynyň barmak boýy uzynlykdaky başatgyjyny sypalap oturyşyna nämüçindir ýylgyrdy.

— Gurjakbiketoýtanajygym...

## Epilog ýerine

Şondan ylaýyk bir ýarym ýyl geçenden soň, uruş turdy. Torlynyň urşa alynanyny eşidip, Manzar aga onuň çagalaryny öz ýanyna göçürip getirdi. Tapanjasyny olar bilen deň bölüşdi. Soň onuň özünem işçi batalýonyna aldylar. Iki ýyl Krasnowodskide işläp sag-aman dolanyp geldi. Şol aralykda Ýazboldy daýza ýogaldy. Äşe, Ogulnäzik, Böri, Akmyrat dagy ol gelýänçä öz günlerini özleri gördüler. Uruş gutaransoň Torlam gaýdyp geldi. Kakasy, «gal-gal» diýip, hernäçe ýalbarsa-da etmän, çagalarynam alyp, ýene-de Morgala göçüp gitdi.

Kyrk ýedinji ýylyň gyşy, şo-ol, «Teke gümmezlikde» ýatan gijesi tapynan keseli gozgap, Manzar aga-da aradan çykdy. Daşkyrak garyndaşlary onuň aşyny-suwuny berdiler. Üýşüp Börini öýlendirdiler. Ogulnäzigem uruşdan gijräk gaýdyp gelen keselbendiräk birine durmuşa

çykardylar.

Torly kakasynyň kyrky geçenden soň gelip gitdi. Şondan soň ol oba juda seýrek geldi. Arany daş görüp, hatda kakasynyň ýylynam şol ýerde Morgalada özbaşdak belledi. Ýetişenlerinden soň onuň ogullaram edil özi ýaly çopançylyga baş goşdular. Oba bilenem, Böri, Ogulnäzik dagy bilenem gatnaşyklaryny welin ýitirmediler. Güzeranlary gowy. Ikisem dok.

Mämmet neressäniň ykbaly bolsa şol gümürtikligine galdy. Gaýdyp ondan gördüm-bildim bolmady. Manzar aga ömürboýy garnynda göteren gümanyny ýany bilen gabryna äkitdi. Hakdygyny, nähakdygyny Hak bilmese, başga biljek ýok.

Ogulnäzige täze baran adamsy bilenem uzak ýaşaşmak miýesser etmedi.

Ondan bir gyz boldy. Onuň on-onki ýaşlaryndaky inisem Ogulnäzigiň elinde galdy. Şol gyz bilen ogul ornunda galan ýüwürjisine guwanyp, ol bary-ýogy üç ýyljyk ýaşaşan adamsynyň ýurduny saklap oturdy. Gyzyny çykardy. Ýüwürjisini öýlendirdi. Belet adamlar bolaýmasalar, hiç kim ol oglana onuň ýüwürjisidir öýdenok. Ogludyr öýdýärler. Ol ýüwürjisiniň çagalaryna «agtyklarym» diýýär. Agtyklaryndan bolanlara bolsa «çowluklarym» diýýär. «Ýuwluk», «Gowluk» görmäni arzuw edýär. «Alla jan «ili biri» görkezjek diýse-de, şu dünýäde ýaşamana menden-ä ýaltanan ýok» diýip gülýär.

Agtyklarydyr, çowluklaram oňa öz gezeklerinde «ene» diýşip ýüzlenýärler.

Bendäniň boýunyň welin şol bir durşy. Şo-ol, arabaly, zor bilen, gartaň kişiniňkä äkiden döwürlerindäki ýaly bürenjeginiň astyndan zordan görünýär. Öýde-hä bürenjeksizem oňubilýä welin, ona-muňa çykanda kyn bolýa. Goýaý şunyňy diýselerem edenok. Ind-ä azajyk bilem bükreýipdir-de, barýarka iki syny bilen ýö-öne, köçe süpürip gidip barýar. Daş-töweregem ala-tozandyr.

Bir üýtgän zat — o-da, indi oňa deň-duşlary ýa has ýaşulyrak adamlar bolaýmasa, Ogulnäzik diýýän ýok. Ogulnäzik eje diýýärler.

Bizem şeý diýýäs. Obada in gürrüňçil adamlaryň biri bolansoň, her gezek oba baranymda men onuň ýanyna barman gaýdamok.

Aslynda şu zatlaram iň soňky sapar baranymda onuň özi maňa gürrüň berdi. Şoňa çenli ol näme hakda gürrüň berse-de, özi hakda gürrüň bermeýärdi. Belki, dogan-garyndaşlarynyň gaty görerinden çekinendir,

belki-de, meniň özi hakda bir zatlar ýazarymdan, pynhan syrlarynyň uly ile ýaýylaryndan ejap edendir. Bilemok. Ýöne şol gezek welin ol meni ýanynda oturdyp ýörite gürrüň berdi. «Ýazsaň ýaz, jan dogan, ýöne adam atlaryny üýtgedip goýber» diýdi. Men aýdyşy ýalam etdim.

Şol gezek ol özüne ýeňil düşmedik uzyn söhbetini tamamlady-da, uludan demini aldy. Bir wagtkylaryndanam has inçelen, kiçijik ellerini öýüniň içine, töweregini gallaşyp oturan agtykdyr çowluklaryna tarap aýlap goýberdi. Endigi boýunça eňegini galdyryp gepledi.

— Dogup-dörälim bäri, meniň şu durmuşda bar görüp oturan günüm ine şü. Şujagazlar... — Birdenem ol ýap-ýaňyja gürrüň beren wakalarynyň barysyny ýeke-ýeke göz öňünden geçirýän ýaly, aşak bakyp dymdy. Uludan demini aldy. — Ýöne men o zatlar üçin kakamam, agamam, gelnejemem günäkärlämok. Olaryň hiç haýsyndan gatam göremok. Oňa durmuş günäkär. Adamlary ejizlige tarap iterýän kyn güzeran günäkär... — Ogulnäzik eje içki jaýlaryň birinden — radiodanmy, telewizordanmy, üzlem-saplam eşidilýän soňky habarlara diň salyp, keçäniň gülüni dyrmalap oturdy-oturdy-da, uly alada bilen başyny galdyrdy. — Ine, indem hökümedi üýtgetjek diýşip, adambary tut-da-bas! Öňki gezegem-ä, jan dogan, muny bizden sorab-a üýtgetmändiler welin, ýene, haýsy bolsa-da, serine syýasat salyp, uly ile kethuda edýän bendeleriniň kalbyna Allatagala pakyrlygam bir salsyn-da, hernä... — diýende, çaganyňky ýaly kiçijik ýüzi çytylyp-çytylyp gitdi.

Men uludan demimi aldym-da, ýerimden turdum. Hoşlaşdym. Gapa tarap ýöneldim, edil şol wagtam ho-ol burçda, häliden bäri bize barmysyňam diýmän, aňyrsyna bakyp, bir zatlara güýmenip oturan mele gulpaklyja gyzjagazyň şaňňyja sesi ýaňlandy.

— Guýjakbiketoýtanak, aý, Guýjakbiketoýtanak, niýýä baýýan?..

*1990. Moskwa.*

## Ir düşen bahar

...Meniň «biz» diýýänim — klasdaşlarym. Klasdaş oglanlarym.

Ine, onsoň biz sapaga taýýarlanjak bahanasy bilen, her agşam birimiziňkide üýşerdik-de, oglanlygyň çüýşe deý dury, kir-kimirsiz tämiz asmany bilen hemişelik hoşlaşýandygymyzdan, ýigitligiň galagoply, köp-köp garamatlardan doly haý-haýly ýyllaryna golaýlaşýandygymyzdan bihabar, elimiz kagyz-galamly, pelteli çyranyň daşyna egrilişip oturyşymyza edil, ertir ot ýygmak üçin haýsy käle gitsek gowy boljakdygy ýa tamdyr oduny ilerki gumuň niresinden ýygsak has amatlyrak boljakdygy barada maslahatlaşyşymyz ýaly, haýsymyzyň haýsy gyza hat bermelidigimiz barada, kimiň kime has kybapdaşyrakdygy, has ylaýygrakdygy barada maslahatlaşardyk. Belli bir netijä gelibilmänem dagaşardyk. Bu aýgytly meseläniň gutarnykly çözgüdini her gezek ertire, birigüne goýardyk. Hamala özümizi agyr melamatdan alyp galýandygymyz üçin begenýän

ýaly, biri-birimiziň ýüzümize seredişip, demimizi uludan alardyk.

Ýöne, ýüpek deý ýumşak, tylla deý sary saçlary bir örüm edilip sagrysyndan goýberilen, asman bilen reňkdeş päkize gözlerinden yşk nury saçylyp duran Swetlana atly gyzyň obamyzdaky medpunkta işe gelmegi bilen, biziň ojagaz gürrüňlerimiziň hörpi düýbünden üýtgedi. Öz oba gyzlarymyz hakyndaky süýji-süýji gürrüňleriň ornuny Swetlananyň owadanlygy, päkizeligi, golaýyndan geçeniňde üstünden burk urýan ýakymly ysyň başyňy aýlap, enter-pelegiňi öwrüp barşy, eýýämhaçan Swetlananyň daşynda pyr-pyr aýlanyp ýören Sylap şopuryň aýdyşy ýaly, nädeniňde onuň çep goltugyndan girip, sag goltugyndan çykyp boljakdygy baradaky gürrüňler eýeledi...

Şol gürrüňleriň arasyna böwşeňlik düşdügem, haýsymyzyň Swetlana has mynasypdygymyzy herimiz öz ýanymyzdan kesgitlemekçi bolýan ýaly, biri-birimiziň ýüzümize assyrynlyk bilen seredişerdik. «Ine, biz, haýsymyzy saýlasaň saýla» diýiläýende Swetlananyň haýsymyzy saýlap tutjakdygy barada oýlanardyk. Meniň aňlyşyma görä, herimizem öz ýanymyzdan onuň diňe özümizi saýlap tutjakdygyna ýüregimiz bilen ynanardyk. Özümizden beýlekileriň «göreş meýdanyny» meýletinlik bilen taşlap gidibermeýändigine diýseň geň galardyk Şeýle-de bolsa biri-birimize syr bildirmezdik.

Ýöne biziň barymyzy edil, çapyp barýan atyň ýüzüne urlan ýaly edýän başga bir zat bardy. O-da başlygyň lökgesini sürýän Sylap şopuryň bize görä has dilewarlygam, Swetlananyň ýanyna goltugy sowgatly gün yrman şäherden gatnaýan dükançy Amangulynyň bize görä pulluraklygam, ýa bolmasa birki ýyllykda aýaly ýogalan Hydyrguly mugallymyň rus dili mugallymamyz Natalýa Nikolaýewna öýlenjek bolup oda-köze düşüşi ýaly, Swetlananyňam daşynda pelesaň urubererinden dörän gorkam däl-de, Swetlananyň bizden üç-dört ýaş ululygydy.

Daş gulakdan eşidişimize görä ol ýedinjiden soň meduçilişşäni gutarypdyr-da, göni şu ýere işe gaýdypdyr. Gaýdypdyr däl-de, şo döwürlerde ýoň bolşy ýaly iberilipdir. Iberilen ýeriňden bolsa, iki ýyl işlemän gitmek bolanokmyşyn. Ýogsam gelen günleri yssa çydaman, raýon keselhanasynyň baş wraçy Gurbanaly aganyň kabinetinde üç sagat dagy aglanmyşynam, «Dat, men ýanar oduň içine düşdüm, yzyma gitjek» diýip.

Şol gürrüňleri eşidip bizem bir oturýardyk — ýaşymyzy hasaplap, bir oturýardyk — barybir onuň biz ýetişýänçäk obamyzy terk edip gitjekdigini ýa ekabyrrak ýigitleriň birine «ýal» boljakdygyny ýatlap... «Wah, arman, kakam aldyrmaz, ýogsam-a...» diýip, içimizde tä, dargaşýançak içini tutup gözlerini ýaşardyp oturýanymyzam, bardy-geldi bagty işläp Swetlana öýlenäýse dagy gaýynlarynyňka baryp gelmek üçin näçeräk ýol geçmeli boljakdygyny masştab boýunça hasaplaý-hasaplaý, ahyram gara der bolan maňlaýyny SSSR-iň syýasy kartasyna diräp uklap galýanymyzam bardy.

Sylap şopurdan, Hydyrguly mugallymdan, Amanguly dükançydan welin, Swetlanany hemmämizem bilelikde gabanýardyk. «Şu gün günortanaralar Amanguly goltugy «şampanly» Swetlananyň jaýyna girip, agşama çen çykmandyr...», «Düýn öýlän Sylap şopur lökgesi bilen Swetlanany skwažina suwa düşürmäge äkidipdir», «Hydyrguly mugallym ýoluň ortarasynda dugtor gyz bilen iki sagat dagy gürrüňleşip durupdyr» diýen ýaly çyndygy ýa ýalandygy näbelli ýakymsyz gürrüňler gulagymyza degende dagy, gahardan ýaňa bir ýarylybilemzokdyk. Biziň päk duýgularymyzy basgylap, şeýdip ýörendigi üçin Swetlanadan kine-de ederdik. Öz ýanymyzdan öýkelärdigem. Ýöne, ertesi sanjym üçin ýa gözümize derman guýmak üçin mekdebe baraýsa welin, ähli öýke-kinelerimizi unudardyk-da, sesimizi ýognaldybraga-da:

— Drasdy... — diýşerdik.

O-da ýylgyraga-da:

— Zdrawstwuýte, rebýata... — diýerdi. Käte bolsa: — Ne drasty, a zdrawstwuýte... — diýip, ýalňyşymyzy düzederdi.

Elbetde, onuň bilen içgin-içgin gürleşibermäge päsgel berýän esasy zadyň ýene birem — biziň rusça bilmeýändigimizdi. Onuň öz-ä türkmençäni tekiz bilenokdy. Şonuň üçinem ýeke biz däl, oba adamlarynyň hemmesem onuň bilen başardyklaryndan rusça gürleşerdiler. Aýallar-a oňa «bajy» diýip ýüzlenerdiler, erkek adamlar bolsa, hatda arabakeş Eziz aga çenli «dewuşka» diýip ýüzlenerdiler. Biz welin çat maňlaýyna geçäge-de buýsanç bilen «Swetlana» diýerdik. Ýalan-ýaşryk, müň dürli bahanalar bilen medpunkta baran mahallarymyzam: «Galawa balyt, oçen balyt», «Žiwot balyt, sapsim balyt, dawaý yspyrawka» diýen ýaly şol bir lenç eden sözlerimizden başga diýere zat tapman buruljyrar oturardyk. Kä wagtam: «Swetlana, mana, ine angina» diýip agzymyzy açardyk-da, bokurdagymyzyň diwarlaryny iç ýüzünden biri-birine berk gysardyk. Şonda ol käte-hä: «Aý-ýaý-ýaý, aý-ýaý-ýaý, kak že tak možno» diýip başyny ýaýkardy-da, üç günlük sprawkajyk bilen dermana hat ýazyp bererdi, käte-de bokurdagymyza çemçäniň sapyny sokagada, içini çekip: «Oý-ýoý-ýo-oý, oý-ýoý-ýo-oý, pridýotsýa napisat naprawleniýe gorodskomu poliklininku» diýerdi. Şonda biz zöwwe ýerimizden galardyk-da: «Ni-i-it!.. Ny nada!.. Naprawlenny gorot ny nada! Ýa twaýa ammanul...» diýip gygyryşardyk. «Ah, wy huligany...» diýip, eli demir çemçeli gyzarypjyk duran gyzyň goltugynyň aşagyndan sowulyp geçerdik-de, zymdyrylyp köçä çykardyk. Äpişgeden gelibem: «Daswydanýa pajalysta!..» diýşip, elimizi bulaýlardyk.

Şol gije ýene-de ählije gürrüňlerimiz Swetlana hakynda bolardy.

Amanguly dükançyny, Sylap şopury üýşüp urmak barada, gaýdyp olary Swetlananyň gapysyndan barmaz ýaly etmek barada, gerek bolsa gijelerine gezek-gezegine gapysyny garawullamak barada maslahatlaşýan gezeklerimizem bolýardy. Ýöne birimizden-birimiziň baryp şolaryň haýsydyr biriniň ýakasyndan tutany ýa Swetlana barada iki agyz pert-pert gepleşeni-hä ýadyma düşenok. Onsoňam nämüçindir şu meselede biz Hydyrguly mugallymy beýleki ikisine goşmaýardyk... Belki, onuň bu işe beýleki ikisi ýaly bäş günlük keýp üçin däl-de, çagşap galan öýüni dikeltmek üçin, maşgala edinmek üçin, garaçyny bilen ak ýüregi bilen ýapyşýandygy üçindir? Belki-de, bilim berýän mugallymymyz bolandygy üçindir? Belki!.. Kim bilýär...

...Onsoňam barybir, biziň barymyzam Swetlananyň biziňki däldigini, biziň elýeterimizden onuň has uzagrakdadygyny bilýärdik. Hatda biz ol ýowuz hakykata kaýyldygam. Biz diňe mekdep ýyllarymyzyň çaltrak tamamlanaryna, özümiziň basymrak ýigit çykarymyza, Swetlana bilen yşk hakda sözleşere, onuň bilen tirkeşip, boýnumyz galstukly şähere gidere, Amanguly dükançy ýaly günortanaralar goltugymyz «şampanly» öýüne girip, agşamaralar ýüzümizi ýelpäp çykyp gidere ygtyýar berýän şol, elýetmez ýyllaryň, kämillik günlerimiziň, goý, gohly-galmagally bolsa bolsun — ýigitlik ýyllarymyzyň basymrak gelip ýeterine howlukýardyk. Ejelerimiziň bizi ondan üç ýyl, dört ýyl soň dogurandygy üçin, oturyp-oturyp ahmyr çekerdik.

Asmandan uçup barýan, boýny uzyn durnalar deý, gaty alysda görünýän şol, arzyly ýyllaryň gelerine, göwnüme bolmasa men has beterräk howlukýan ýalydym. Özümiň eýýämhaçan yşk deňzi içre ýüzüp ýörendigimden bihabar, şol arzyly ýyllar hakynda men has köpräk pikir edýän ýalydym.

Medpunkta gatnaý-gatnaý getirýän sprawkalarymdan ýaňa klas žurnalynyň galňap gidendigine garamazdan, okuwdan çykdygym ýene-de şol dermanyň ysy küküp duran jaýa tarap ýönelenimi bilmän galýardym.

Belki, şonuň üçindir, soňabaka men Swetlanany ýeke bir Amanguly dükançydan, Sylap şopurdan ýa Hydyrguly mugallymdan däl, yşk derdini özüm bilen deň-derman çekişip ýören deň-duşlarymdanam gabanyp ugradym. Olaryň birinden-biri Swetlana barada sähelçejik gyşyk gürrüň edäýse-de, ýaka tutuşmakdanam gaýtmadym. Üýşmeleňlerine-de barmadym. Oduna gitmämem, ot ýygmamam goýdum. Men edil gözüniň alnynda ýatan haýsydyr bir gerekli zadyny tapman, kösenip ýören huşy kem adam ýaly, obamyzyň ortarasyndaky medpunktdan gije-gündiz girip-çykyp ýören mele gulpakly gyzy gözläp kösenýärdim. Aldajy ýaly algyr hyjuwyň derdinden gijeler tä daňdana çenli uklap bilmän, iki ýana gorsanyplar çykýardym.

Meniň bu bolup ýörşüme dözmän, deň-duşlarym Swetlanadan el göterdiler. Galamlaryny çommaldyşyp ýene-de edil öňküleri ýaly oba gyzlaryna hat ýazmaga başladylar.

Göwnüme bolmasa, Sylap şopur, Amanguly dükançy, Hydyrguly mugallym baradaky gürrüňlerem ýatyşan ýaly boldy.

Men bolsam sypyndygym medpunkta tarap ylgardym. Öňkülerim

ýaly ýoldaşlarym bilen däl-de, ýekebara-da baryberdim. Bardygymsaýam Swetlananyň öňünde özümi oňaýsyz duýup başladym. Gitdigiçe-de sussum peseldi. «O ýerim agyrýa, bu ýerim agyrýa» diýe-diýe, soňabaka agyrýa diýere ýerim galmady. Üstesine bilýänje sözlerimem gutardy. Her gezek barşym ýaly jygyldawuk stuluň üstünde çöküp näme diýjegimi bilmän, gultunyp oturmakdan başga alajym galmady. Swetlananyň käte bir berýän sowallaryna «da» ýa-da «nit» diýmäge-de göwrämde kuwwat tapylmady.

Içki harasadymdan bihabar o-da gaýtam: «Çto s toboý sluçilos? Ty že byl şustrim parnem...» diýip ýaramyň üstüne duz guýýar. Öňkimdenem beter kyn güne salýar. Adam pahyr çekinýäniňi, utanýanyňy bildirmejek boldugyňsaýy öňkiňdenem beter bulaşar ekeniň. Sesiňem, edýän hereketiňem, özüňki bolmaz ekeni.

Hawa, gün-günden güýjäp barýan ýigitlik hyjuwy meni edil tüweleýiň içine düşen ýeňiljek sypal deý gaýdyryp, pyrlandyryp, soňabaka bimahal çaglaram, gijede-girimde-de medpunktuň gapysyndan eltiberdi. Penjiresine-de golaýladyberdi. (Swetlana medpunktuň içinde ýaşaýardy hem. Diňe ertir dynç güni diýlende şähere ýatymlyk gidýärdi.) Süýem barmagymyň tirsegi aýna degjek-degjek boluberende-de, heniz süňňümden doly çykyp ýetişmedik çaga çekinjeňligi ýeňimden çekip, elimi usullyk bilen aşak salladýardy.

Şol iki güýjüň arasynda aýylganç, ýowuz göreş gidýärdi. Ikisiniň arasyndaky barha ulalyp barýan äpet ýalyn bolsa meni ýakyp-ýandyryp, alyp barýardy.

Ahyram ýigitlik hyjuwy rüstem geldi.

...Ýadyma düşýär, iňrik ýaňy garalyp ugran çaglary öýden çykdym-da, göze ilmezlik üçin çolarak ýerler bilen aýlanyp, öwrülip, medpunkta bardym. Gapa egnimi ýaplap uludan demimi aldym. Sag ýumrugymy düwdüm-de, süýem barmagymyň tirsegini gapa golaýlatdym. Birdenem ýüregim çalt-çalt urup başlady. Elimi yzyna çekdim. Soň ýene golaýlatdym. Ýene çekdim. Ahyram çep elim bilen işigiň ergeneginden berk ýapyşdym-da, ysgynsyzlyk bilen gapyny kakdym. Gulagymy goýup diňşirgendim. Ýuwdundym. Bir gelen ýoluma, birem gapa tarap delmuryp durşuma bir-de gapynyň çaltrak açylyp, janymy alyp barýan derdeseriň basymrak başymdan sowulmagyny, bar zadyň basymrak birýüzli bolaryny islesem, bir-de entek abraý atly ak donum egnimden gaçmanka, bu melamatly gapydan basymrak arany açmaklygy, özümi

tüm garaňkylygyň içine urup, gelen yzyma tarap ýok bolup gitmekligi küýsedim. «Ýok bolubilseýdir, ýok bolubilseýdir» diýen duýgynyň beýnimde ala-zenzele turuzýanam, dilkaw-dilkaw ýiti şöhleleriň göz öňümde iki ýana «ýalp» berýänem edil häzirki ýaly ýadyma düşýär...

Birdenem...

Birdenem gapynyň açar sokulýany «şykyrt-şykyrt» etdi. Men ogurlykda tutulan ýaly töweregime garanjakladym. Gaçmaga synanyşdym. Ýüregim agyr-agyr sarsdy. Gözlerimiň öňündäki şöhleler ýok bolup, onuň ornuny tümgaraňkylyk eýeländenem, gapy bir garyş ýaly açyldy-da, yşyndan bir tutam tylla deý sary saç göründi. Ergenekden ýapyşyp duran elimiň ysgyny gaçdy. Jaýyň içine tarap agyp gaýdybermekden gorkup, sag elimem söýä diredim. Oňa çenli gapy ýene-de birazrak açyldy-da, bulutdan çykan aý ýaly bolup, Swetlananyň sary erik deý meňzi göründi. Maňa gözi düşenden olam birhili boldy. Bir zatlar diýjek bolýan ýaly dodaklaryny gymyldatdy. Boýnuny burup gözlerini gypyrjyklatdy... Eli bilen ýarym açyk ýakasyny ýapdy. Ýene-de oglanlar bolup bezzatlyk edýän bolaýmasynlar diýendir-dä... Ökjesini galdyryp egnim üstaşyry köçä seretdi. Şondan soň süýjümtik bir nazar bilen ýüzüme ýaňadandan bakdy. Üstümden gülenem bolsa bilemok, çalaja ýylgyrdy. Ýöne sesini çykarmady. Duruberdi işige söýendi-de. Agşamyň sergin şemaly degende çözlengi saçlarynyň galgap-galgap gidişi, uçlarynyň ilki meniň ýüzümi sypalap, soňam derçirän ýaňaklaryna, maňlaýyna ýelmeşişi, onam barmaklarynyň ujy bilen sylypjyk goýberişi ýa dodajygyny şo tarapa gyşardyp üfläpjik goýberişi welin, halys janymy alyp barýar. Ýüregim eräp, göwräm ýanan şem ýaly ýere siňip barýar.

Bu bolup durşum Swetlananam juda geň galdyran bora çemeli. Çünki, göwnüme bolmasa, ol gözlerini tegeledi-de: «Ty çto, wypil çto li?» diýäýen ýalam bolup dur.

Ahyram, sypjyrygy bireýýämler bitip giden barmagymy çommaldanymy çalaja bilýän. Içerik nädip girenimi, derman çalynýan ýere nädip baranymy, jygyldawuk stuluň üstüne nädip çökenimi welin bilemok.

Bir görsem barmagym saralgy. Penjiräniň öňünde bolsa onluk çyra ýanyp dur. Meniň gije-gündiz arzuw edip, ýetibilmän ýören Swetlanam bolsa, gabat garşymda, şol bir mähriban bakyşy bilen, şol bir enaýy ýylgyryşy bilen ýüzüme seredip otyr.

«Nämüçin geldiň?» diýip welin soraýanok. Gykylygam ediberenok.

Şoňa-da şükür edip otyryn. Turup ötägidiberere bolsa gurbum çatanok. Gepläbereýin diýsem bolsa dil bilemok. Öňküje, däljikläp diýýän zatlarymyzy bolsa diýesim gelenok. Çünki men bu wagt bu ýere «üç günlük sprawka» üçin ýa iki barmak «naprawleniýe» almak üçin gelemok. Bu wagt meniň niýetim, küýüm başga. Hydyrguly mugallymyň sapak wagty aýdyşy ýaly, «programmam» başga. Halys aljyrap oturyşyma onuň: «Tur! Ýok bol! Göteril şu taýdan!..» diýip gygyraryny, ýeňsämden südenekledip, jaýdan çykararyny isledim. Emma ondan ojagaz tamamam çykmady. Gaýtam oty-yr, possujak elleri bilen käte bir ýumşajyk ýaňaklaryny sypalap.

Uçursyz kyn güne düşdüm. Birdenem tutuş göwräm bilen galdyrap başladym. Tomsuň günüdigine garamazdan, inim üşütdi. Tikeçlerim biri-birine degip, agzymyň içinde ala-şakyrdy turuzdy. Gezek-gezegine ýere degip, otagyň içinde tozan baryny turuzýan aýaklarymy saklajak bolup, aýalarym bilen iki dyzymyň üstünden basyp oturyşyma gözlerimi agdar-düňder edip Swetlananyň ýüzüne seretdim. Ol meniň halymy ýaňy aňan ýaly garbap goşarymdan tutdy. Tutuşy ýalam syçrap ýerinden turdy. Ýüzüni ak tam edip iki ýana garanjaklady.

— Bože moý, ty že bolen!.. — diýip pyşyrdady-da, elimden tutup şähere gitmedik günleri ýatyp-turýan insizje, törki jaýyna geçirdi. Üsti ak mata bilen örtülgi ýaýly krowadyň üstünde oturdyp, goltugyma gyzgyn ölçeýän guralyny gysdyrdy. Ýaraman, delalat isläp gelen adama betgüman bolandygy üçin öz-özünden utanýan ýaly süýem barmagyny dişläp, iki ýana keýerjekledi. Ylgap gidip bir bulgur suw getirdi. Içirdi. Ak tam bolan ýüzüme ýiti-ýiti seretdi-de: «Nawernoýe nado pozwat skoruýu...» diýdi. Gapa tarap topulandanam men ellerimi serdim-de: «Ni-i- -it!..» diýip jynssyz gygyrdym. Ol sakga durdy. Bärsine öwrüldi. Bir bökende ýanyma geldi. Gabat garşymda dikejegine çökdi. Bir elini dyzymyň üstünde goýdy-da, beýleki eliniň aýasy bilen maňlaýymy, duluklarymy elledi. Gözlerimiň içine çiňerilip-çiňerilip seretdi. Goltugymdaky guraly ýyldyrym çaltlygynda sogrup aldy-da, gözleriniň önüne eltdi. Diňe şondan son agyr howpdan sowulan adamyň süňňügowşaklygy bilen başyny aşak sallady-da: «Owf, slawa bogu...» diýip, ýaňadandan ýüzüme seretdi. Ýerinden turdy. «Ah, kak ty napugal menýa, a?» diýip üstüme egildi. Şonda onuň çözlengi saçlarynyň ujy ýene-de ýüzümi ýelpäp gitdi. Ýakymly zenan ysam burnuma urdy-da, süňňüme öňki gowuşgynlyga-da meňzeş bolmadyk, nähilidir bir nämälim,

süýjümtik lezzetiň humary aralaşdy. Synalarym göz-göz bolup barýanam bolsa, göwrämiň bir ýerinde gurp göründi. Göwnüm galkdy. Ýüregim ersdi. Kuwwatlandym. Galpyldymam galdy. Häliden bäri duluklarymy «lap-lap» gyzdyryp, gabaklarymy ýerden götertmän duran agyr perde-de ýüzümden sypyrlan ýaly boldy. Galan ömrüme, zenan bilen ikiçäk galan pursatym, özümi nalajedeýin ýa batyrgaý alyp barjakdygymy kesgitleýji, aýgytly pursat geldi. Men ýa-ha tä çykyp gidýänçäm şu oturyşyma, ýere bakyp, çym-gyzyl bolup oturmalydym, ýa-da...

Men başymy galdyrdym. Henizem üstüme eglip duran Swetlananyň ýakasyndan görnüp duran ter mämelerine, ak alkymyna, kä ýeri jugra-jugra hal bolup duran tämiz boýnuna, gülgün öwsüp duran ýaňaklaryna, dykyzja dyzlaryna, boldumly butlaryna, tekizje topuklaryna göz açyp-ýumasy salym syn edip oturdym-da, gyz tarapa ýyldyz deý süýnüp giden ýüregimiň ýelginine laňňa ýerimden galdym-da, sen-men ýok, boýnundan aslyşdym. Ululygy bolaýsa arakesme wagty «kişmiş» oýnaýan kiçijik, daşy rezin gatyşykly gytyksy, akja matadan edilen, gatyja pökgimizçe barly-ýokly, dykyzlygam bolubilse şonçarak, uçlary dürteripjik duran ter göwüsleri kükregime degendenem süňňüme henize çenli özüme mälim bolmadyk, ýakymly agraslyk aralaşdy. Häliden bäri agzymdan çykara gelip duran ýüregimiň üsti süýjäp-süýjäp gitdi. Böwedi ýarylan sil ýaly endamymdan şaglap çykan derimi daş-töweregime seçelendirip durşuma Swetlananyň ýüzünden, gözünden emelsizlik bilen ogşadym. Birdenem egnimden biri çekäge-de: «Eý, nädip dursuň-e-eý...» diýen ýaly, «has-has» edip yza çekildim. Agyr düýşden oýanan ýaly, eden işime ökünip aşak bakdym. Utandym. Swetlananyň gözlerinden gizlenmek üçin ýüzümi iki ýana sypajaklatdym. Onuň hemişekileri ýaly: «Ah, ty huligan!...» diýip, sesiniň ýetdiginden gygyraryna, eline ilen zady aýlap, bu ederini bilmez bikemal başymdan salaryna garaşdym. Bir bökende jaýdan çykyp, içl çöp-çalamdan doly garaňkylyga siňmek üçin, açyk duran penjirä tarap topuldym.

Emma gyz goýbermedi. Elimden şapba tutdy-da: «Sadis» diýdi. Oturdym. Özem oturdy. Aşak bakdy. Dodaklaryny dişläp uludan demini aldy. «Oý, ne mogu...» diýip, elleri bilen ýüzüni tutdy. Şeýdip ep-esli oturansoň usullyk bilen ýöräp gitdi-de, «şykyrt» etdirip daşky gapyny içinden ildirdi. Gelip äpişgäni ýapdy. Tutusyny çekdi. Soň ýene-de ýanyma geldi. Gapdalymda oturdy. Ýüzüme seredip ýylgyrdy. Dermanyň ysy gelip duran ýumşajyk, mähirli elleri bilen ýene-de başymy sypalady.

Maňlaýyma düşüp duran saçlarymy barmaklary bilen darap, yzyna gaňtardy. Süýem barmagynyň uçjagazlaryny ýaňy bir garalyp ugran murtjagazymyň üstünden ýöredibem bir enaýy owaz bilen:

— Na kakom klasse ty uçişsýa, malçik?.. — diýdi.

Bu sorag maňa: «Sen kim, men kim? Hetdiňi tanasaň bolmadymy?» diýen manyda eşidildi. Göwnüme şol wagt Amanguly dükançy gapydan giräge-de, goltugyndan bir çüýşe «şampan» çykaryp stoluň üstünde goýaýjak ýaly, birdenem maňa gözi düşüp: «Ehe-he-ýeý, bujagazy» diýip, hahahaýlaberjek ýaly bolup duýuldy. Meniň şu bolup oturyşym hakdaky gülküli gürrüňler bilen, Sylap şopuryň oba adamlaryny, Hydyrguly mugallymyň mugallymlary gülüşdirip durşy göz öňüme gelende bolsa, öňkümdenem beter aljyradym. Meniň ýerimden turaga-da: «Men çaga däl! Okuwçam däl! Men mekdebi bireýýäm gutardym. Özümem üç ýyl bäri pylan ýerde işläp ýörün» diýäýesim geldi. «Näme iş edýäň?» diýip soraýsa dagy pylan iş edýän diýer ýaly, aňymda özüme borluk kärjagazam agtardym. Hiç bolmanda onunjyda okaýan diýesim geldi. Emma nädip diýjek? Kimiň edil haýsy klasda okaýandygyny bilmese-de, mekdebiň okuwçylarynyň barysyna ol bäş barmagy ýaly belet ahyry. Şonuň üçinem men her näçe kynam bolsa:

— Dewýatym klasym... — diýip, dogrujamy aýtmaly boldum. Bokurdagymy arçadym. Uly adamlaryňky ýaly elimi agzyma eltip, gysymyma üsgürindim.

Bolsa-da şondan soň Swetlana hiç hili sorag bermedi. Gaýtam şeýle bir ýumşajyk, şeýle bir mähirli aýasy bilen maňlaýymdan sypalap:

— Çego ty tak ýežişsýa? A? Nu-ka, podnimi golowu. Ty že uže mužçina, wzroslyý çelowek... — diýdi.

Diýen sözleriniň hemmesine düşündim. Edil türkmençä düşünişim ýaly düşündim. Şol iki agyz hoş söz meni göz açyp-ýumasy salymyň içinde oglanlykdan saýlady. Uly adamlaryň hataryna goşdy. Şonda men özümi ilkinji gezek çaga däl-de, bu dünýäniň ähli aladalaryna, ajysyna-süýjüsine hemmeler bilen deň derejede şärikli, hakyky adam hasap etdim. Ruhy taýdan kämilleşdim. Ýigit çykdym. Oba arasynda telpegini gyşyk geýip, gaýşarylyp gezýän jahyllar bilen egin deňleşdirip, bir köçeden ýöremäge özümi hakly-hukukly saýdym.

Birdenem Swetlananyň possujak dodaklary ýaňagymy daglap goýberdi. Soň ýene... Ondan soň ýene-de.... Ýene-de...

Bar zat edil düýşdäki ýaly boldy. Ýol açyldy. Men ýa, alla diýdim-

de, özümi gyzyň gujagyna ýaňadandan okladym. Ýöne bu gezek başkym ýaly oglan bolup, çal beýni çaga bolup däl-de, kämil bolup, jahyl bolup okladym...

...Elbetde, şol döwürler deň-duşlarymyň ýanynda agzyboşluk edip aýdyşym ýaly: «Olam meni daşymdan söýüp ýör ekeni, bararyma garaşyp ýör ekeni» diýip, men siziň öňüňizde-hä ýalan sözläp biljek däl. Rastymy diýjek. Ol maňa öňden aşyk ekenimi, ýa baranymdan soň aşyk boldumy, ýa bolup oturyşyma dözmän, oglan göwnümi ýykmazlyk üçin göwnüm üzre agypmy, onçasyny biljek däl. Ony men şu çaka çenli özümem bilemok. Belki, Swetlananyň özem bilýän däldir. O hakda biziň aramyzda gürrüňem bolanok. Belki, bolmalam däldir. Belki, düşündirmek geregem däldir. Belki, bu bir mukaddes syrdyr, Belki, bu syr syrlygyna-da galmalydyr. Belki, şeýledir, belki-de, şeýle däldir, onçasyny bilemok. Men diňe Swetlananyň meni gara ýerden garbap alaga-da, gök asmana tarap uçuryp goýberenini bilýän. Başga zady bilemok.

Hawa, men şol gezek oglan bolup giren gapymdan jahyl bolup çykdym. Gögele bolup giren gujagymdan kämil bolup çykdym.

Ýöne hemme zat terligine, tämizligine galdy.

Hemme zat şol günüň ertesem, birigünem, soňky günem, soňkusy günem terligine galdy.

Men her gije gün ýaşyp, iňrik garalandan soň şol bir gelýänje çolaja ýollarym bilen aýlanyp, öwrülip, orta atylan ak aşyk ýaly obamyzyň ortarasynda agarypjyk oturan çaklaňja jaýyň gapysyndan barýardym. Gapyny eda bilen kakýardym. Iki gezek eşidilýän ýoňsuzja «şykyrdydan» soň bir sereden sähel gowrak açylan gapydan ýantaklap girýärdim. Girişim ýalam maňa garaşa-garaşa gözleri ýolumda galan mele gulpakly gyzyň gyzgyn gujagyna dolýardym.

Şondan soň uzynly gije men oňa obamyz, obamyzyň adamlary, gün-güzeranymyz, däp-dessurlarymyz, edim-goýumlarymyz hakda heziller edip gürrüň bererdim. Öz gezeginde olam dogduk mekany alyslarda galan Kuban sähralyklary, urşuň ýowuz ýyllaryna gabat gelen çagalyk döwürleri barada gürrüň bererdi. Kakasynyň uruşda, ejesiniň şähere bomba düşende ýogalandygyny, özünden uly gyz doganyny bolsa ýitirendigini, onuň nirededigini den heniz-henizlerem bihabardygyny, ýöne tä, ömri ötinçä gözlejekdigini aýdyp ugranda bolsa gözlerinde ýaş görünerdi. Sähelçe wagtyň içinde öýden-öwzardan, ata-eneden, mähriban dogandan aýrylyp ýetim galandygy zerarly çagalar öýünde önüp-ösmeli

bolandygy üçin gamlanardy. Birdenem başyny silkip goýbererdi-de: «Dawaý-ka, ostawim eti razgowory, a to kak-to skuçno» diýerdi we şowhunly, şadyýan gürrüňlere başlardy. Tow berilýän patefonyna kart goýup, iň eý görýän aýdymlaryny aýtdyrardy. Gözlerini süzüp, ellerini hereketlendirip, sessiz-üýnsiz diňlärdi. Menem diňlärdim. Käte-de ýerinden turardy-da, öýüň içinde aýlanyp, öwrülip, tans edip ugrardy. Elimden çekip turuzardy-da, menem pyrlandyrybererdi. Emelsizlik bilen aýagyny basaýsam dagy: «Oý, oý...» diýip, hezil edinip gülerdi. Ýalandan torsarylan bolup: «Kakoý ty bezpomoşşnyý. Wot budet woskresenýe, ýa tebe wozmu w gorod i, nauçu tam tebe kak sleduýet tansewat» diýerdi. Menem näbelet sazyma aýagymy goşubilmän ýörşüme: «Haraşo! Poýedim gorot. Ýa haraşo tansowal uçit...» diýerdim.

Şonda biziň ýaşymyzam, boýumyzam, hatda hüý-häsiýetlerimizem edil bir obanyň terbiýesini alan çagalaryňky deý deňleşýärdi. Şonda biz biri-birimize düşnüksiz, aýry dilde gepleşýändigimizem unudardyk. Aslynda, göwünler alşyp, ýürekler biri-birine atygsan wagty dil diýlen zat dagy geregem däl ekeni.

Hawa, her näçe öwrenişsegem ol meniň ilkinji gezek gelip gapyny kakyşym, aljyrap otagyň ortarasynda ala-güpürdi bolup oturyşym barada dilini ýaranokdy. Menem ýaramokdym. Her näçe sorasym gelip, içim byjyklap barýanam bolsa, «sen şol gezek mendigimi bilip açdyňmy, ýa kim bolsa şol bolsun diýip açaýdyňmy?» diýibem sorap bilemokdym. Hydyrguly mugallymyň söz aýdandygy ýa aýtmandygy barada hem, Sylap şopurdyr Amanguly dükançy baradaky gürrüňleriň çyndygy ýa ýalandygy barada hem sorap bilemokdym.

Nädip soraýyn? Ýok, nädip soraýyn däl-de, sorap nädeýin? Ol meni hiç kimiň, hatda obanyň men diýen ýigitleriniňem girip bilmedik gapysyndan goýberdi. Güler ýüz berdi. Ganatlaryny gerdi. Gujagyna gysdy. Ýaş nahal deý ösüp gelýän ýaş oglana şondan başga näme gerek? Ýüzüne çeşbent çekip, gerdenindäki «uýat» atly mähnet ýüküň astynda ýegşerle-ýegşerle gelen bir garyp ýigide birinji baran gapysyndan ýüz tapmaklykdan gaýry ýene näme gerek? Ýeri, indi şondan soňam göwnüňi müňküre baglap, bolgusyz soraglar berip otursaň zenanyň yhlasyna güman etdigiň, ygtykadyndan nägile boldugyň bolmazmy?

Ah, ol päkize günler hakynda aýtsam sözlerim tükenmez! Diýsem dertlerim dep olmaz! Emma nätjek, aýtmanam bolanok...

Hawa, men onuň ýanyna gün ýaşyp garaňky gatlyşandan soň

barardym-da, daňdanaralaram gaýdardym. Giç gelenimi bildirmezlik üçin hiç haçanam içinden temmelenmeýän gapymyzy usullyk bilen açýardym-da, uly-kiçi, barymyzyň bilelikde ýapynýan köneje ýorganymyzyň aýak ujundan sümülerdim. Obamyzyň ortarasyndaky, ýalňyz ak jaýyň içinde, üsti ak mata bilen örtülgi, ak ýaýly, ak krowatyň üstünde ak kepderi ýaly «guguldapjyk» oturan, ak köýnekli, ak gyzyň ak keşbini ak daňdanyň şöwrüne garyp süýji uka giderdim. Ertesi kakam ýa ejem ýüzlerini agraýdyşyp: «Agşam ýaman giç geldiň-le, gara go-oç...» diýselerem ýa-ha «Deňňene etdik» diýerdim, ýa-da: «Aý, dutar çalyp köpräk oturaýypdyrys...» diýip, göz-görtele ýalan sözlärdim. Okuwa-da gitsem-ä giderdim, bolmasa-da ýatardym günuzyn gözlerimi pökgerdip. «Tur, okuwyňa git» diýselerem: «Günde-günde-de bir okuw bormaý» diýip, beýläme öwrüläýerdim. Azyp-ýazyp turaýsamam gözlerim Gündedir, haçan ýerine giräýerkä diýip. Şol günler men Hudaýdan diňe bir zady — basymrak Günüň ýaşaryny, agşamyň düşerini dileýärdim. Deň-duş oglanlarymyň haçanlar barjakdygy näbelli, syrly, üýtgeşik bir dünýä özümiň eýýämler syýahat edip ýörendigim üçin, özümi bagtyýar saý- ýardym. Olaryň maňa bolan garaýyşlarynyň düýpgöter üýtgändigini, özlerinden ep-esli uly adama seredýän ýaly, maňa tarap çekinjeňlik bilen garap ugrandyklaryny, klasdaş gyzlarymyzyň meniň bilen salamlaşmalarynam goýup, torsarylyşyp ugrandyklaryny bolsa men häki bir, hökmany bolaýmaly zat hasap edýärdim.

Men indi agşamky üýşmeleňlerimize-de baramokdym. Oglanlaryň gyzlar hakdaky gürrüňlerine-de goşulamokdym. Çünki men eýýäm olaryň o-ojagaz oglanlyk dünýälerinden daşlaşypdym. Çägä suw guýan ýaly hiç bir netijesiz siňip gidýän, oglan aldar, ownujak gürrüňlerinden irişipdim. Men eýýäm saýlamalymy saýlap, seçmelimi seçipdim. Meniň öňümde indi ýekeje mesele galypdy — o-da, kakam dagynyň meniň rus gyzyna, onda-da özümden üç-dört ýaş dagy uly gyza öýlenmegime razy boljakdygy ýa bolmajakdygydy.

Emma ol meseläni orta atmalam bolmady. Gatnaşyk açyp ugranyma ylaýyk bir hepde diýlende: «Swetlana obadan gidipdir, özem gidişleýin gidipdir» diýen gürrüň oba ýaýrady.

Men bu habary ikindinaralar, ukudan ýaňy turup, mellegimiziň aýagujundaky ýorunjaly peliň içinde, maňlaýymy derçiredip, Güne seredip duran wagtym, medpunkt tarapdan içini tutup, iki büklem bolup gelýän Jeňňi daýzadan eşitdim. Emma ynanmadym. Hut öten agşam hoşlaşyp,

şu gije ýene-de duşuşmagy wadalaşyp gaýdan mähribanymyň sen-men ýok, hoşlaşman zat etmän, sebäbinem aýtman ümdüzine obadan çykyp gidiberendigine ynanmadym. Ýalandyr öýtdüm. Haýsydyr bir rakybyň biri meni ýaralamak üçin ýörite, gürrüň ýaýradýandyr öýtdüm.

Şonuň üçinem, çat maňlaýyma geçip, zäk ýalap oturan Jeňňi daýzadan hiç zat sorajagam bolmadym-da, aldyranym bar ýaly bolup, göni medpunkta tarap ylgadym. Baryp bat bilen gapyny çekdim. Açylmady. Kakdym. Özünem birinji gezekkim ýaly çekinjeňlik bilen däl-de, batyrgaýlyk bilen kakdym. Onda-da açylmady. Bokurdagymy dolduryp: «Swetlana! Swetlana!» diýip gygyrdym. Ses-üýn eşidilmedi. Birazajyk ýuwdunjyrap durdum-da, ylgap äpişgäniň öňüne bardym. Aýnany kakdym. Ýene-de jogap bolmady. Ýumrugym bilen bir uramda penjiräniň aşaky gözüni kül-uşak etdim-de, tutusyny syryp içerik boýnumy uzatdym. Ortarada duran tegelek stoldan, üstündäki içi dermanly çüýşejiklerden, kagyz gutujyklardan, bir gysym ak pamykdan başga hiç zada gözüm düşmedi. Birem şol, derman gatyşykly tanyş ys burnuma urdy, bolany. Hemişeki giren agzyňdaky burçda asylgy duran eşiklerem, şähere gidende geýäýmese, galan wagty krowadynyň aşagynda jüpläpjik goýýan ýalpyldawuk, melemtil köwşem ýok. Gyş eşiklerini salýan şkafynyň agzy açyk. Içi boş. Demir çemçejiklerini, dürtgüçlerini, stakandyr çäýneklerini salýan tumboçkajygy gapagyny bir tarapa gyşardyp haňlap ýatyr. Hemişe şonuň üstünde durýan patefonam ýok. Garaz, bar goşuny sanap nädeýin, gepiň gysgasy ýagşy, bir agyz söz: Gyz ýok! Gidipdir. Hakykatdanam gidipdir. Özem dogrudanam, gidişleýin gidipdir. Meni aldap gidipdir. Taşlap gidipdir. Öten agşamky beren wadalaryny bozup gidipdir. Ýaş ýüregime ýaralar salyp, bagryma yza çekip gidipdir. Ýaňy bir bat alyp barýan köňlüm binasynyň ak küňrelerini birin-birin ýykyp gidipdir.

Hawa, otagyň ortarasynda çaşyşyp ýatan bäş-on sany saça sanjylýan iňňäni, üç-dört dişi döwük, ýaý ýaly egri, goňur reňkli aýal daragyny hasap etmeseň, şu içerde Swetlananyň ýaşandygyny aňladýan hiç hili alamat ýok.

Giň dünýä gözüme dar göründi. Gün ýaşmanka garaňky düşdi, gyş düşmänkä gar ýagdy. Asmanda ýekeje buludam ýokdugyna garamazdan, depämden çagba indi. Gözýetimiň gündogar çüňkünden lowurdap çykan gyzyl ýyldyrymyň ujy pelegiň ýüzi bilen asman sary süýnüp gaýtdy-gaýtdy-da, süýr depämden ýol ýasap, ýene-de aşak indi, barybam

gözýetimiň günbatar çüňküne sanjyldy. Dünýäniň ýüzünde ýyldyrymdan ýasalan äpet ýaý emele geldi. Gaşym bilen deňleşip duran kirişlerine böküp münäge-de, gyzyň giden tarapyna atylmak niýeti bilen ellerimi uzatdymam welin, ýanar ot barmaklarymyň ujuny daglap-daglap goýberdi. Yzasy ýene-de ýüregime ýetdi. Elimi çekip aldym-da, kimdendir birinden delalat isleýän ýaly daş-töweregime, mähriban obamyzyň bitertip oturan külbejiklerine tarap gözümi aýladym. Delmurdym. Emma hiç kimden haraý tapmadym.

Şu çaka çenli gözüme behişdiň bosagasy, hüýr gyzlaryň mesgeni bolup görnen akja jaýjagaz bolsa bir demde haraba öwrüldi. Bu giň asmanyň astynda hezil edip dem alara bir goşawuç howa tapylmady.

Aýnany döwemde kesilen bolmaly, bir görsem çep elimiň arka ýüzi gara-gan. Emma eglenere pursat ýok, daşyna elýaglygymy oradym-da eňdim göni şähere, tarap. Orta ýola ýetip-ýetmänkämem Hydyrguly mugallym welosipedini şakyrdadyp yzymdan ýetdi-de, çat maňlaýyma geçip:

— Gaýt how yzyňa! Häý, bihepbe diýsänim! Dolan! Ondan-a okuwyňy oka! Ýene-de iki ýylyň ba! Egzaminleriň ba bir topar. Sapsim bar zady başyňdan aýlap urduň sen... Özüň-ä özüň welim... Hiý, beýle-de bir bolgusyzlyk bormy?.. — diýdi. Onuň ojagaz töwellasy bilen-ä dönmesem-dönmezdimem welin, Eziz aganyň araba goşýan dor ýabysyny ýüzin saldyryp gelýän kakama gözüm düşenden ädimlerimiň haýallaberenini, ýüzümiň oba tarap öwrüliberenini özümem duýmandyryn.

Gaýtdym. Gaýtmaly boldum. Ýöne barybir ertesi irden, entek hiç kim örmänkä, uly ýol bilenem däl-de, bäş gatlanyň üsti bilen gidýän inçejik, pyýada ýoly bilen şähere tarap ylgadym.

Iş başlanmanka raýon keselhanasynyň agzynda häzir boldum. Agşam nobatçylyk edipmi, nämemi, bagtyma barşym ýaly baş wraç Gurbanaly aga pete-pet gabat geläýdi. Men salam ýok-helik ýok:

— Agam, Swetlanany görmediňmi? — diýip, onuň alkymyna dykyldym.

Olam: «näme etjekdiň sen ony?» beýleki diýibem soramady-da, howlynyň töründäki ambulatoriýa tarap yrgyldap barşyna:

— Wah, Swetlana bar bolsun, inim! Geleli bäri gitjek diýip ýüregimizi-bagrymyzy eze-eze, ine, ahyram düýn öýlän gitdi bardy, elimize-aýagymyza-da bakmady... — diýdi. Birdenem bir zat ýadyna düşen ýaly sakga durdy-da, ýüzüme çiňerildi. — Hä, näme, syrkaw

barmy? Obadamy? Şol obadamy? Şol obadanmy sen? Kimiň ogly sen? Hä? Neme agaň ogl-a dälsiň?..

Şondan soň onuň näme diýip, näme goýanyny bilemok. Ýene-de düýn agşamky ýaly beýnimiň içinde ýyldyrym çakdy, gözlerimiň öňüne çalymtyl perde tutuldy, ýüregim sançdy. Kimdir biriniň tä howludan çykýançam (ýöne Gurbanaly aga-ha däl) öňüme bir geçip, yzyma bir geçip: «Sen zerarly negözel işgärimizden aýryldyk, ispisalistsiz galdyk, heý, mysalaň gursun seň...» diýip daşymdan kebelekleýänini, öňümden eýläk-beýläk okkessirme geçýänini, egnimden tutup silkeleýänini bilýän. Egnindäki ak ýektaýynyň galgap-galgap gidýäninem bilýän. Ýöne kimdigini welin bilemok.

Onsoňam ol kim bolanda maňa näme? Kimiň gepi maňa täsir etjek o wagt! Ol wagt öňümden çykyp maňlaýyma tüpeň diränlerinde-de, munyňyz näme diýjek adam däl men. Ol wagt men güň! Lal! Telbe! Däli!..

...Ýigit çykdym diýip her näçe hekgeren bolsamam, entek oglanlygyň çal dumany serimden doly sowulman ekeni. Zalym ejizlik entegem pursat peýläp, töweregimde köwejekläp ýör ekeni. Ol gelip ýakamdan tutuşy ýaly şäherden çykdym-da, bir çolarak ýere çekilip, tä demim tükenýänçä agladym. Şeýdibem içimi egisdim.

...Swetlananyň öwezine hiç zat alman, peşgeş beren bäş günlük söýgüsini welin ýyllar geçse-de undup bilmedim. Oglanlykdan ýaňy saýlanan, ak kagyzdanam ak ýaş kalbyma ilkinji gezek «söýgi» sözüni ýazan, tylla deý sary saçlary sagrysyna düşüp duran ak melegi undup bilmedim. Şol ýylam, soňkusy ýylam, mekdebi gutaranymyzdan soňam, öýlenip, çagaly-çugaly bolanymdan soňam undup bilmedim. Henizem undup bilemok.

Henizem her gezek oba baranymda, ýolum düşse-düşmese ýaş başymy ah bilen efgandan doly birgiden gowgaýa goýan şol çaklaňja jaýjagazyň işiginden geçýän. Ogurlyk etjek ýaly daraklygyma basyp daşyndan aýlanýan. Göwnüme bolmasa, ýene-de şol gezekkisi ýaly «şykyrt» etdiräge-de açylaýjak ýaly, yşyndan bir çogdum tylla saç ygyp çykaýjak ýaly, ukusyzlykdan ýadap ýellenen gabaklaryny owkalap duran Swetlananyň possujak ýüzi görünäýjek ýaly nijembir wagt bäri adam ogly girip-çykmaýan gapyny ýuwaşja kakýan. Edil şol gezekkim ýaly: «Swetlana, Swetlana!..» diýip çalajadan pyşyrdaýan. Az-kem garaşyp durýan-da çekibem görýän. Öwrüldigim gapy açylaga-da, içinden

gözlerini ýaşardyp Swetlana çykaýjak ýaly, dönübilmän kän durýan. Gapa bakyp tolgunýan, penjirä bakyp emenýän. Ahyram lapym keç bolup, gaýrak çekilýän. Obadan gaýdyp, şähere gelenimden soňam, kalbymyň töründe ýer äden şol mährem gyz hakyndaky, egnime duýdansyz gonup, duýdansyz uçan ilkinji söýgim hakyndaky hupbatly ýatlamalaryň üstüni gündelik hysyrdylar, iş-aladalar doly basýança, telim gunläp özüme gelip bilemok.

Iň bir ezýetli ýerem men henize-bu güne çenli Swetlananyň nämüçin özümi beýle duýdansyz halda taşlap gidendiginiň sebäbini bilip bilemok. Şu ýerde nähili gümürtikligiň bardygyna, saý-sebäp bilen gitmeli bolaýanlygynda-da nämüçnn barjak ýerine barandan soň bir nirededigini mälim edip iki barmak hatjagaz ýazmandygyna hiç düşünip bilemok. Şu zatlary şonuň öz erkine, öz ygtyýaryna edip ýörendigine ynanyp bilemok. Çünki iň soňkudygy ýadymyza-oýumyza-da düşmedik şol gije biz ikimizem birek-biregi hiç haçan taşlamazlyk, birek-birekden hiç haçan dönmezlik, ykbal haýsymyzy haýsy ýana zyňsa-da, birek-biregi hökmany suratda gözläp tapmaklyk barada ähdi-peýman hem edişipdik ahyry.

Şonuň üçinem, nirede bolsa-da bir ýerde bardygyny bildigim ony tapjagymam, sözümiň üstünde är kimin durjagymam, oňa öýlenjegimem çynymdy. Emma ine, duýman durkam bulaşdym-da, kelebiň ujuny ýitirdim oturyberdim. Umydymy welin ýitirmedim. Men ony ömürboýy gözledim. Dynman, arman, ýadaman gözledim. Mekdebi gutaryp okuwa gidenimden soň, bäş ýyllap Aşgabadyň giň köçelerinden, seýil baglaryndan, tomaşa jaýlaryndan gözledim. Goşunçylykda gulluk eden döwürlerimde Kawkaz daglarynyň garly gerişlerinden, Russiýanyň, Gazagystanyň sergin sähralyklaryndan, Baltikanyň kenar ýakalaryndan gözledim. Ikimiz üçinem ömürlik ýaly bolup görnen, bir gowy düýşe meňzäp galan şol sapalyja günlerimiz, ätiýaçdan, önüp-ösen ýeri bolan çagalar öýüniň adresini dagam ýazyp alaýmandygym üçin ökünmekden ýaňa, ýumrugym bilen maňlaýyma ura-ura gözledim.

Raýon keselhanasyndan bolsa her näçe gatnasamam belli bir adres alyp bilmedim. Ýok diýdiler. Tapamzok diýdiler. Ýa tapaslary gelmedi ýa-da onuň özi tapylmaz ýaly edip gidipdir. Garaz, tapylmady. Janhowluma Kubana gitdim. Bir ýerde çagalar öýi bar bolsa gözläp çykdym. Bolan ýerinem tapdym. Emma şu wagt nirededigini welin olaram bilmediler... «Çagalar öýi bir guşuň höwürtgesidir, ogul, bir uçurym bolansoňlar

guşjagazlaryň özleri gelip habar tutaýmasalar ýa niredediklerini özleri mälim edäýmeseler höwürtge eýeleri kimiň nirededigini bilip bilmez» diýdiler. Ahyram okan uçilişşesiniň adresini berdiler. Bardym. Olaram birgiden kagyzlary dördüler-dördüler-de: «Pylan respublikanyň pylan raýonynyň pylan obasynda bolmaly, şol ýere iberilipdir» diýip, meniň hut, öz obamyň salgysyny berdiler. «Wah, ol ýerde ýo-o-ok, ine, men şol ýerden geldim-dä» diýsemem: «Onda şol ýeriň raýon keselhanasyndan sorasaňyz aýdarlar nirä gidenini» diýdiler. «Bilenoklar-r...» diýip ýer depdim. Olaram nätsinler, eginlerini gysdylar-da, ellerini serdiler, şonuň bilenem gürrüň gutardy.

...Men şu ömrümde, soň-soňlaram, Swetlana atly gyza kän duş geldim. Emma, şol, her tary sünbüliň taryndanam inçe, ýüpek deý ýumşak, bir örüm tylla saçlary sagrysyna düşüp duran Swetlana welin duş gelip bilmedim.

Belki, indi onuň o-ol, tylla saçlary özüniň altyn öwüşginini ýitirendir. Belki, başyna gyraw düşendir. Çal sependir. Belki, gök asman dek dury, jöwher deý ýiti gözleri öňküsine görä küteli şendir. Ýüzüne ýygyrt düşen bolmagam ahmal. Mümkin. O zatlar hiç. O zatlardan hiç kime-de gaçyp gutulma ýok. Ol zatlaryň barysy durmuşyň hökmany kanuny. Oňa bizem kaýyl. Esasy zat, onuň şu dünýäde bar bolmagy. Baş esen, bagry bitin ýaşap ýörmegi. Meniň ýaşap ýören dünýämiň bir künjünde onuňam ýaşap ýörendigini, meniň dem alyp ýören howamdan onuňam dem alyp ýörendigini meniň duýmagym.

Onsoňam, keşp üýtgän hem bolsa, hünji deý nepis sözlerden düzüm-düzüm monjuk düzýän şirin zybany üýtgän däldir. Bir pukara oba oglanyny bäş günde ýigitlik ýoluna ataran, deň-duşlaryndan saýlap-seçip, sekilli al bedewe ataran mährem ýüregiň ýylysy üýtgän däldir.

Maňa şol ýürek, şol zyban bolsa bolany! Şol ýürek, şol zyban bilen ýene-de ýekeje gezek sözleşsem bolany! Maňa şondan başga hiç zat gerek däl!..

Men henizem saňa garaşyp ýörün, eý, ýüpek deý ýumşak, tylla deý sary saçlary sagrysyna düşüp duran ak ýüzli maralym! Ömrümiň gülşeni! Ýaşlyk säherim! Ir düşen baharym! Gel! Gün gaty gijikmänkä, garaňky düşmänkä, meniň şo-ol, ilkinji gezek gapyňdan baranymdaky ýaly, iňrik doly garalmanka gel! Gyş düşüp zemin ak dona bürenmänkä gel! Pursatlar goldaka gel!

Gel! Gel, ikimiz gol tutuşyp ýene-de şo-ol, gülşenli günlere, sapaly

çaglara gideli. Ýene-de şo-ol, alysdaky obamyza baraly. Baraly-da, hiç kime duýdurman, ikimiziň bary-ýogy bäş günjük dowam eden eşretli günlerimize gurnalan ýadygärlige meňzäpjik oturan çaklaňja jaýyň gapysyny emaý bilen açaly. Içine gireli-de, ak mata bilen örtülgi, ak ýaýly krowadyň üstünde ýanaşyk oturyp, geçen günlerimiz hakynda söhbet açaly. Hal-ahwal soraşaly. Ýaşlygymyzy ýatlaşaly. Durmuş hakda, gelejek hakda, çaga-çugalarymyz, öý-öwzarymyz, maşgala durmuşymyz barada dostlarça, köne tanyşlarça derdi-hal aýdyşaly. Edil öňkümiz ýaly, gyz terliginiň gaýmagyny bozman, oglanlyk säheriniň päkize asmanyny ýalanaç aýaklarymyz bilen basgylaman, bar zady öz bolmaly mütdedine goýup, ýene-de öňküjämiz ýaly tä daňdana çenli, howlukman adajadan-adaja sözleşeli oturaly.

Şonuň üçinem şol ýerde oturyp her näçe sözleşsegem hiç kim indi bizden aýp-syn etmez. Hiç kim men zerarly boýnuňdan mähnet daşyny asmaz. Senem meni munça gümanlar içinde goýup, baky sergezdanlyga sezewar edip, näbelli sebäplere görä obadan çykyp gitmersiň. Menem seniň yzyňy yzlap ýollara çykman. Dor atyny ýüzin saldyryp kakam yzymdan ýetmez. Galan ömrüme seni görmejekdigimi ýüregime sygdyrybilmän, pynhan bir ýerde oturyp, zaryn-zaryn aglaman. Ol zatlaryň bary indi geçdi gitdi. Ol günler indi dolan diýsegem dolanmaz. Ýöne, bu baky asmanyň aşagynda seniň bilen ýene-de hiç bolman ýekeje gezek duşuşyp: «Sen nämüçin meni taşlap gitdiň? Onuň sebäbi näme?..» diýip sorabilsem, onuňam jogabyny öz agzyňdan eşitsem, köňlümde arman galmaz. Men senden ýene-de bir zat barada, mähriban doganjygyňy tapandygyň ýa tapmandygyň barada hem soraryn.

Hut, şonuň üçinem men saňa garaşyp ýörün, eý, meniň merdana melegim!.. Ýüpek deý ýumşak, tylla deý sary saçlary gerdenine düşüp duran Swetlanam! Meniň eziz Swetlanam!!!...

*1986 — 1990. Aşgabat — Moskwa.*

## Remezan aýlary...

...Ýaremezan aýlary geler-de geçer,
Atyny eýerläp, müner-de gaçar,
Aýyň on dördüne ýalkymyn saçar,
Muhammet ymmatyna:
— Ýaremeza-a-a-an!!!...

...Öýüniň ortarasynda döşüni ýassyga berip ýatan Baýram Kulyýew barlap oturan depderlerinden başyny galdyrdy. Hamala şeýdende «Ýaremezançylar» gözüne görünäýjek ýaly, onluk çyranyň peltesini beýgeldip, kiçijik penjirä tarap tiňkesini dikdi. «Şeýdäýmäň» diýip, ýap-ýaňyja ýygnak geçirilendigine garamazdan, «şeýdişip» ýörendikleri üçin okuwçylaryna gahary geldi. Tirseginden ýokarsy somalyp duran çep eline daýanyp dikeldi. Gapdalynda ýatan temmäki haltasyny, gazet böleklerini öňüne süýşürdi. Ýeke eli bilen emgenmän çilim ýasandy. Otlandy. Çekdi. Bolandan soň konserwa gapyrjagyndan edilen küldana basyp söndürdi. Süňklerini şakyrdadyp ýerinden turdy. Çendenaşa uzyndygyndan ýaňa hemişe egilip duran göwresini ýaýkyldadyp, aňyrsy tüm garaňky bolup duran äpişgäniň öňüne bardy. Tommuk elini penjiräniň erňegine goýup egildi. Güberilip duran gözlerini süzüp, nazary bilen garaňky gijäniň göwsüni sermeledi. Örküçlenip duran burnuny çekmek üçin agzyny bir tarapa towlanda burnunyň ujam bir tarapa burlup gitdi.

...Biz-ä sizi baý gördük,
Tüýnügňizden Aý gördük.
Altyn bilen apardyk,
Kümüş bilen gopardyk.
Az bereniň gyzy bolsun,
Köp bereniň ogly bolsun.
Muhammet ymmatyna:
— Ýaremeza-a-a-an!!!...

...Ilkinji setirleri oglanlaryň haýsam bolsa biri ýekelikde aýdýardy. Iň soňky: «Ýa remezan!» diýmeli ýerini bolsa hemmesi bilelikde «jaglaşyp» gygyrýardylar. Özlerem «ýa» bilen «remezanyň» arasyna dyngy bermän aýdýardylar welin, «ýa, remezan» däl-de, «ýaremezan» bolýar duruberýärdi. Şonuň üçinem «remezan» aýynyň ady hem halkyň aňyna «ýaremezan» görnüşinde giripdir. Şol döwrüň adamlaryny gepletseň: «...Pylankesiň ogly ýaremezan aýynda boldy», «...Öten agşam

oglanlar ýaremezan gezdiler», «...ýene-de pylança günden ýaremezan aýy gutarýa» diýerdiler.

Biziň bu gürrüňini edip oturan döwrümiz ellinji ýyllaryň başlary. Oba guramalary, mugallymlar tarapyndan okuwçylaryň mazaly gözleriniň ody alnyp, «ýaremezanyň» eýýäm galyşyp ugran uçurlary. Ýogsam küren obanyň içinde bary-ýogy baş sany oglan beýdişip, onda-da ogurlyk etjek ýaly bukdaklaşyp ýörmeli däl-ä! Asyl bularyňam sallary suw üstündedir şu wagt, haýsy öwrümde mugallymlaryň biri zompa öňümizden çykaýarka diýşip. Mysapyrdyrlar. Öz öýlerinde, öz obalarynda, öz toýlarynda özleri mysapyrdyrlar.

Seredip otursaň welin, Baýram Kulyýew dagynyň mekdepde okap ýören ýyllaram (urşuň öň ýanlary) «ýaremezan» gezmeklik edil beýle bir «gorkuly» däldi. Ýogsam şo wagtlaram gadagandy ahyry, şu zatlar. Ýöne Sähetli mergeniň ogly Saparaly neresse oglanlary öz günlerine goýmazdy. «Biz aýtmasak bu zatlar ýiter gider oglanlar! Soň gözläbem tapyp bolmaz. Aýdalyň! Aýtma diýselerem aýdalyň! Ata-babalarymyz aýdypdyr, bizem aýdalyň. Aýtmak biziň borjumyz. Mugallymlaram öz ýalňyşlaryna soň düşünerler, şow-şowa çapýandyklaryny bilerler...» diýerdi. Diýşi ýalam ederdi. Gijelerine oglanlary alyp köçä çykardy. Hatda ýagty ýalança has giňräk, paýhaslyrak garaýan käbir mugallymlar bilen, «bilmediksireşmek», «görmediksireşmek» barada gepleşigem geçirerdi. «Köne aýdymlary aýdandygy üçin tutulyp giden bagşylarymyzyň ýasyny tutalyň. Çüli kakam ýaly düýn-ä «Alyny», «Jelili» aýdyp, bu günem: «... Kowduk ganym baýlary» diýşip dutarlarynyň tarlaryny gowşadyşyp oturan bagşylary diňlemäliň» diýerdi. Mekdepde basmaçylar barada gürrüň gidende-de ol juda, ýokuş görerdi. «Öz topragyny gorap ata çykan adam basmaçy däldir, seň topragyňa gylyç syryp, ot sowrup gelen adam basmaçydyr. Bu ýerde düşünişmezlik kän, wagt geler, bar zat belli bolar. Biz ýöne häzir elimizden gelenjesini bir edeliň» diýerdi. Ýaş başyndan onuň tapýan gürrüňlerine, edýän hereketlerine bütin oba haýran galardy. Saparaly bilen gezýän toplumyň, sylag-hormatam, alýan paýlaram üýtgeşikdi. Çünki o wagtlar bular ýaly ýekeje toplum bolup gezilmezdi-de, toplum-toplum bolup gezilerdi. Oba adamlaryna iki-üç gijeläp ýatuw bolmazdy. Emma hiç kim, hiç kimden kine etmezdi. «Indi gelseler-ä zat bermän kowaryn» diýşip, düýrügişip oturanlaram, «ýaremezançylar» gapysyna geläge-de, ýagşy niýetlerden doly sanawaçlaryny sanap, yzyndanam bir «jaglaşarlar» welin, zöwwe ýerlerinden galanlarynam,

aýlykçy bolsalar-a jübülerini, günlükçi bolsalaram torbadyr çuwallaryny, kendirikdir un haltalaryny sermenişiberenlerinem duýman galardylar.

...Öz ýanyndan okuwçylary bilen «urşup» oturan Baýram Kulyýew şo zatlary ýatlap ýylgyrdy. Ýylgyrmaz ýalymy: Biri bir bölejik nan berer, biri bir okara bugdaý berer, ýene biri başga bir zat berer, iň soňunda-da biri gorladaga-da torbaňa bir goşawuç un guýar welin, uzynly gije unyň içinden bugdaý çöpläp oturansyň onsoň, ýüz-gözüňi çyr-çyrşak edip.

O-da hiç beterinden-beteri bar! Kimdir biri bir gezek bilgeşländen etdimi ýa oýun eden boldugymy, hakyt Baýram Kulyýewiň zatdan doly torbasynyň içine bir susak suw guýdy oturyberdi. Yza çekiläge-de gapynam içinden şark-şurk ýapdy. Çyrasyny söndüribem ýatdy. Nätjek, uruşjakmy? Ýa sögüşjekmi? Hiç zadam etmediler. Bir çete çekildiler-de, «julkuldap» duran torbanyň içindäki «bulamagy» itiň ýalagyna dökdüler. Seslerini çykarmanam öýli-öýlerine dagaşdylar. Ýogsam oba aýlanyp bolansoňlar bir ýere üýşjekdiler, düşenje zatlaryny deň-derman paýlaşyp, bileje iýjekdiler. Wah, gep iýmekde-de däl, gep şo zatlaryň şagalaňynda, şüweleňinde. Şol şowhunyň adamlaryň başyny jemläp, agzyny birikdirip bilýänliginde!..

Şol bir susak suw torbasyna şu wagt guýulan ýaly «Şondanam bir oýun bormy...» diýip, Baýram Kulyýew ýüzüni sallady. Hemişe göwni galanda ýa birine gahary gelende edişi ýaly, agzyny towlap burnuny çekdi. Ozaldanam almalygyna zordan sygyp duran bäbenekleriniň ulalyp ugranyny bildirmejek bolýan ýaly gabaklaryny aşak goýberdi.

Başga bir gezek, başga bir gapydan baranlarynda berilen soraga jogap tapybilmän ýaýdanyp durşy göz öňüne gelende ýene-de açyldy. Ýene-de ýylgyrdy. Çünki, ýoldaşlary kömege gelmedik bolsalar şol gezek şol gapydan bop-boşja gaýdybermelidiler.

«Palçyk iýen ördek ýaly «wark-wark» edip öten agşam sesiň ýatmady» diýip, mugallymlaryň ala-böle Saparalyny okuwdan çykarjak bolup ýörüşleri, onuňam: «Howwa, diňe men gygyrdym, oglanlary alyp çykanam men, näme çäre görseňiz maňa görüň...» diýip, döşzni gaýşardyp durşy göz öňüne gelende bolsa, ýüregi sarsyp gitdi. Şu oglanlaryň içinde-de Saparaly ýaly bar zady öz boýnuna alyp ýören töwekgeliň bar bolaýmagynyň mümkindigi, özüniňem ertir şo-ol, Saparaly neressä çäre görjek bolup goltuldaşyp ýören mugallymlaryň ornunda görnäýmeginiň ahmaldygy barada oýlananda süňňi elenip gitdi. Ýüzi gyzdy. Şol, gaýduwsyz häsiýetine görä, uruşda-da ýoldaşlaryny halas etjek bolup,

özüni oduň öňüne tutan (o neressäniň ýogaldy habary gelen hatda hut, şeýle diýlip ýazylypdyr) Saparalynyň ýüz-keşbini göz öňüne getirjek bolup dyrjaşdy. Ýene bir çilim otlap başyny galdyrandanam, penjirä tarap towlam-towlam bolup barýan tüssäniň aňyrsyndan Saparaly neressäniň ýylgyryp duran keşbi görünen ýaly boldy. «Beh!..» diýip, ýerinden turdam welin, o neressede tüssä garylyp gözden ýitmek bilen boluberdi. Ýöne ol şol aralykda-da: «...Oglanjyklarymyza azar berme, Baýryjan, miwejiklerimiz olar. Goý, aýtsynlar, goý, gezsinler, goý, oglanlygyň hözürini görsünler. Başga näme güýmenje bar olarda? Sen bir beýtme ahyry. Ýa aýdylmasa ýiter diýenlerimi ýadyňdan çykaraýdyňmy?..» diýmäge ýetişdi. Baýram Kulyýew: «Ýok, men hiç zadam ýadymdan çykaramok! Ýöne bolanok, dogan jan, bolanok! Biz täze döwür üçin, täze düşünjeli, täze adam taýýarlamaly. Partiýada, hökümedem, bizden häzir şony talap edýär. Men hökman öz borjumy berjaý edäýmeli!..» diýmek üçin, tasap ýerinden turdy. Dostunyň yzyndan ýetip düşünişjek bolýan ýaly, çep ganatyny kelteden galgadyp özüni tüssäniň içine urdy. Aňyrsyna geçibem saklandy. Yzyna döndi. Hyrçyny dişläbem başyny ýaýkady. Agzyny towlap burnuny çekdi. Ýene-de äpişgäniň öňüne baryp, bäbeneklerinden zogdurylyp çykýan ýiti nazary bilen tümlügi gorsap başlady...

...Ileriň ýylgynnyň köki uzyn,
Tejeniň gawunnyň kaky uzyn,
Hudaýym bir ogul bersin —
Gaşy gara, çüki uzyn,
Muhammet ymmatyna:
— Ýaremeza-a-a-an!!!...

Baýram Kulyýew indi oglanlaryň sesinem aýyl-saýyl edip ugrady. «Bi, aç öleni bar ýaly, her gezek ilden öňürti zowladýan-a, Padaryň ogly Çorşy. Oň bilen gezekleşýänem Kiçiýew Allaş. Şo dagy dek düýnüň özünde edebiýatdan ikilik ald-a, haramzada! Ondan-a öýüňde gömül-de, sapagyňy oka! Juda ýüregiň ýarylyp agzyňdan çykyp barýan bolsa, «Serdarymy» aýt, «Marşalymy» aýt, ak inişe çyk-da, «...deň hukukly halklarymyzyň dostlugy» diý-de gimn aýt — diýip hüňürdedi. Çyranyň başyna baryp, syýadan ýaňa gylla ýarysyndanam gowragy besse-besse bolup duran benewşe basgyjyň gyrak-bujaklaryna atlarynam belleşdirdi. Ertir mekdebe bir baryň bakaly. — Soň ýene-de äpişgäniň öňüne baryp oglanlary synlamagyny dowam etdirdi. — Gyroýlyk satjak bolýaňyz siz,

aýdylany etmediksirän bolup...»

Edil şol wagtam oglanlar ýalňyşdylarmy, ýa öýünde ýokdur öýtdülermi, ala-şakyrdy bolşup obanyň partorgy Muhammet agalaryň işigine bardylar. Her niçigem bolsa çekinendirler-dä, «sen gygyr-da, sen gygyr» bolşup biri-birlerini hürsekleşdiler, itenekleşdiler, öňe-yza hallan atyşdylar. Ahyram belli bir netijä gelibilmedilermi, nämemi, ýüzlerini dik asmana tutup, başly-barat gygyryşmaga başladylar. Ýöne olaryň munsy sanawaja däl-de, yzlaşyga, «haý-waý-a» meňzedi.

Birdenem gapy şarkyldap açyldy-da, ýeňsesinden düşýän ölügsije çyranyň ýagtysyna depesi ýaldyrap duran partorg atylyp çykdy. Çykyşy ýalam: «Häý, oglaňňyzam bir ...ler diýsänim, bu ýerde nä haram ölen gul barmy, beýdip yzlaşarňyz ýaly?» diýdi-de, çemelije zat gözläp töweregine sermendi. Tamyň düýbünde ýatan pilmi, ýabakmy, uzyn saply bir belany garbap aldy-da, eýýämhaçan gyrgy gören serçe sürüsi ýaly güsürdeşip barýan oglanlaryň yzyndan eňdi. Gaty gidibermänem dolandy. Elindäkini alan ýerine oklap goýberdi. Onuň takyrdysy ýatmanka-da gapysyny şakyrdadyp açdy. Gürpüldedibem ýapdy. Temmeledi.

Onuň bu hereketlerini synlap duran Baýram Kulyýew: «Oňardy. Şeýtmeli. Geläýseler menem şondan oň etmen...» diýip pyşyrdady. Abat eliniň ýumrugyny düwüp, dişlerini gyjady. Başyny bir silkende, maňlaýyna düşüp duran saçlaryny yzyna gaýtardy. Okuwçylar gapysyndan geldikleri etjek hereketlerini, diýjek sözlerini taýynlap goýdy.

...Oglanlar ala-wagyrdy bolşup gaýtdylar-da, Baýram Kulyýewiň çep tarapky goňşusy Myrat ýegenleriň işiginde aýak çekdiler. Pes boýluja, tos-togalajyk birini öňe iterdiler. Olam gazyň çagasy ýaly moýmuldap bardy-da, ýaş oglana gelişmeýän zorruk ses bilen zowladyp başlady.

Ýaremezan aýlary,
Geldi, geçer baýlary.
Merediň on dördüne,
Ýalkym saçar aýlary...

Baýram Kulyýew lampa aşak oturdy. Çünki ojagaz oglanyň sesi şeýle bir Saparalynyňka meňzeşdi welin, onuň towsup çykaga-da: «E-eý, Saparaly-e-eý, bu senmi-e-eý!..» diýip gygyraýasy geldi. Ony diýseň, diň saldygysaýy beýlekileriňem hersiniň sesi öz deň-duşlaryndan birininkä çalym etdi durdy. Şuny şu çaka çenli bilmeýşine geň galdy. Hamala ýaňy şol ýere olaryň seslerini ýazyp alan ýaly, elindäki benewşe basgyjyň ýüzüne çiňerilip-çiňerilip seretdi. Soň ýene-de daşaryny

diňledi. Şonda olaryň arasynda hut, öz sesem bar ýaly bolup duýuldy. Ol: «Beh!» diýip başyny ýaýkady-da, usullyk bilen içki jaýa tarap boýnuny uzatdy. Uluja oglunyň ýerinde ýokdugyny görüp düýrükjek boldy. Gapynyň agzyna baryp daşaryk boýnuny uzatdy. Düňderilen gazan ýaly garalyp görünýän beýik asmanyp düýbi bilen ýoluň bir o tarapyna, bir bu tarapyna ýelk ýasaýan oglanlary görende, özüni suwsap ýatan gök maýsaly meýdana nem bermek maksady bilen daglardan silip gaýdan sil suwuna meňzetjeginem bilmedi, şol siliň öňüne basyljak bolunýan emeli böwede meňzetjeginem bilmedi. Birdenem, Saparalynyň sargytlarynyň tersine gidip ýörendigi üçin özüni müýnli saýdy. Haçanam bolsa özünden hasabat soralaýjak ýaly, eýýämhaçan ýakasyndan tutulyp soraga äkidilip barylýan ýaly hopukdy. «Ýa azar bermesemmikäm, bilmediksiräp oturybersemmikäm» diýip, ýüzüni iki ýana sypajaklatdy. Edil häzirki pursatda beýleki mugallymlaryň nähili hereketler edip ýörendiklerini biljek bolup kösendi. «Ýa olaram näme etjeklerini bilmän ýaýdanyşyp otyrmykalar? Ýa Saparalynyň edişi ýaly, oglanlar olar bilen «gepleşik» geçiräýdilermikä?» Şeýle bolaýmagynyň mümkindigi ýadyna düşende özüne «ilçi» iberilmändigi üçin Baýram Kulyýew kemsinjek boldy. Bir özüm küren oba ýigrenji bolup ýören bolaýmaýyn diýen pikir beýnisine dolanda, öz-özüni ýigrendi. Eli bilen derini çalyp äpişgäniň öňüne bir bardy, bir gaýtdy, gapyny bir açdy, bir ýapdy. Elindäki benewşe basgyjy ýyrtjak bolup bir egildi, birem goýbolsun edip dikeldi. Tereziniň bir tarapyna Saparalynyň sargytlaryny, beýleki tarapyna-da özüniň hökümet öňündäki borjuny goýdy. Ahyram şu günki borç düýnki günüň, dost-ýaryň hatyrasyndan üstün çykdy. Okuwçylaryň kem-kemden öz öýlerine tarap golaýlaşyp gelýändiklerini görüb-ä hasam kejikdi. Özüni sylanmaýan, äsgerilmeýän, kärine hormat goýulmaýan hasap etdi. Ýöne bu ýagdaý uzaga çekmedi. Çünki Saparalynyň ýap-ýaňyja çal dumanyň içinde delmuryp duran keşbi ýene-de peýda boldy. Aýdan sözlerini ýene-de bolşy ýaly, birin-birin gaýtalady. «Gör-dä Baýryjan, soňky gün günäkär-ä özüň borsuň, töweregiňe ser salyp gör, başga ýerden gelib-ä oglanlary kowalap ýören ýokdur... Başyňdaky owsaryň ujy başga biriniň elindedir. Oýlan... Özümem şü iň soňky gelşimdir, sebäbi umydym azalyp barýa, tamam ýere siňip barýa...» diýip, üstüne-de goşdy.

Şol wagt daşardan ýene-de oglanlaryň «jaggyldysy» eşidildi:

— ...Ýaremeza-a-an!!!

Baýram Kulyýew towsup ýerinden turdy. Ýaraly ýolbars ýaly

dar jaýyň içinde, iki ýana hars urup ýörşüne: «Howwa-da! Dogry-da! Şular biz-dä! Biziň dowamymyz-da, şular! Biziň şu günki güne getiren baýlyklarymyzy indikilere ýetirjekler-dä! Erte biziň şu dünýäde ýokdugymyzy bildirmejekler-dä! Biri Saparaly, biri Padar, beýlekisem meň özüm-dä! Ýeri, onsoň dogrudanam, şular aýtmasa kim aýtmalymyşyn, şol aýdymlary? Aslynda nämüçin aýtmaly dälmişin? Nämeden gorkmalymyşyn? Saparaly gorkanokdy, biz gorkamzokdyk, bular nämüçin gorkmalymyşyn? Biz nämüçin özümiz gorkmadyk halymyza bulary gorkuzmalymyşyk? Nämüçin öz elimiz bilen öz yzymyzy gömmelimişik? Goý, aýtsynlar! Degme aýtsynlar!» diýip pyşyrdady. Aýgytly netijä gelendiginiň alamaty hökmünde döşüni gaýşardyp hekgerdi. Başyny silkip saçyny gaýtardy. Ýaýkyldap bardy-da, burçdaky haçjadan asylgy duran jalbaryna elini ýetirdi. Çermegini jonnuk eliniň goltugyna gysyp, abat elini jübüsine sokdy. Könelip esgä dönen iki sany birligi gysymyna gysdy-da, jalbaryny ýerinden asdy. Munuň üçin ýüzünden sypalanmajagyny, kommunist hökmünde ertiriň özünde raýkompartiýanyň ideologiýa boýunça sekretary Ilçenkonyň öňünde sömelmeli bolaýmagynyňam ahmaldygyny aňsa-da, ötüp giden deň-duşlarynyň ruhuny şat etmekligiň hatyrasyna ýüregini bire baglady. Gaty gyssaberse: «Halkym şu zatlardan mahrum boljak bolsa, men saňa nöker däl...» diýäge-de partbiledini Ilçenkonyň öňüne zyňmaklygy ýüregine düwdi. Şondan soň birhili ýükem ýeňlän ýaly, beýnisem durlanan ýaly boldy. Nijembir wagtdan bäri özüni birinji gezek bagtyýar saýdy. Öz ynsabynyň garşysyna gitmekligiň ruhy ezýetinden aýňaldy. Kalbynda dörän süýjümtik duýgynyň lezzetine melul bolup durşuna Saparaly ýaly gaýduwsyz, goç ýigitleriň hernä, hiç bir nyşansyz ýitip gidibermändikleri üçin begendi. Azragam bolsalar, şolar ýaly ogullaryň janlary sagka halkyň synasyna şikest ýetmejekdigine ynandy. «Hemme-de biz ýaly herdemhyýal bolan bolsa-ha ýurduň enesi üwreljek ekeni...» diýip, içini çekende içiniň iç ýüzi juwlap-juwlap gitdi. Özüniň silem, emeli böwedem, asyl-ha hiç zadam däldigine gözi ýetdi. Saparalynyň häzir özünden köp-köp hoşal bolup gidendigini bütin süňňi bilen syzmakdan ýaňa heziller etdi. Hatda o neressäniň: «...Ýaremezan aýlary, geler-de geçer...» diýip, ulili bilen gygyryp barýan zorruk sesem eşidilen ýaly boldy.

Şol pursat onuň özüniňem ylgap çykaga-da, oglanlara goşulyşyp ugrubir ylgaberesi geldi.

...Myrat ýegenleriň işiginde hümerlenişip duran oglanlaryň gowry, Myrat ýegeniň aýaly Amansoltanyň çasly gülküsi Baýram Kulyýewi agyr oýlardan açdy. Amansoltanyň: «Tapmaçany tapmasaňyz hiç zadam berjek-gä» diýenini, olaryňam: «Aýtda-aýt» bolşup öňe-yza omzaýyşlaryny görüp, ýarpy göwresindenem gowragyny äpişgeden çykardy. Ýaý ýaly eglip durşuna, häliden bäri syňragynda saklap duran benewşe basgyjynam «guýguç» edäge-de gulagyna tutdy.

Şondan soň Amansoltanyň sesi edil ýanynda ýaly eşidildi.

— Saçagy näm bilen açmaly?

Saparalynyňka meňzeş zorruk ses tümlügi para-para kylyp geldi-de, benewşe basgyjyň içinden geçip, Baýram Kulyýewiň owaz perdelerini sandyratdy.

— Bissimilla bilen.

— Daşa gurt düşse näm bilen aýyrmaly?

— Düýäň şahy bilen...

— Düýäňem bir şahy bormy, ýer çeken?

— Daşa-da bir gurt düşermi, daýza jan?..

— Alyň onda paýyňyzy...

Amansoltan elindäki düwünçegi «ýaremezançylaryň» torbasyna silkip goýberdi. Baýram Kulyýew: «Maladis oglanlar» diýip pyşyrdady-da, gulagynyň «guýgujyny» aýyrdy. Dikeldi. Bir ädim yza süýşdi. Geldikleri gygyryşman zat etmän iki manady ellerine gysdyraýar ýaly, gapynyň arkasynda häzirlenip durdy.

Emma oglanlar Baýram Kulyýewiň öýüniň ýeňsesi bilen aýlandylar-da, köçäniň aňry ýüzüne geçdiler. Ol ýerde-de ilk-ä ir wagtlardan bäri düýekeş bolup işläp ýören Muhammetguly agalaryňka, soňam obanyň öküz biçýänçisi Agabegleriňkä bardylar.. Ondan soňam esli wagt bäri gaýraky köwüň aňry ýüzünde kowçum bolup oturan Halyl Çulumlara tarap tutdurdylar.

Iki manadyny mynçgap, gapynyň ýeňsesinde duran Baýram Kulyýewiň endam-jany buz ýaly boldy. Dodagy kemşerdi. Barmaklarynyň bogunlary gowşady. Gysymy öz-özünden açyldy-da, birlikler ýere gaçdy. Ol: «Häý, eşekden bolan doňuzlar diýsänim, aýlanyp geçer ýaly meň öýümi nä ýagy çapypmy? Ýa meň puluma mama çykypmy?» diýip dişlerini gyjady-da, gapynyň agzynda ýatan esgi köwşüni ýüzüniň ugruna aýagyna ildirip, daşaryk okduryldy. Gyssanjyna egilmänem undup, maňlaýyny işigiň erňegine gülçüldedip urdy. Gözünden ot çykdy. Ýekeje

eli bilen maňlaýyny tutup arkan serpildi. Iç işikde ik ýaly pyrlandy-pyrlandy-da, ötük tapan suw ýaly gapydan suwulyp çykdy.

Köwüň bäri gyrasyna ýetiberendenem, eýýämhaçan aňrybaşyna dyrmaşyp barýan oglanlaryň ýetdirmejekdiklerini bilip, yzlaryndan gygyrdy.

— E-eý, duruň-e-eý!..

Oglandar ilk-ä bir her ýerde, her ýerräkde heşerlenişip durdular. Birdenem «ülker» ýaly bir ýere toplandylar-da hyşy-wyşy edişdiler. Köwüň aňyrky raýyşyndan atan-da-satan bolup aşaklygyna gaýdan uzyn göwrä çiňerilip-çiňerilip seredişdiler. Bir taý ýeňini galgadyp ýetip gelýäniň kimdigini bilensoňlaram biri-biriniň ýüzüne ýalt-ýult edişdiler-de, edil öňden dilleşip goýan ýaly, hersi bir tarapa bakan ökjäni göterdiler.

Ýokarky raýyşa ýetip gelýän Baýram Kulyýew, muny görüp özüni ýere goýberdi. Demi-demine ýetmän, haşlap oturyşyna, elindäki benewşe reňkli basgyjy puldyr öýdüp öňe uzatdy. Yzgytsyz seslendi.

— E-eý, alyň-a munam!..

Edil şol wagtam raýyşdan bir tokga ak zat togalanyp gaýtdy. Ýolboýy içinden bölek-büçek nan, üç-dört düwür gant, sök, kak, erik kişdesi, patrak ýaly birgiden ir-iýmişleri seçelendirip gelýän zadyň «ýaremezançylaryň» torbajyklarydygyny bilensoň, Baýram Kulyýewiň ýüregi jigläp gitdi. Öňküsindenem yzgytsyz ses bilen: «Wah, barja emgejiklerimi köýdürdim-ow...» diýende, gözlerine ýaş geldi. Bar zatdanam beter özüniň ynamdan gaçanyna, ýitip barýan dessury dowam etdirmek üçin başlaryny eteklerine salşyp, şeýdişip ýören çülpeje çagajyklaryň, edil ýarak itden gaçan dek özünden gaçyp gidendiklerine gynandy.

Öz kesabatlygy zerarly ýere dökülen yrsgaly yrýa etmezlik üçin, gumy-sumy bilen gysymlap, yzyna guýup oturyşyna, hamala häzir hut öz ýaşlygyny ürküzip goýberen ýaly, hamala şu wagt hut Saparaly neresse dagy özünden gaçyp giden ýaly, ýeke bir ýaremezan baýramçylygy däl, nowruz baýramçylygynyňam ýitip gidendigi üçin täk özi günäkär ýaly göwni bozuldy-da, aglap goýberdi. Gowy içini egisensoňam, hiý, birinden-biri dolanyp geläýmezmikä diýen umyt bilen, ep-esli oturdy. Torbany raýyşa çykaryp, atam eýýämden bäri garalyp ýatan ullakan töňňä söýedi. Ýörite öýlerine gidip hälki iki manadam alyp geldi. Onam torbanyň içine dykdy. Şondan soňam bir çete çekilip, ep-esli garaşdy. Oturyp-turup diň saldy.

Emma uzynly gije garaşsa-da, şondan soň obanyň hiç ýerindenem sanawaç sesi eşidilmedi.

*1985 — 1990.*
*Aşgabat — Moskwa.*

## Arpa dänejikleri

Şu wagtyň adamlary, syn etseňiz dükanlarda ýarly-ýagly etler, halylar, daşary ýurt garniturlary her biri näçe ýüz manatlyk gymmatbaha eşikler tapdyrmasa «zat ýok» diýişýändirler. Galan zadyny zat hasap edýän däldirler. Elbetde, olaryňkam dogry, olara-da düşünýäs, döwür üýtgeýä diýýäler, adamzadyň islegi artýa diýýäler, gowy zat, ýöne biziň welin bir döwüm gara çörek tapdyryp dursa zat ýok diýmäge dilimiz ysanok. Asylam türkmen bir, dişgysdy, bir döwüm nan, bilen saglyk bolup dursa galannyň bir alajy bor diýip ýören, kysmata kaýyl halkdyr welin, biziňkä gahatçylygy görenimizden, açlygyň jebrini çekenimizdenmikä-de diýýän.

Biziň deň-duşlarymyzyň hemmesem bilýändir, sizem eşitseňiz eşidensiňiz — müň dokuz ýüz kyrk bäşinji ýyl, garahassalygyň öň ýany, gara gyş bilen birlikde, il-günüň başyndan agyr açlygam indi.

Uruş-a entek gutarmandy. Ýöne mata, demir gytçylygy zerarly dört ýylyň içinde jaýlaryň, haýatlaryň ýüzüni: «Biz ýeňeris», «Gitlere ölüm!», «Gan ornuna — gan, jan ornuna — jan!», «Ýaşasyn Stalin!» diýen ýaly şygarlardan dolduryp çykan Çerkez mugallymdan urşuň basym gutarjakdygy, biziňkileriň Berline ýetip barýandyklary baradaky hoş habarlary welin, häli-şindi eşitmek bolýardy.

Emma şol şatlykly habarlaram, haýbatly şygarlaram açlygyň arsyz aladalarynyň üstüni örtüp biläýenokdy. Uruş, ölüm-ýitim zerarly öňem eňki giden halk indi açlyk belasynyň garşysyna durjak bolup urunýardy. Her kim başardygyndan, özüçe gün görmelidi. Güzeranyny dolamalydy. Çünki hökümetde-de halka berere zat ýokdy. Gaýtam onuň özi häli-şindi kömek sorap halka ýüz tutýardy. «Siziň her bir manadyňyz duşmana gülledir» diýip, hatda mekdep okuwçylaryna çenli «salgydam» salýardy. Ýöne, şojagaz salgytdanam ata-enesiz, hossarsyz çagalary boşadardylar. Esgerlere nahar iýmäge gerek diýip, oba arasyndan çemçe-çanak ýygnanlarynam gördük. Ellik, jorap örüp berdik.

Ine, şonda, biler bolsaňyz, galyň bende açlyga çydaman goýnuň damak ganynam iýdi. Goýun öldürilende ganyny ýere akdyrman gaba akdyrardylar. Ana, onsoň ol azajyk durýa welin, sowaýa-da goýalýa. Doňýa. Soň gazana ýa bir gaba ýag salyp gowurýarlar. Edil bagyr gowuran ýaly. Işdäň alyp iýer ýaly zad-a däl welin, nätjek-dä, aç ölmeziň ýaly, garaz, bokurdagyňdan bir zat ötürmeli-dä!..

O dagy näme, haram ölen malyň etini iýenlerinem gördük. Seýregem bolsa, boldy şu zatlar şo döwürde. Sygyr bolsun, goýun bolsun, tapawudy ýok, goltugynda sähelçe gyzgynam bar bolsa, üç gezek: «Tur, janawar!» diýäge-de, aýaklarynyň ujy bilen böwrüne çalaja deperdiler-de, hasyr-husur soýardylar. Oňa «depme halal» diýerdiler. Çorbasynyň wagty bilen köpügi synmazdy. Näçe sybyrsaňam, her näçe ýüzüniň hapasyny syryp aýyrsaňam, pažlap, çogar durardy. Endamynda gatan ganlar çykmaly-da! Dirikä damagyndan gan çykmasa şeýle bolýa-da!

Açlykdan heläk bolmazlary ýaly, her gün günortanyna mekdepde ýarma bişirip, mekdep okuwçylarynyň hersine bir susak ýarma bererdiler. Ýöne çagalaryň has horraklary, juwazçydan künjara diläbem iýerdiler. Edil, gaty çörek gemiren ýaly hatyrdadyp gemirer ýörerdiler. Hakyna seretseň, juwazçylar ýagy alnandan soň galan künjarany juwaz aýlaýan düýelerine bererdiler. Emma soňabaka şo-da gyzylly halka döndi. Ajymtyk, ýagjymak tagamy bordy özüniňem. Künjiniň gabygy-da! Käbir adamyň dagy ýüzüne künjaraň reňki çykdy gitdi. Hälem syn etseňiz oba arasynda keýeine «pylany künjara» diýýändirler. Ana, künjarany köp iýip alan atlary şo, şolaryň. Ýöne ony beý diýip aýtmalam däl welin, nätjek-dä, adamzat-da bi, diliniň eýesi däl-dä, aýdyberýä-dä...

Asyl aýdýan-a, kolhoz başlyklarynyň ýa oba guramalarynyňky bolaýmasa, obanyň galan tamdyrlarynyň agyzlary kerepleşer ýatardy. Ýöne olaram tamdyrdaryny iliň gözüne güýdüşip, gije-girim ýa daňdanaralar, il örmänkä otlardylar. Ogrynçarak iýip-içerdiler.

«Düýn bazaryň ortarasynda bir adam eşegarabanyň üstüne çykyp: «A-how, adamlar, kim, şu meň elimdäki ýüz manady alyp garnymi doýrubiljek?!.» diýip gygyrypdyr welin, hiç kimden ses çykmandyr» diýýänleri şu günki ýaly ýadymda.

Hernä ýaz çykyp, meýdanda ot-çöp gögerenden soň hojalyklaryň azajygam bolsa ýüki ýeňledi. Halk: «Hudaýa şükür, göge ýetdik, indi aç ölmeris» diýdi. Üstesine şol ýyl ýagynam şeýle bir bol boldy-da, ot-çöp diýeniň dagy edil, başyna gören ýaly gögerdi. Öňündäki ýyl welin

— elbetde, adamzat biri-birini gyryp ýörse Allatagala-da halaýan däldirde — asmandan nem dammandy. Gurakçylyk bolupdy. Şeýdibem açlyk düşüpdi.

Ana, onsoň gök çykdam welin, ilat akbaş, selme, ýorunja ýaly meýdan otlary bilen mydar edip ugrady. Ot ýygmaga esasan biz — çaralar giderdik. Getiren otlarymyzy ejelerimiz suwa atyp gaýnadardylar, tapanja unlaryny şoňa garyp bulamak ýa unaşjagaz bişirerdiler. Şeýdip, gurap barýan içegelerimiziň içinden ýyly-yssy geçirerdik. Bulamaga ýaşulular «ýilik doldyr» diýerdiler. Uny sähelçe galarak tapsak, ejelerimiz ony göge gowrak garyp, kiçiräk-kiçiräk çörek ederdiler-de tamdyrda gatyrardylar. Oňa «gökloňňa» diýerdiler. Daşyndan çörege meňzese-de, çörek tagam-a ýokdy gurbany gitdigimiň.

Tek-tek ýygyp edil arpa ýa bugdaý döwen ýaly döwüp, atyp, sowrup, üwäp, tamdyra ýapyp iýen gezeklerimizem boldy. Göm-gök, ajymtyk, iýeniňde agzyň içinde gylçyldap duran çöregi bolardy. Ejem pahyryň bir gezek tek-tekiň unundan bir tamdyr çörek bişirip:

— Alyň, balalarym bir gezek bir ölçegsiz, ine-gana iýiň, hezil ediňde! — diýip, öňümize üýşüreni henizem ýadymda.

Şol günleri ýatlamak bilen men esasan, başga bir wakany gürrüň bermekçi bolýan.

Ine, onsoň, şu, gürrüňini edip oturan döwürlerimiz, obamyzyň demirçi ussasy, urşuň ilkinji ýyllarynda ýaradar bolup gaýdyp gelen Gurban aganyň öýünde men bilmedim — Marydan ýa Ahaldan argyşa gelen argyşçylardan üzülip galanmy, ýa başga bir saý-sebäp bilen şu ýerlere düşenmi, Gurban aganyň bir ýerlerde ýaşap ýören daşkyrak garyndaşlarynyň çagasy bolsa-da bilemok, ony hiç kimem bilenok, garaz, Amanýaz atly, saryýagyz, hoşgylawja bir oglan ýaşaýardy. Gylygy gowy bolansoň, ota-çöpe-de men köplenç şonuň bilen giderdim. Ony ejemem gowy görýärdi. «Erkek oglanam bolsa gyzdan gylykly. Adamyň ýüzüne dogrulap seredenini göremok» diýerdi. «Gurbanyň aýaly şojagaz oglany öýüne sygdyranokmyşyn, şu gyzyl açlykda öz sülsatlarymyzy eklesek az däl, ýok et-de kow, bolmasa-da özüm kowjak diýip, ärine azarberýärmişin» diýen gürrüň oba ýaýranda-da, ejemiň gaty gahary gelipdi. Tas, Gurban aganyň aýalynyň üstüne gidipdem. Hernä:

— Aý, her ýan ýatsa-da, Gurban ony kowduraýmaz — diýipdide, köşeşipdi. Oturyp-oturybam: — Bir oba bir oglany sygdyrmazam bir il bormy? Ile ilem sygýandyr, çaga dagy näme. Juda bolmasa özüm

saklaýaryn men şo çagany — diýildi. Amanýaza-da: — Kowsalar göni geläýginiň guzym şu öýe. Gepini çekmegin ýelni kesileniň — diýip sargapdy.

Amanýazyň özem ejemde ene mährini duýýan ýaly, eli sypyndygy biziňkä gelerdi. Ejemiň geň-enaýy gürrüňlerini, ertekilerini diňlärdi. Ýatmaga gitjek bolanda ýerinden juda kynlyk bilen galardy-da, ýaýdana-ýaýdana giderdi.

Şol gün otdan gelşimizem ol Gurban agalara sowulanda, agşam biziňkä barjakdygyny aýdyp galypdy.

Ejem ikimiz bir okarajyk gök bilen iki sany gyzdyrmanyň daşyna geçenimizdenem «salowmaleýkim» diýip gapydan gelipdi. Biz onuň geljeginden habarly bolandygymyz üçin, ýerli-ýerden «geç-de-geç» boluşdyk. Ol bolsa ýüzüni goltugyna sokaýjak-sokaýjak bolup durşuna:

— Orazsoltan eje, men-ä kowdular welin, ýöne gaýrat ediň-de, şu gijelik myhman alyň, ertir irden ýola düşjek. Ýatara ýer berseňiz bolýa, iýere zadym bar — diýdi. Iýere zadynyň bardygyny subut etmekçi bolýan ýaly, aňyrsyna öwrüldi-de, eliniň arkasy bilen köneje, hülle ýaglykdan edilen guşagynyň bil oňurgasy töwereklerindäki tümmerip duran ýerine kakyp goýberdi.

Men birhili boldum-da, ejeme seretdim. Ejem:

— Wah-wah, wah-wah, naýynsaplar-e-eý, ynsapsyzlar-e-eý... — diýdi-de, towsup ýerinden turdy. — Haýsy kowdy? Gurbanmy? Aýalymy? — Amanýaz: «Gurban akgam öýde ýok» diýensoň, ejem hasam öjükdi. — Geç! Geç, oglum, geç! Geç, ine, Ýazly janyň ýanyna geç! Otur şu ýerde! Senem bir oglum-a meň. Gitme. Hiç ýana-da gitme. Bir öýden kowuldygyň obadan kowuldygyň däl-ä! Boluber ine, şu öýde — diýip, öňem telim gezek gaýtalan sözlerini ýene-de bir gezek gaýtalady. Iç işikde çepegini çykaryp duran Amanýazyň iki egninden tutup meniň ýanyma getirdi. Oturtdy. — Häk, ýelni kesilen, ahyr öz diýenini gögerdipdir-ow — diýip, Gurban aganyň aýalyna käýinip oturyşyna bir käse çaý guýup berdi. Iýjek bolup oturan gögümizi, gyzdyrmalarymyzy öňüne süýşürdi. — Näme, iýere zadyň bolmaýanda Orazsoltan ejeň seni kowaýar öýtdüňmi, oglum?

Amanýaz bolsa:

— Ýo-o-o... I-i... Bar-a ine, iýere zadym bar-a... Bar diýdim-ä... — diýip, şo-ol, aljyrady oturdy. Özi welin «Iý, oglum, iý» diýip, ejem her näçe ýalbarsa-da öňündäki gyzdyrma, göge elinem urmady. Aşak bakyp,

yzly-yzyna gultundy oturdy. Ellerini owkalady. Barmaklarynyň ujy bilen gözleriniň gyrasyny süpürdi. Ahyram: «Beýle boljak bolsa onda deňňenäni deň çekişmeli borus» diýýän ýaly uludan demini aldy-da, çöküne düşdi. Uzynly gün gök ýyganlygy sebäpli göm-gök bolup duran barmaklaryny titredip, guşagyny çözmäge hyýallandy. Düwün ýerini tapman ellerini ha sag bykynyna, ha-da sol bykynyna eltdi. Ahyram çözdi-de, öňünde keserdip goýdy. Howlukman epinini ýazyp başlady: Guşagynyd gaty ýukaldygyça elleriniň ysgyny azalyp, hereketleri haýallady. Iň soňky gaty galanda hasam ýaýdandy. Şony açdygy biri geläýjek ýaly, saňňyldap oturyşyna nämüçindir gaýta-gaýta gapa seretdi. Iki barmak kagyzdanam ýeňil, essi giden ýyrtyk guşagyn ýalaň gatyny ýekegapana gurlan agyr gapanyň agzyny açýan ýaly kynlyk bilen, ummasyz güýç sarp edip açdy.

Çözlenip-çözlenip, dar jaýyň içinde ep-esli ýeri, tutup ýatan guşagyň içinden aňry gitse bir kepderä bir ýaýlym ýa boljak, ýa bolmajak — gowrulan arpa dänejikleri çykdy.

Aşan bakyp oturyşyna, Amanýaz şol dänejiklerden üç-dört sanysyny ýeke-ýekeden agzyna atdy-da, «kirt-kirt» edip iýmäge başlady. Arasynda çaý owurtlady. Gyzgynjak çaý içegeleriniň iç ýüzüni sypalap geçensoň göwresine birneme kuwwat geldimi, nämemi, başyny galdyrdy-da, edil mährem aganyň eý görýän inisine diýşi ýaly ýüzüme mähirli seredip:

— Al, senem iýsene şundan, doganjygym — diýdi. Soň ejeme ýüzlendi. — Alyň, sizem iýseňizläň, Orazsoltan eje, kän-ä bi...

— Wah, çagajygym, iýere zadym baram diýýär-ä...— diýenden, ejemiň-ä hykga bokurdagy doldy-da, şondan soň bir agyzam gepläp bilmedi.

Amanýazyň bolup oturyşyny görüp menem birhili boldum. Ortadaky arpa dänejiklerinden iýjegimem bilmedim, iýmejegimem. Amanýaz üçin iýenimde gowy boljagynam bilmedim, iýmänimde gowy boljagynam. Iýmesem göwni galaýjak ýaly, iýsem ol ýol azyksyz galaýjak ýaly göründi. Çünki, onuň bu çümtünipjik oturyşy bujagaz däneleri diňe bir şu gün agşam ýürekse edinmek üçin guşagyna gysdyrana meňzänokdy. Çakym çak bolsa, bujagaz dänejikler oňa ertir irdenem, günortanam, agşamam, garaz, tä, barjak ýerine barýança ýol azyk bolmalydy.

Şeýle-de bolsa men onuň kalbynda şojagaz höreginiňem biziň gyzdyrmamyzdan kem däldigi barada buýsanç döretmek üçin, özüni bu öýde ýük däl-de, gaýtam üýtgeşik bir nygmat getiren adam hökmünde duýmagy üçin, sag elimi uzadyp, dänejiklerden bir çümmügini aldym-

da, çep elimiň aýasyna guýdum. Edil öz edişi ýaly ýeke-ýekeden agzyma atyp, kitirdedip ugradym.

— Eje, dadyp gör. Büý-ä gowy bolýan ekeni. Arpa tapsak bizem şeýdeli. Juda bolmasa tek-tekden edeli. Bomy?.. — diýdim.

— Bor, oglum, şeýdäýeris — diýdi-de, garnyň kyrk gaty ýaly ortarada gasyn-gasyn bolup ýatan guşagyň içindäki arpa dänejiklerinden ejemem ylaýyk iki sanysyny alyp agzyna atdy. Çeýnäp ugrady. Ýöne kitirdi eşidilmedi.

Amanýaz diňe şondan soň ortadaky gyzdyrmalaryň birine elini ýetirdi. Ujundan sähelçejik döwüp aldy-da, agzyna saldy. Henizem çöküne düşüp oturyşyna garry adam ýaly dodaklaryny çommaldyp kümşüldedi. Çeýnemini ýuwdup-ýuwutmanka-da: «boldum» diýip yza çekildi. Töwir galdyryň diýýän manyda ellerini serip ejeme seretdi. «Iýsene, jan guzym, çekinmesene» diýip, ejem hernäçe dyzasa-da, şondan soň ol ortadaky gyzdyrmalara tarap nazaram aýlamady. Gaýtam omyna garaşýandygyny mälim edip, oturan ýerinden hasam ykjamlandy. Şular ýaly-da uly adamlaryň edişi ýaly ardynjyrady.

Ejem:

— Özüň okaýsana, Amanýaz jan. Ýaş kiçem bolsaň erkek tanasyň, hemem del töwir bor — diýenden soň içinden bir zatlary okaşdyrdy-da, iki elinem ýüzüne sylyp goýberdi. Bizem şeýtdik.

Amanýaz arpa dänejiklerini ýene-de öňküsi ýaly edip guşagyna orady. Emaý bilen biziň saçagymyzyň gyrasynda goýdy. Boýunjagazyny burup ejemiň ýüzüne naýynjar garady.

— Orazsoltan eje, men-ä onda ho, burça geçip gyşaraýjak...

— Gyşaraý, oglum, gyşaraý...

Şondan soň biziňem iýip-içip ugrumyz bolmady.

...Ertesi irden men ejemiň sesine oýandym. Ol Amanýazy öýden goýbermejek bolup dyzaýardy. Amanýaz bolsa eýýäm guşagyny biline daňyp uzak ýola taýýar bolup durdy. Guşagynyň biloňurgasy töwereklerindäki tümmüjegi welin, öten agşam geläýendäkisine görä birneme pesräk, ýapbaşygrak görünýärdi.

Ol meniň oýananymy gördi-de, duran ýerinden bir ädim öňe süýşdi. Iki elinem jüpläp maňa tarap uzatdy. Men ýyly düşekden sogrulyp baryp, onuň ellerini gysymyma gysdym. Düýn meýdandan bileje selme ýygan göm-gök eller garyşdy. Ikimizem birsellem sesimizi çykarman durduk. Men özüme zor salym Amanýazyň ýüzüne seretdim. Görsem o-da meniň

ýüzüme seredip dur. Ýylgyrjak bolýar. Ýaňaklaryndan syrykýan owunjak ýaş düwmejiklerini görkezmejek bolup, horja elleriniň aýasy bilen yzly-yzyna süpürýär. Şunça bile tirkeşsegem, onuň gezleriniň edil düýnki ot ýygan ýaýlamyzyň gyrtyçlary ýaly göm-gökdügini hem men diňe şonda bilip galdym.

Ol zordan:

— Sag, oturyň... — diýdi-de, aňyrsyna öwrüldi. Bosagadan ätläbem yzyna öwrüldi. Ejemiň çukur köwüşli aýaklaryna seredip durşuna eýýäm özüni ele alan adamyň merdemsiligi bilen pert-pert gürledi. — Men obadan öýkeläp gidemok, Orazsoltan eje. Hiç kimden gatam göremok. Sizdenem köp-köp razy. Her ýerde bolsamam men bu ýere ýene-de gerin. Gurban akgama-da aýdyň, meni idäp ýörmesin. Men indi çaga däl, öz günümi özüm görerin. Özüm bir ýerden habarymy ýetirerin...

Şeý diýdi-de, çykyp gitdi.

Meniň ony şähere barýança, hiç bolmanda obadan çykýança ugradasym geldi. Has dogrusy, yzyndan ýetäge-de: galsana, biziňkidejik bolubersene diýip, özümiňem ýene bir meýdan ýalbarasym geldi. Emma gymyldabam bidmedim. Edil söýä çüýlenen ýaly, gabsany gujaklap gapynyň agzynda germelip durdum.

Bagy üzük çepejiklerini «şapbyk-şupbuk» etdirip, essi giden hülle ýaglyk bilen guşalgy köneje donunyň syýlaryny ýazyp ýakymsyz şemalyna galgadyp, ullakan, gara gulakjynyň aşagynda ýegşerilip barýan ýetim oglanyň keşbi bolsa, gözlerimiň öňünde kem-kemden goýalyp barýan çalymtyl dumanyň arasyndaky owunjak, içi deşik halka şekillije, millionlarça nokatjyklara garyşdy-da, soňam düýbünden bulaşdy. Nämüçindir agzymyň iki gyrasynda-da şorumtyk tagam peýda boldy.

...Soň-soňlar ony, raýon merkezinde gördük diýenlerem boldy, beýleki obalaryň birinde gördük, pylankes şony ogullyga alaýypdyr öýdýän diýenlerem boldy. Ýolda Gün urup ýogalypdyr, ajygyp dälije mäş iýip däliräpdir diýenem tapyldy. Obadan gidip şäher internatyna ýerleşipdir, ondanam Aşgabada okuwa gidipdir diýen ýaly gürrüňlerem eşidildi. Ýene, belli bir zat bilen bolmady.

Ýetim oglany özi ýokka öýünden kowanyna gahar edip, aýalyny öldir ýaly ýenjenden soň şol jelegaýlary, atly aýlanyp çykan Gurban aga-da ondan derek tapman gaýdyp geldi.

Biziň obamyza nädip düşendiginiň näbelli bolşy ýaly, onuň soňky ykbalam näbelli bolup galdy.

Men welin käteler, ýolum düşüp şähere baranymda ýol gyralaryndaky, baglaryň, haýatlaryň düýbündäki, hapa zyňylýan hendekleriň içindäki çaşyşyp ýatan çörekleri, heniz başy hem bozulmadyk akja bulkajyklary, bir gezek dişlenip-dişlenmän taşlanan pişmejikleri, oba toýlaryndaky harman-harman çörekdir et-süňk galyndylaryny, çukurlara guýulýan gazan-gazan palawdyr gaýry naharlary görüp, Amanýaz ikimiziň şo-ol, dünýäde bir döwüm çörekden gymmat, şondan elýetmez zat ýokdur öýdüp ýören günlerimizi ýüzüne künjaranyň reňki çykyşyp giden deň-duşlarymy, ajyndan ölüp giden obadaşlarymy, Amanýazyň uzak ýola azyk hökmünde alyp barýan bir gysym arpa dänejiklerini ýatlaýan.

Irden turup bir döwüm çörek gözlegine çykmasak agşamaralaram zat tapman, elimiz boş öýe dolanyp gelmesek, uzynly gün ýolumyza göz dikip, gultunyşypjyk oturan çagajyklarymyz boş gelenimizi görüp sessiz-üýnsüz bir tarapa gyşarmasalar, biziň üçin-ä dünýe-älem gymmat harytlardan hyryn-dykyn doly ýaly bolup dur.

Bu meniň uçursyz sadalygymdan ýa halys göwnipesligimden şeýle bolýan bolmagam mümkin. Bilemok. Ýöne, biziň deň-duşlarymyzyň haýsyny gepletseňem, şu, meniň diýen sözlerimi gaýtalasa gere...

* * *

...Bu zatlary maňa öňräk, öýlerine gezmäge baranymda daýym gürrüň beripdi. Ol umumanam gürrüňçil adam. Onda gürrüň kän.

*Oktýabr. 1990 ý. Moskwa.*

## O gelinler indi ýok

Seredip otyryn welin, şolar şu wagt bolaýsalar kyrk sekiz, elli iki ýaş töweregindäki zenanlar bolmaly. O döwürler welin ýaşdylar. Owadandylar. On sekiz bilen ýigrimi-ýigrimi üç ýaş aralygyndaky men diýen juwan gelinlerdiler.

Ejem pahyr traktorçylara çörek bişirerdi-de, işiniň daşyndan daýhanlaryň guşluk çaýynam gaýnadardy. Menem oňa kömekleşen bolardym. Ejem köplenç daýhanlaryň esasy bölegi bilen galardy-da, men bäşdir-üçdür azot elemäge ýa samolýota derman ýüklemäge gidýänleriň yzyna düşerdim. Guşluk çaýlaryny gaýnadyp bererdim. Oňa-da köplenç şol owadan, degişgen gelinler giderdiler. Menem şolaryň gidenini kem

göremokdym. Erkek adamlar-a näme, uzynly gün ala-wagyrdy bolşup ýa-ha heleýleriň gürrüňini ederdiler, ýa-da aralaryndan agzyboşragyň biriniň daşyna geçerdiler-de, tä agladýançalar şoňa degerdiler. Iň erbet ýerem: «Bar-how, çaýyňy gaýnadan bolsaň git, Sapar agaň gaýyny ýaly üşerilip durma-da! Ululaň gürrüňini diňlemek aýp bor» diýip derrew meni ýanlaryndan kowardylar. Gelinler welin beýtmezdiler. «Tüweleme, Allaguly agaň şu ogly uly adam ýaly. Çaga-da bolsa känbir şalt-şulty ýok» diýip gaýtam öwerdiler. «Howwa-da, pukara ýeriň çagasy-da, ýürejigi çökgünje-dä...» diýip üstüne-de goşardylar.

Üstüne goşardylar diýmegimiň sebäbi, meniň pukara ýeriň çagasydygym çyn bolsa-da, «göwnüçökgünjedigim» gaty bir ugrunda ýokdy. Ýeri gelende meniňem ähli guramalaryň çagalaryna gaýra dur diýäge-de, bütin oba dat etdiräýmämem bardy. Ýöne şol, käbiri aý ýüzli, ak-mapraç, käbiri bolsa garadan şirin, görmegeý, gyýa-gyýa gözleşenlerinde gözleriniň gyýaklaryndan mähir damyp duran mylaýym sözli, gelinleriň ýanynda welin men hakykatdanam ýuwaşjadym. Çünki men olara tebigat tarapyndan ýaradylan üýtgeşik bir eser hökmünde serederdim. Ýelden, Günden gorap saklanmaly nepis bir gül hökmünde garardym. Şolaryň şeýdip, şüdügärligiň içinde Güne gaýzygyşyp, tep-terje goljagazlaryny, kösük deý barmajyklaryny, akja topuklaryny çöp-çalamlara çyzdyryp ýörüşlerini men dogrusyny aýtsam, şol wagtlaram ýüregime sygdyryp bilemokdym. Esasanam gelinleriň ekabyrragy, şäherde önüp-ösendigine garamazdan, biziň obamyzyň ýigitleriniň biriniň başyna başyny deňäp gelen Aşyrgülüň käte-käteler Güne garap: «Öwh, aldy-da, bi yssy! Hiý şemal dagy öwsäýmezmikä? Aýuw, Annamyrat jan, sygyrsana köşek, sygyryp bilýän bolsaň, Haýdar baba ýelinden goýbersin-le, birazajyk...» diýen wagtlary oňa hasam nebsim agyrardy-da, dodagymy çömmeldip, tä kellem hum ýaly çişýänçä sygyrardym. Çünki onuň öň-öňlerem ýarym degişme bilen: «Haý, gün öýle boldy, dalany süpüriň, kölege beýläk geçdi, eýwana keçe düşäň, işigi suwlaň diýip, salkyn howlyň içinde kölege haýsy tarapa aýlansa aýlanyp ýörenje negözel günüm bardy. Sizin, oba geldim-de dowzaha düşäýdim asyl» diýenlerini men gaty kän eşidipdim. Degişme-de bolsa aňyrsynda çynyň ýatandygyna gözüm ýetipjik durka nebsim agyrmazmy onsoň meniň.

Wah, maňa galsa-ha, raýon merkezimizdäki seýil bagynyň içinden Hajalynyň çakyr satýan dükanyny ýok edäge-de, şol gelinleriň hersine bir şäher ýaly jaý gurup berjek welin, nädeýin, o zatlar elimde däl-dä!..

Ine, onsoň şolaryň çaýjagazlaryny gaýnadan bolup ýörün. Iki gulagymam şolarda. Ýaňky aýdyşym ýaly olaram menden gaty bir çekinjiräbem duranokdylar. Gaýtam edýän gürrüňlerini meniňem diňleýändigimden lezzet alýan ýaly, howlukma, ulalansoň düşünersiň senem bu zatlara diýýän ýaly maňa tarap sülmüräp seredäge-de, süýjümtik ýylgyryp bir goýberýärdiler welin, üstümden gyzgyn suw guýlan ýaly depämden tä dabanyma çenli lagşar ötägiderdim. Olaryň ýüzugra aýdyp goýberýän aýlawly sözleriniň aňyrsynda pynhandan-pynhan syrlary ýatan sähraýy söhbetleriniň manysyna düşünjek bolup jan çekerdim... Kösenerdim. Emma barybir bilibilmezdim. Indi bilýän. Bilýänem, düşünýänem. Ýöne indiden soň o zatlary size gürrüň beren bolup oturmagyň düýbünden geregi ýok.

Işläp ýörkäler-ä olar meni dogrusy, golaýlaryna-da eltenokdylar. Okarygyň boýy bilen ýakynlaşyberdigim ellerindäki dermanly düwünçeklerini görkezerdiler-de: «Ine, şunuň içi durşuna zäher, Annamyrat jan. Burnuňa girse erbet eder. Git, sen bir ýaş oglan, keselläýme» diýerdiler. Ökjäme çümen çakyrtikenimi aýyrjak bolup ýegşerilip durşuma men olardan: «A size zat etmezmi?» diýip sorardym. Olar bolsa: «Hiý, bize-de bir zat kär edermi?» diýerdiler-de, arkan-ýüzin gaýşyp, gülüşerdiler. Ellerindäki düwünçeklerini öňküdenem beter bulaýlap, bigamsyzlyk bilen hahahaýlaşardylar. Gözleri ýaşaryp, burunlarynyň suwy akyberse, derman asgyrdyberse, okaryklaryň içindäki içi azotly ýata suwdan ýüzlerini ýuwardylar. Agyzlaryny, burunlaryny çaýkardylar. Goşawuçlaryna bir gysym azot guýardylar-da, suwuň içine sokardylar. «Waý-eý, jan doganlar, bu zat eliň içini, edil buz ýaly edäýýär-de...» diýşip ýene-de jykyr-jykyr gülüşerdiler. Soňam ýene-de öňküje işleri bilen bolubererdiler. Ertesi irden işe çykan wagtlary brigadir ýüzüni sallap: «Pylan kartadam-a gurçuk düşüpdir, ýene-de özüňiz gaýrat edäýmeseňiz, boljak-gä...» diýdigi gelinler ýene-de iki aýtdyrman, sessiz-üýnsüz ýerlerinden galybererdiler.

Şeýdibem gün yzyna-gün, aý yzyna-aý, ýyl yzyna-ýyl geçerdi. Gowaçaly kartanyň aýagujyny kesip geçýän, çakanak-çukanak araba ýolunyň üstünde hapa tüňçelerimi hatarlap durşuma men ýaşyl kartanyň içi bilen älemgoşar ýaly süýşüp barýan owadan gelinleriň dik-depesinden göterilýän çalja tozanyň aýaguja gitdiklerisaýy goýalyp, golaýladyklarysaýy ýitip gidişine haýranlar galyp seredерdim. Göze görünmeýän tozgalardan döreýän şojagaz tozanyň dowzahyň

tupanydygyny bilip durkalaram günüň-gününe şeýdip ýörmäge bulary näme mejbur edýärkä diýip oýlanardym. Dogrudanam, olary näme mejbur etdikä? Belki, edil beýle bolaýaram öýden däldirler. Belki, ugurly-ugursyz ardynjyraşyp ýören zoňtar erkeklerden, gybatkeş aýallardan, jahyl-jümrülerden uzakda, degişip, gülüşip, şadyýana geçirilýän şol süýji pursatlar ýene-de sanlyja ýyldan ýetip geljek ajal hakynda oýlanmaga puryja beren däldir. Belki-de, göräýmäge ýeňil ýaly görünýän şol agyr işiň meniň ýaly çaga-çugalaryň başyna düşerinden howatyr edip üstlerine alandyrlar. Belki-de, şol işe ärleriniň iberilerinden, ýaş ýigitleriň, degenek jahyllaryň wagtyndan ir maýrylyp giderinden, kesellärinden ätiýaç edendirler. Belki, biweçlikden, biparhlykdan şeýdendirler. Ýok! Öz janyna biparh garaýan adam bolmaz. Men bilýän, olar hakyky gahryman bolandyklary üçin şeýdendirler. «Sen bir golaý gelmäweri, Annamyrat jan» diýşip, akly-gyzylly güllere beslenip oturan göm-gök gowaçalaryň üstünden dermanly düwünçejikleri bulaýlaşyp ýören gelinleriň hakyky gahrymandyklaryny men, elbetde, kän soň bildim. Ýöne «gahryman» diýen ady welin nämüçindir olara däl-de, düýbünden başga-başga adamlara beripdirler.

Zäher ýuwudýan welin diňe gelinlerem däldi. Ony diýseň diýmeseň bizem ýuwudýardyk. Samolýot bilen derman sepilýän kartalaryň gyrasyny ýakalap oturan oba-da, obanyň ähli adamlaram ýuwudýardylar. Derman sepýän samolýotyň lýotçigi käte bize: «Düzgün boýunça siz derman sepilýän kartadan pylança kilometr uzaklykda bolmaly, adamly karta derman sepmek bolanok, bu ýalňyş... jenaýat...» diýerdi. Ýöne kim seniň jenaýatyňa seredýä! Brigadir diýeniň-ä häki bir «tur, otur, kersen getir» diýenleri. Bir-ä elindäki tabeline güýji ýetýä, birem arabakeş Agamät aga. Başga hiç zada ygtyýary ýetenok. Başlygam näme ýabyň raýyşyna çykaga-da: «Şu ýyl bir Çapaýewlilerden yza galaýmalyň, ýoldaşlar, gaýrat ediň, meni ýokarkylaryň ýanynda masgara edäýmäň, möwsüme öten ýylkydan bäş-on gün irräk başlajak bolalyň, ýygym gutaransoň heriňize bir gülli çäýnek sylag ýazaryn...» diýer, şonuň bilenem gürrüň gutarar. Onsoň ol halka çäýnek berse-bersin, bermese-bermesin. Ýylahyrda ýygnak bolanda: «Sen bizi aldadyň, gülli çäýnek bermediň» diýip, başlygyň ýüzüne geljek tapylmaz. Onsoňam öňem telim gezek şeýde-şeýde aldanyp keşe salnan adamlar ol sözleriň soňunyň boşdugyny başda-da bilmän duranoklar. Bilýäler. Ýöne ýolbaşçylaryň düzgüne öwrülip, kada giren ýalan-ýaşryk sözlerem, depelerinden

dygysyzlyk bilen derman guýup duran samolýotlaryň aýylganç arryldysam, gelinleriň näzijek ellerindäki hasa düwünçeklerden tozap çykýan iýiji tozgajyklarynyň bokurdagyňy gijedip barýan ýüregedüşgünç azaram, öz agyzlaryndan zawut ýaga jazlanan, gara çorbanyň ysynyňam setanda-seýranda gelýän wagty başlyk bilen brigadiriň agzyndan hemişe diýen ýaly ýagly ýahnanyň ysynyň gelip durmagam olar üçin adaty bir zatdy. Olar bir zady bilýärdiler: Işlemelimi — işlemeli! Çünki olar döwletdenem, dünýedenem algym bardyr — diýip däl-de, borjum bardyr — diýip ýaşan adamlar.

Hawa, zäher ýuwudýanlar diňe şol şadyýan gelinler bolmasalaram, has köpräk ýuwudýanlar şolardylar. Ony hiç kim bilmese-de, men bilýärdim. Hiç kim aňmasa-da, men aňýardym. Şonuň üçinem bu günki gün olar hakda men aýtmasam kim aýtsyn? Hut gözlerimiň öňünde şoh-şagalaňlarynyň azalyp başlandygy şü günki ýaly ýadyma düşüp durka, men neneň edip aýtmaýyn? Neneň edip diýmäýin? Ylaýyk üç ýyl diýlende kimsiniň göz-görtele ýüzi saralyp, sarysy gözüne çykdy, kimsi işdäden kesildi, igledi. Galanlaryny susluk basdy. Ýöne şonda-da hiç kim olardaky üýtgeşikligi şol dermanly düwünçeklerden görmedi. Hatda onunjy klasy gutarjak ýylym gelinleriň iň kiçisi, iň näzigi, iň ýuwaşjasy Mämişi pahyrjyk ýogalanda-da onuň keseliniň düýp sebäbini başga-başga zatlardan gözlediler. Hatda gelinleriň özlerem bir gün işden topar tutup gelýärkäler (o wagtlar men eýýäm olaryň çaýyny gaýnadamokdym-da, edil ulular bilen bir hatarda durup dermanlanan kartalary gulaçlaýardym. Iki gulak döwründen başlap tä gyzyl çybyk bolýança gowaçanyň her bir düýbüni ýeke-ýeke, düýpme-düýp, ençeme gezek elläp çykýardym.) Mämişiniň ir gitmegini onuň dogabitdi horaşalygyndan, ejizliginden, göwnüçökgünliginden görýändiklerini ýaňzytdylar. «Dermandan boljak bolsa bizem-ä deň sepdik şoň bilen. Şu wagtam sepip ýörüs. Dermandan däl ol...» diýişdiler. Dermandan görýändiklerini, emma biri-biriniň kalbyna wehim salmazlyk üçin syr bildirmejek bolýandyklaryny, mertlige salýandyklaryny welin gözjagazlary aýdyp durdy. Hut şonuň üçinem ertesi men olaryň iş ýerlerine bardym-da, ýüregimi bire baglap, ilkinji gezek sesimi gataltdym. «Taşlaň şu dermanly düwünçekleriňizi! Mämişini alan şü! Şü! Başga hiç zat däl! Sizem sylap goýmaz! Zyňyň. Kim sepse şol sepsin, asyl hiç kimem sepmesin!..» diýip gygyrdym. Olar welin başlarynam galdyrmadylar. Öňküleri ýaly şelaýynsyramadylaram, jak-jaklap gülüşmedilerem-de, edil uzak ýola ýollanan argyşçynyň,

üzeňňisinden ýapyşyp gelýän dözmezine diýşi ýaly, kynlyk bilen: «Aý, Annamyrat jan, hököwmede gerek bolsa muny biz sepmesegem sepen tapylar. Ondan goý, biz başlapdyrys, bizem soňuna çenli gidişeli. Mundan soň başga adamlary bu bela bulaşdyrmak nämä gerek» diýdiler. Hamala ýer ýüzünde şeýdişip ýören diňe özleri ýaly beýleki brigadalarda-da, beýleki kolhozlarda-da şeýdip, edil özleri ýaly zäher ýuwduşyp ýören gül ýaly gelinleriň müňlerçedigini gümanam etmän, hakyt şeý diýdiler. Dünýäniň bar derdini şu dördümiz boýnumyza alaýandyrys, şeýdibem ähli adamzady agyr beladan gutarandyrys öýdüp diýdiler. Iň soňunda-da gowaçanyň gülündenem beter saralan ýüzlerini zordan göterip ýüzüme ysgynsyz bakdylar-da: «...Ine, sen hä diýmän mekdebi gutaryp okuwa gidersiň. Gitjek wagtyň dogtordan geçersiň. Şonda kartyşkaňa: «Öýkenjigi arassa ekeni» diýip ýazarlar welin, bize bor şol...» diýişdiler. Zor aýakdan ýylgyryşdylar. «Okap uly adam bolansoňam bizi ýadyňdan çykarmasaň bize başga zat gerekgä» diýenlerinde welin, sesleri hasam hassalaç çykdy. Röwşeni kütelen ala gözleriň barsyna birden çyg düşdi. Yzgarly keşin içine edil sary monjuklar deý pytraşyp dökülen sap-sary gözýaşlara gözüm düşende welin, şondan artyk durmaga gurbatym çatmady. Sessiz-üýnsüz beýläme öwrüldim-de, yzymda inçe tozan galdyryp gumak ýol bilen oba tarap ýumlukdym.

Mekdebi gutaranymdan soň men hakykatdanam, oba bilen hoşlaşdym. Şol güne çenli guran güllere mazaly meňzäň gül meňiz gelinler bilenem edil mähriban enem bilen, naçar uýam bilen hoşlaşýan ýaly hoşlaşdym. Öz gezeklerinde olaram meni edil öz eziz doganjyklaryny ugradýan ýaly, ýelden-de ýüwrük ýüwürjijiklerinden aýrylýan ýaly, ýeke-ýeke gujaklap, bagyrlaryna basyp, başymdan sypap, ogşap-ogşap galdylar.

...Şol süýji-süýji hoşlaşyklardan, ajy-ajy aýralyklardan soň seredip otursam ine, ylaýyk ýigrimi bäş ýyl geçipdir. Adam ýaly bipaýan, ynsan ýaly ygrarsyz mahluk bolmaz ekeni. Gaýtjak wagtym: «Her gezek gezmäge gelenimde hökman şol gelinler bilenem salamlaşaýyn, hal-ahwal soraşaýyn» diýip, öz-özüme her näçe söz berenem bolsam, şeýtjekdigim barada olaryň öňünde her näçe ant içip, awy ýalanam bolsam, ol boldy, bu boldy, hiç Hudaý el-aýak bermedi.

Gepiň keltesi, şondan soň men şolaryň birinem görüp bilmedim. Ýekeje gezegem, hatda daşlaryndanam, uzagrakdanam görüp bilmedim. Hiç bolmanda ýolda-yzda, awtobusda, otluda dagam birinden-biri gabat geläýmedi. Iň bir gynanýan ýerimem mundan bäş-alty ýyl ozal

şo-ol, Aşyrgül görgüli şu ýerde, Aşgabatda, meniň ýaşaýan ýerimden taýak atym beýlede ýerleşýän keselhanada on alty gün ýatyp gidipdir. Gidýänçä-de: «Şu ýerlerde, bir ýerlerde Annamyrat janam-a bolmalydyr. Hiý bir gelmezmikä? Gelip bir habar tutmazmyka? Ölmänkäm şony bir görsemdim. Ýa ol meň bu ýerdedigimi bilenokmyka? Eşidenokmyka? Tüweleme, ind-ä ers-mers bolandyr. Arada Gumman körüň aýaly — Aşgabatda Annamyrady gördüm, saçy juw-ak bolaýypdyr — diýdi welin, aý, ýok, oňa-ha ynanamok, entek-entekler-ä saçy agarmaly däl oň...» diýip, telim gezek dagy gaýtalapdyr. «Görseňiz aýdyň, hiç bolmanda birje gezek bir gelip gitsin» diýip barandan, gaýdandan sargydam edipdor. Ýoluma garapdyr.

Elbetde, bolmajagydyr-da, sargalan adamlar ýa-ha meni tapmandyrlar, ýa-da o ýan, bu ýan giden gezeklerime gabat gelipdirler, garaz, Aşyrgülüň sargytlaryny maňa ýetirip bilmändirler. Ýeten bolsa barjagymam, görjegimem, elimden gelen kömegi berjegimem, gerek bolsa iň uly professorlaryň ýanyna girip ýyllarboýy aşgazanda mäjum bolan zäherden üstün çykyp biläýjek iň bir güýçli dermanlary ýol söküp, ýurt sorap gözlejegimem çyndy. Emma...

Emma men ýetişmedim. Çünki ony bu ýerde uzak saklamandyrlar. Oba äkidipdirler. Köp wagt geçmänem ýogalypdyr.

Men indi, oturyp-turup ah çekýän. Urunýan. Arman edýän. Özümiň geleňsizligim üçin, penjelerini maňa we meniň ýaly müňlerçe ýaş oglanlara tarap uzadyp duran ölüm howply ýalnyň öňüne özlerini tutup, howrundan goran mährem gelinleriň yhlasyna mynasyp bolup bilmändigim üçin, olaryň öňünde ömürlik bergidar bolup galandygym üçin, ýüregime ganlar öýdürip gynanýan.

Emma indi giç. Ahmyrdanam, ökünçdenem peýda ýok. Çünki diňe bir Aşyrgül bilen Mämişi däl, dwrmanly düwünçeklerini ellerinden düşürmän, pagtanyň hasylyny artdyra-artdyra başlykdan başlap tä brigadirlere çenli barysyny «gahryman» edip çykan şo-ol, mähriban gelinleriň indi birem bu dünýede ýok. Göreýin diýip daglar aşsamam, ýurt söksemem, ýöriteläp oba her hepdede ýedi gezek gitsemem men indi olary görüp bilmen. Görübem bilmen, ynjalmanam.

Meniň ýüregim indi diňe: «tut-ha-tutluk ýyllarynyň pidzlaryna» diýlişi ýaly, «şol gelinleriň hatyrasyna» diýäge-de, obanyň ortarasyndaky boş duran belentlikde beýik bir bina guran günüm, ýadygärlik dikelden günüm ynjalar. Ondan bärde ynjalmaz.

*1988 ý.*

## Köne ýurtda

Heleý öýläni boluberende köne ýurda ýetdik. Tep-tekiz diýseňem boljak. Käbir jaýlaryň sudury galypdyr. Ilki bilen öz öýümiziň oturan ýerini tapdym. Aradan näçe wagt geçse-de, edil öz gözüň bilen gelip göräýýänçäň, göwnüňe ähli zat öňki ýerinde ýaly bolar durar ekeni. Maňa-da hut şeýledi. Emma tamam çykmady. Göwnümdäki görnüşler daşa degen aýna dek çym-pytrak boldular. Ýap-ýaňyja hem şu ýere gelsem öýümiziň gapdalyndan çygşyldap, egni pagtasy çykyp duran köne donluja enem pahyr çykaýjak ýaly, beýleden bolsa eşegini dikgirdedip Esen geläge-de: «Ýör-eý, oduna gideli» diýäýjek ýaly bolup durdy. Öýümiziň çep gapdalyndaky uzyn mekdepden bolsa gyzlar, oglanlar (özem hut biziň döwrümiziň oglan-gyzlary) arakesme çykmalydylar. Bäş minut geçensoň bolsa maňlaýy çupluja, giň gara balakly (şol ýeke balak bilenem ötüp gitdi pahyr) edebiýat mugallymy işige çykyp jaň kakmalydy.

Emma men ol zatlara derek bir tozap ýatan meýdany gördüm. Boş meýdanda aňalyp duranymy geň gören Mergen ýeňimden çekdi.

— Kaka, näme üçin bu ýerde durus-aý?

Men esli wagtlap sesimi çykarman durdum. Uludan demimi aldym-da, Mergeniň başyny sypaladym.

— Ine, şu giden meýdan bir mahallar obalykdy, oglum. Men şu obada önüp-ösdüm. Şu ýerde mekdebe gitdim. Ine, şu duran ýerimizde bolsa biziň jaýymyz bardy.

— Muny kim ýykdyka, kaka?

— Wagt ýykdy.

— Wa-agt? — diýip, Mergen süýndürdi. — Näme üçin ýykdyka?

Şu ýere Mergeni hem alyp gaýdanym üçin men häzir örän begendim. Goý, ol özüne nätanyş ata-babalarynyň aýak basan ýerlerini görsün. Olaryň alan arassa howasyndan dem alsyn. Olaryň ruhuny öz süňňi bilen syzsyn.

Men ony bütin oba aýlap çykdym. Gara çynym bilen gürrüň berdim.

— Hawa, oglum, bu-da bir wagtlar küren obady. Uly şowhuny bardy! Owadan gyzlary, gerdenlek ýigitleri bardy. Ine, edil şu barşymyz ýaly meniňem kakam elimden tutup şu obanyň o çetinden bu çetine, bu çetinden o çetine aýlardy. Toýlarda süňk äbererdi. Kakam obada bolsa

meni kän ýanyndan goýmazdy. «Uly adamlaryň gürrüňlerini diňläbem dana borsuň» diýerdi.

Meni ýene-de ýatlamalar basdy. Men indi Mergeniň berýän sowallaryny hem eşidemokdym. Käte bir jogap beräýenimde hem näme diýýänimi bilemok. Mekdebimiziň käbir diwarlary somalyşyp duran hem bolsa klasymyzyň ýerini anyklap bilmedim.

Obamyzyň ilersinde «Janly öwülýäsi diýilýän gonamçylyk bardy. Onda biziň ir wagtlardan bäri öten-geçenlerimiz ýatyrdy. Men ýuwaş-ýuwaş obadan saýlandym-da gonamçylygyň birýan çetinden girdim. Haýsy mazaryň kimiňkidigini bilmesem-de ýeke-ýeke aýlanyp çykdym. Kä ýerde bir tümmek bar diýäýmeseň mazarlaram ýer bilen ýegsan bolupdyrlar.

Ýene-de Mergeniň şaňňy sesi gulagyma ildi.

— Kaka, bu tümmeker näm-ä?

— Bu ýatan tümmekler biziň ata-babalarymyz, oglum. Şular bolmadyk bolsalar bizem bolmazdyk.

Meniň aýdanlaryma Mergeniň düşünenini-düşünmänini bilemok, ýöne welin şondan soň esli wagtlap sesini çykarman, uly adam ýaly eljagazlaryny arkasyna tutup yzyma düşdi ýördi. Gonamçylyga aýlanyp bolanymdan soň men ýer ýassanyp ýatan obadaşlarym bilen hoşlaşdym.

«Hoş galyň biziň ömürlerimiziň gözbaşlary! Bir mahallar siz bu dünýäniň diregi bolup munuň ähli jebri-jepalaryny, şatlyk-gaýgylaryny gerdeniňizde göterip gezensiňiz. Toý tutansyňyz, ýas baglansyňyz. Atalarymyzyň hormatyny saklansyňyz. Bu dünýä baky gelen deý çar ýana çarh uransyňyz. Hawa, siziň bakylygyňyz çyndyr. Ine, şu duran men — sizdirin. Oglum Mergen jan bolsa hem sizdir, hem mendir. Biziň kökümiz çuňdur we siziň nesil daragtyňyz hiç wagt guramaz. Ýöne sizi bu bedýan çöllükde taşlap, ýyllarboýy habar tutman ýören kakabaş perzentleriňiziň welin günäsini ötüň. Şeýdäýmeseňiz boljak däl. Hoş galyň, rahat ýatyň!..»

Bakylyk dünýäsiniň ak baýdaklary çöl şemalyna howlukmaç pasyrdaşyp bizi birhili tukatlyk bilen ýola saldylar.

Men oglumyň elinden tutup ýene-de ýurt ýerimize geldim. Obanyň ortarasyndaky beýik depäniň üstüne çykyp töweregime ýaňadandan ser saldym. Aý aýdyň gijeler biz şol depä çykyp oýnardyk. Ol wagtlar gijesine köp oýnalardy. Indi o zatlar galypdyr. Şu depä çykanymda men

çagalygyma dolanyp gelen ýaly boldum. Meni şeýle bir üýtgeşik duýgy gurşady welin, beýle süýji duýgyny men henize çenli başdan geçirip göremok. Şeýle lezzetden men şu wagta çenli mahrum edip gelendigime puşman etdim. Ýöne welin men otura-tura şu ýere gelendigime hem puşman edip başladym. Henize-bu güne çenli görmek isläp, ýüregimde besläp ýören obamyň ýokdugyna indi ynandym. Meniň üçin bu ýurt dünýede iň owadan ýurtdy. Çünki ony meniň çaga ýüregim özüniň türünde ömürlik ornaşdyrypdyr. Şu ýere gelmegim bilen men çagalygymyň ýyllarboýy ýüreginde eziz saklap gelen ynamyny syndyrdym. Men mundan çaga bolup gitdim, ata bolup dolandym. Obamyzyň ýerindäki bu çölüstany görüp çagalygym emendi. Men bolsam bir wagtky joş uran durmuşdan häläm bir tapylaýjak ýaly sygyryşýan syzalaryň arasy bilen uzak aýlandym. Ata-babamyň ýurdy maňa mähriban ene dek göwünlik berdi. «Baky zat ýokdur, oglum. Ýüregiňden orun berip ýatlan ýeriň bolýar. Ýöne meniňem senden tamam çykmady. Sen bir boz oglandyň, käkilleriňi şemala ykjadyp, hatar-hatar şabramlaryňy şabradyp iki ýana ylgardyň, bökjeklärdiň. Bu sensiň öýtmedim. Ol zer suwy berilen dek käkilleriňe gyraw düşüpdir. Ter ýaňaklaryň gödeňsileşipdir. Hüý-häsiýetleriňem üýtgäpdir. «Öňküligiň ýok» diýip menden nägile bolma. Senem üýtgäpsiň. Gaty üýtgäpsiň. Hany, hany ol ümbilmez çagalygyň?»

Hawa, hernäçe aýlansam-da, obamyzyň köne durmuşyndan habar berýän hiç hili nyşan tapyp bilmedim. Möhümi bitmedik çaga ýaly imtilip kän durdum, Gaty kän durdum. Munda ýaşap öten bendeler, şol döwrüň jahyl juwanlary, aýly gijeleri, uruşgan itleri, barysy ýeke-ýekeden ýene birlaý gözümiň öňünden geçdiler. Ýaltalyk bilen maşyna tarap ugradym. Obadaşlarymyň biri tasap çykaýjak ýaly soňky sapar yzyma gaňryldym. Maşynyň içine girenimsoň hem köp wagtlap weýran bolan ýurda syn edip oturdym. Çünki tozap ýatan çöl hem bolsa, meniň üçin ýer ýüzünde şundan mähriban, şundan eziz ýurt ýok.

*1980 ý.*

## Açlyk ýyly

Içi «eljuk» diýip duran Mawyş guşlukdan günortana çenli haýata

çykyp, şu gün ir bilen goňşy obadaky daýzalarynyňka iýer ýaly zat soramaga giden uýasy Miwäniň ýoluna dynman garady. Halys surnugyp baransoň haýaty pesräk görüp işiklerindäki ýylgyn kepbäniň üstüne çykybam seretdi. Onda-da Miwe görünmedi. Şondan soň ol «jugur-r-jugur» edip awap duran içini eli bilen tutup, obaň ortarasyndaky depäň üstüne çykdy. Kirlije köýnegini şemala galgadyp durşuna indi Miwäniň bu gün gelmejegine, gelse-de boş geljekdigine ymykly göz ýetirdi. Bir döwüm nan üçin oba söküp giden naçar doganjygyna nebsi agyrdy. Özüniňem oňa hossar bolup biljekdigini subut edesi, eger Miwe ýene-de düýnki ýaly surnugyp, eli boşja geläýse, ýürekselik bir zatjagaz tapyp goýasy geldi. Birdenem şu günüň bazar günüdigi güpbe ýadyna düşdi-de, ýandakly käliň içi bilen obalaryndan onçakly uzak bolmadyk şähere, bazara tarap ýola düşdi. Bazar diýib-ä bir agyz dolduryp aýdarlyk bazaram ýok welin, şonda-da näme, ilçilik-dä, garaz, satýanam, alýanam ýok däl, Mawyşa bolsa bary-ýogy bir döwüm çörek gerek. Başga hiç zat gerek däl. Onuňam azajygyn-a özi iýer, galanynam doganjygy Miwä eltip berer.

Mawyş birbada näme etjegini bilmän, bazaryň bir çetinde gözjagazlaryny tegeläp esli durdy. Haýatyň ýüzündäki «Hemme zat front üçin!», «Hemme ýeňiş üçin!», «Ýok bolsun faşizm!», «Gitlere ölüm!» diýen ýazgylary üzlem-saplam zordan okady. Onsoň bir topar ýüzi agyr, aladaly adamlaryň arasyndan suwulypjyk geçdi-de, çaýhananyň agzyndan garady. «Bir döwümjik nany dagy galdyraýmadylarmyka?» diýip, boýunjygyny süýndüre-süýndüre seretdi. Dogrusy, çaýhananyň içinde çepbe çeýneşip çörek iýip oturan adamam ýokdy. Iki-ýeke çaýyň ýany bilen tamşanyp oturanlaryňam bary edil dilleşen ýaly iki barmak ýalyjak nanlarynyň ýarysyny iýip, galanynam ýa-ha guşaklaryna gysdyryp gidýärdiler, ýa-da ýaglyga dolap, usullyk bilen horjunlarynyň gözüne atýardylar. Mawyş birki gezek owsuna-owsuna çaýhanadan çykyp barýanlardan nan dilejek bolubam synandy. Emma bolmady. Başarmady. Agzyny açsa-da, içinden sesi çykmady. Bir-ä şonda-da düşündi, «Maňa-da seň ýalyň üçüsi garaşyp otyr, şolara-da zat tapman boş barýan» diýip, goltugyna gysylgy boş horjuny görkezdi. Mawyşyň başy aýlanyp, gözleriniň öňi garaňkyrap başlady. Ýüregi bulandy. Bir çete çykyp ögedi. Şondan soň «ýykylmankam öýe bir baraýyn» diýdi-de, haýatyň sag burçundaky, üstünden o ýan-bu ýan bökülip-bökülip sürçegi çykan, daraw-daraw gädikden bökmäge hyýallandy. Bökmeg-ä däl, asyl

aslyşybam geçibilmedi. Ol haýatdan ýapyşyp diýen ýaly mähellesi azalan bazaryň içine tarap ýaňadandan ugrady. Ýüregini bire baglap, kynlyk bilen ondan-mundan nan sorady. Bir garry aýal: «Nanyň ady ýitendir, oglum» diýensoň «ýüzüniň bir gat hamyny sypyryp» pul sorady. Ýaňky aýal ikinji gezek ýok diýmäge utanyp «Wah, jan, guzym-eý...» diýdi-de, öňküsindenem beter bükülip daşlaşmak bilen boldy.

Asyl ýeke Mawyş däl, hemmelerem şu ýere nan gözläp gelýän ekenler. Hemmäniň berýän jogabam birdi, edýän gürrüňlerem. «Basym uruş gutarar», «Basym çörek bolar», «Azajyk gaýrat ediň». Mawyşyň halys elewräp ýörenini görüp gijigen bazarçylaryň bir-ä: «Menem şujagazymy nana ýa bugdaýa çalyşjak bolup gelipdim welin, nädeýin, bazarda-da zat ýok ekeni» diýip, uly adam bilen gürleşýän ýaly elindäki düwünçegini görkezdi. Içinde näme baryny Hudaý bilsin. Halys paltasy daşa degen oglan şondan soň ömür etmejek işini küýüne getirdi. Heniz aw öwrenmedik bürgüt çagasy ýaly oňaýsyzlyk bilen iki ýana hekgerdi. Zoraýakdan ekezlendi. Şol wagtam onuň gözi bazaryň içinden geçip barýan köneräk silkme telpekli, tüýs türkmen biçüw gara balakly bir ýaşula düşdi. Onuň güberip duran jübüsiniň içindäki zat gözüne nan bolup göründi. Ýaňky ýaşuly mal bazaryň deňinden geçiberendirem weli, Mawyş töwerekde hiç kimiň ýoklugyndan peýdalanyp, sen-men ýok, ylgap baraga-da çep eli bilen balagyň sallanyp duran agzyndan penjeledi. Gözüni ýumup sag elini jübä sokdy. Ýöne welin jübiň içinde penjesini şunça ýüzdürse-de düýbüne elini ýetirip bilmedi. Tirsegine çenli soksa-da ýetmedi. Ol güberip duranam ýaglykmy, nämemi, bir ýumşak zat ekeni. Ýaşuly emaý bilen Mawyşyň goşaryndan tutdy-da, şol durşuna howlukman bazaryň çetine çykardy. Sag golunyň ýarysy jübüde ýantaklap barşyna Mawyş çep eli bilen ýüzüni tutup içigip-içigip aglamaga başlady. Ýaşuly sägindi-de, oglanyň elini jübüsinden sogurdy.

— Boşdur, oglum, bi. — Ol şeý diýdi-de, aşak oturdy. Hasam mylaýym, mähriban ata deý ýürekden gepledi. — Seň bu bolşuň ogurlyk etjegedem-ä meňzänok. Hany, aýt, oglum, göreýin. Saňa pul gerek boldumy ýa garynjygyň açmy?

Mawyş şol içigip durşuna birdenkä zarp bilen:

— A-a-aç! — diýip, sogduryp goýberdi. Ýaşuly aşak bakyp oňaýsyzlyk bilen ardynjyrady-da, başyny ýerden götermän telpegini düzedişdirdi. Damagy dolup esli mahal sözläbilmän oturdy.

Horjundan iki burum kak çykardy.

— Al, oglum, ýüregiňi tutar. Al, iýäý! Ýöne hergiz, her näçe ajyksaňam ýaňky ýaly iş etme-de, göni gelip aýdaýgyn. Baryndan biýrler.

Mawyşyň ilk-ä bir: «Berenoklar-a-a!» diýip ulili bilen möňňüresi, ýaşulynyň öňünde mazaly içini egsesi, arzy-halyny aýdasy, özüniň ölse-de ogurlyk etmejegini, hatda goňşularyndan dilemäge hem utanyp şu ýere gaýdanyny, ýöne Miwe ikisi bu gije-de öten agşamky ýaly aç ýatmaly bolsalar gaty kyn boljagyny tüýs ýürekden, janygyplar düşündiresi geldi. Has beterem onuň özi üçin däl-de, jigisini horlamajak bolup, ser-sepil bolup ýören uýasy Miwe üçin şu günlere düşüp ýörendigini aýdasy geldi. Ýöne namys etdi. Aýdybilmedi. Ýaşuly bu çaganyň şundan soňam kaka agyz urman duranyny geň görüp:

— Iýiber, oglum, çekinme! — diýende welin, Mawyş saklanybilmedi. Içi, bagry tutäp barýan ýaly jynssyz gygyrdy:

— Men dä-ä-äl! Maňa gerek-gä-ä! Doganym ajykýa, doganym-m! Gyz doganjygym...

Ýaşulynyň sakgaly sandyrady. Ýeke bir sakgaly däl, elem, dyzam, asyl bütin göwresi durşy bilen saňňylda öwrüldi. Ol Mawyşdan «Kakaň barmy?» diýip sorady. Mawyş tisgine-tisgine zordan: «U-uruşda» diýdi. «Ejeň bir barmy?» diýen sowala bolsa, jogabam bermän: «Ejem bolsa şeýdip ýörjekmi» diýýän manyda öňküsindenem beter içikmäne durdy. Ýaşuly horjunyna täzeden elini sokdy-da, dört barmak ýaly nany çykaryp «hiýk-hiýk» edip duran çaganyň eline tutdurdy.

— Al, oglum. Menem-ä bir özüň ýala alyp barýadym welin, bolýa-da, siziň derdiňiz meňkiden agyrrak ekeni. Sizi ajykdyrýan, aljyradýan zat çöreksizligem däldir-de, şol ata bilen ene mähriniň açlygydyr. Al, oglum! Al, bar-da, doganjygyň bilen iý. Bu günlerem geçer gider. Ine, basym uruşam gutarar welin, onsoň kakaňam gaýdyp geler. «Bir türkmen oglan nemisler bilen gaty zor uruşýamyşyn» diýip, arada biriniň gürrüňini etdiler welin, şo seň kakaňdyr. Bar, köşek, Alla kuwwat bersin. Göwrümini giňräk tut. Şü siziň oýnap ýörkäňiz el ýaly nany haýatyň üstünde ýatdan çykaryp gideniňizem bir görsem... Onsoň ölsemem armanym ýok.

Şol demde Mawyşyň iki günden bäri aç garynjygy doýdy duruberdi. Şol iki agyz ýyly söz hakykatdanam, aç çagany doýuraýdy. Çaltrak öýe baryp, öz kakasynyň nähili zor uruşýandygy hakynda şäher adamlarynyň şu gün günuzyn gürrüň edendiklerini Miwä buşlamak üçin, Mawyş assa-ýuwaşlyk bilen gojadan arany açdy. «Kakamy ýeriň ýüzünde tanamaýan

ýok ekeni. Ýaňy bazarda bir adam hemmäni daşyna üýşürip: «Adamlar! Ymamgulydan ýaňa nemislere gün ýokmuş. Bu gidişine gitse ol aňrujy dogar aýyň bäşine çenli duşmany gyrgyna berip gutarar. Siz ýene-de azajyk gaýrat ediň, adamlar! Ine, şu duran oglanam şonuň ogly diýdi» diýip, ol Miwä aýtjak sözlerine çenli aňynda jemläp başlady.

Şäherden çykan ýeriňde entek käle düşmänkäň iki-üç sany ýykyk-ýumruk köne harabaçylyk bardy. Şonuň deňinden geçiberende Mawyşyň gulagyna bir hili ysgynsyz iňňildi eşidilen ýaly boldy. Şol tarapa seredende bolsa, harabanyň kölegesinde bir gyzyl köýnekli gyzjagazyň arkasyny tama berip, iki eljagazyny emaý bilen jüpläpjik etegine goýup, ýalaňaç aýajyklaryny uzadyp, gyşarypjyk oturanyny gördi. Gyzjagazyň ýüzi-peti göm-gökdi. Gözjagazlary bolsa şol bir durşuna aşak bakyp, üýtgewsiz suratda süzülip durdy. Hiç hili hereket ýok. Bir hereket edýän ýeri, o-da bolsa öýläniň şemalyna dynuwsyzlyk bilen ykjap duran garaja gulpaklary. Jigisi bor-a çemeli, ýaňy bir aýak biten oglanjygam gyzjagazyň ýyrtyk köýneginden çykyp duran dyzyna bagryny berip, tükgerip ýer dyrmap ýatyr. Käte-de bir iniňi üýşendiriji ysgynsyz sesjagazy bilen çalaja iňläp goýberýär. Gumak ýere ýüzüni oýkap-oýkap tutuşlygyna kirşene bulanan çaga, ýanyna kimdir biriniň gelenini duýdy-da: «Çöçje-e» diýip ýüzüni ýerden göteribilmän çalaja iňledi. Çalaja gymyldady. Mawyş «Bu ikijigem dogandyr» diýip içini gepletdi. Olaryň daşynda «wag» berýän burny ýaşyl, ullakan gara siňekleri eli bilen kowuşdyrdy-da, öz açlygyny, Miwäniňem özüne garaşyp oturanyny bütinleý ýadyndan çykaryp, hälki ýaşulynyň beren bir döwüm nany bilen iki burum kakynyň hersini birine uzatdy.

— Al, jigi, al! Me, al! Al, çöçje bereýin!

Mawyş şeýle diýip oglanjygy çalaja yralady.

Oglanjyk şondan soň kelteräk iňledi-de, erbet bir düýrükdi. Aşak bakyp ýatanam bolsa onuň gözleriniň birdenkä ýakymsyz petträp gidenini, Mawyş çalarak gördi. Şonda Mawyşyň ýüreginiň ýüzünden pişik dyrnaçaklan ýaly daraw-daraw bolup gan akdy. Dişlerini şakyrdadyp gyzjagaza ýüzlendi.

— Gyýw, gyz! Al, çörek bereýin! Al! Al, ine, jigiňe-de iýdir, özüňem iý! Al! Me! Al ahyry! — Mawyş çalarak egildi-de, eli bilen gyzyň somalyp duranja çignine dürtüp goýberdi. — Gyýw, gyz! Al ahyryn!

Gyzjagaz bolsa «hä» bermäniň deregine şol durşuna el-el, aýak-aýak, san gaty bolup agdy-da, germesatan boldy ýatyberdi. Edil oturyşy-

oturyşy ýaly. Ýöne ýanyn ýatyr. Ol ýykylanda onuň dyzyny ýassanyp ýatan oglanjygam bir tarapa togalanyp gitdi. Ýöne ses-seda çykmady. Gymyldamadam. Olaryň bu perişan sypatlaryny görüp, dokuz ýaşly Mawyş bir pursatyň içinde togsan ýaşly goja döndi. Gyssanjyna hersiniň ýanyna bir baryp kyn pursatda aýdylýan sözleri edil ululardan eşidişi ýaly edil gaýtalamaga durdy.

— Turuň, jigiler, turuň! Beýdip ýatmaň! Alyň, iýiň, nan iýiň! Alyň. Bu zatlaryň bary wagtlaýynçadyr. Uruş howany zaýalapdyr-da ekinem şondan bitmändir. Uruş ýatdygy ýagyş ýagjakmyş Onsoň baý galla biter-ä. Alyň, entek şujagazy bir iýiň! Basym uruşam gutarýa. Çyn şü. Ýöne gaýrat ediň. Bu zatlaram geçer gider, işalla kakaňyzam geler. Bar dälmi kakaňyz? A ejeňiz barmy?.. — Aljyran çaga birden aglap goýberdi. — Turuň-a-a!!!

Olaryň turmajagyna gözi ýetenden soň bolsa, elindäki nan bilen kaky emaý bilen gyzjagazyň etegine oklady-da, aldyrany bar ýaly bolup yzyna ylgady. Bazaryň içine dazlap girdi-de, dört ýana delmuryp arzyny aýdara adam gözledi. Şol wagtam çolaran bazaryň içindäki dükanyň kölegesinde hälki nan beren ýaşulynyň özi ýaly bir aksakgal bilen gürleşip oturanyny gördi. Eýýäm ony özüne hossar tutunan çaga başga adam gözlejegem bolmady-da, göni şonuň ýanyna atylyp bardy. Munuň dazanaklap gelşinden tüýi eýmenen ýaşuly bu heniz baryp togtamanka ellerini ýere diräp ýerinden galdy. «Hä, näme boldy, oglum?» diýip aşaky äňini titretdi. Mawyş aýtjak sözlerini doly aýdybam bilmedi-de ýene: «Ho taýda, ho taýda...» diýip horkuldap durdy. Tisginip-tisginip sojady. Ýaşuly bolsa: «Hä, näme bar o taýda? Ýa çörejigiňi aldylarmy eliňden? — diýip sorady. — Hany görkez, nirede?» Oňa çenli beýleki aksakgalam ýerinden turdy-da: «Ýör baryp göräýeli-le gaty daş bolmasa. Çaga bir zatdan gorkana meňzeýän ýaly» diýdi. Mawyş olary hälki harabanyň gapdalyna getirdi-de, eli bilen ýatan çagalary görkezip, öňküdenem beter ulili bilen aglamaga başlady. Şol aralykda ol hysyrdanyp ýören ýaşulynyň: «Wah, ikijigem ölaýen ekeni — diýip hamsyganyny, ýanyndaky aksakgala ýüzlenip: — Ussa aga, ho-ol, eşekli barýany bäri çagyrsana. Äkideli bulary. Häk, görgüsi ýaman çagalar...» diýenini çalaja eşitdi. Çagalary jüpläpjik ýatyraga-da üstüne donuny ýapansoň öz ýanyna gelip: «Bar, balam, sen indi öýüňize gaýdyber — diýeninem eşitdi. Ýaşulynyň hälki nan bilen kaky ýerden galdyryp: — Al, guzym, bulary öýüňize barypjyk iýersiň» diýenini welin eşitmedem, görmedem.

Ol ýeri-gögi saýgarman, basara ýer hem peýlemän oba tarap entirekläp ugrady. Şol barşyna ol özüniň ýalaňaç injiklerine degýän ýandaklaryň yzasynam, dyrnap-dyrnap gidýän itgyzganlaryň, demirtikenleriň awusynam, syh ýaly gara çöňürleriň dabanynyň aşagynda şarta-şarta döwülişinem, käbiriniň bolsa pyçak urulan ýaly bolup aýajyklarynyň aşagyna sanjylyşynam duýmady. Öýe nähili ýagdaýda geleninem, nädip ýatanynam bilenok. Şondan soň ol dört günläp ýerinden galybilmän ögäp ýatdy. Gepläbem bilmedi. Miwäniň özüne uzadan çöregine-de telim günläp agyz urup bilmedi. Ýöne Miwäniň sag-aman öýden girip-çykyp ýörenini görensoň welin birneme ynjaldy. Goňşy-golamlaryň häli-şindi gelip habar tutup durmalary bolsa Mawyşa-da, Miwä-de, ikisine-de ullakan goltgy boldy. Kim bir käse gatyk getirip berdi, kim bir okarajyk ýarma getirdi, garaz, gözden salmadylar. Daýzasam gelip, iki gije dagy ýatyp, Mawyş gowy sagalansoň gitdi. Kem-kemden ol has gowulaşdy. Şondan soň bir ýyl geçip-geçmänkä uruşam gutardy. Dört ýyllap uly iliň daşyna gala bolan gerçekler gelip, öz mähriban ojaklarynyň gyzgyn közüne ellerini çoýdular. Köp-köp kakalar bilen birlikde Mawyşyňam kakasy sag-salamat gaýdyp geldi. Şol ýaşulynyň aýdyşy ýaly horluk assa-ýuwaş uly iliň başyndan ymykly sowuldy. Bolçulyga-da ýetdiler. Parahat ýyllar, rahat günler yzly-yzyna aýlanyp Miwe bilen Mawyşyň hersini bir öýüň eýesi etdi. Jebir baryny görkezen açlykly ýyllar aýylganç düýş ýaly bolup allowarralarda galdy. Ýatlamalar könelişdi.

Ýöne şo-ol açlygyndan gatap galan gyzjagaz bilen iň soňky demine çenli «çöçje» diýip guma bulaşyp ýatan oglanjygyň gözgyny keşbi welin, Mawyşyň ýüreginde ömürlik tagma bolup galdy. Şol ikisiniň bolup ýatyşy onuň göz öňünden soň-soňlaram gitmedi. Heniz-henizlerem gidenok. Gitmezem.

## Ellik

Tirkiş bäş ýaşly oguljygy Döwletgeldä dükandan owadanja ellik getirip berdi. Dogry, ol gymmat bahaly ellik däldi. Şeýle-de bolsa, çaga üçin şolam bir ullakan bagt. Özi ýaly çagalar bilen daşarda gar zyňşyp oýnap ýören çaga elligi görüp, şeýle bir begendi welin, hiç çeniň däl. Zat äberseňem çaga äberäýseň.

Tirkiş oglunyň elinden tutup, öýe saldy-da: «Ýitiräýmegin» diýip sargady. Döwletgeldiniň: «Hoş» diýenine ynanmaýan ýaly, bir dem onuň

ýüzüne bakyp durdy. Soňam öz-özünemi ýa aýalyna eşitdirmek üçinmi, «Aý, ýitir-le derrew» diýip, ysgynsyz seslendi. Aýaly hem: «Ýitiresi ýokla» diýip, ogluna guwançly bakdy. Yzyndanam: «Ýitiräýme, köşek!» diýip pugta tabşyrdy. Döwletgeldä beýdip iki ýerden sargamaklarynyň özüne ýetik sebäbi bardy. Ol özüne getirilýän zatlary ýitiregendi. Köwüş alybam halys boldular. Getiren köwüşlerini geýip çykyp, ýarym sagatdan ýitirip gelýän pursatlary hem bolýardy.

Owadanja ellikleriň hersini bir eline geýen Döwletgeldiniň öýde durara karary ýetmän daşaryk çykdy. Oýnaşyp ýören çagalaryň ýanyna baryp, olar bilen päkize ak garyň üstünde dünýäni unudyp, oýna başlady. Gar zyňyşdylar, diň ýasadylar, garaz, hezil etdiler.

Döwletgeldi oýnap halys bolansoň, öýlerine geldi. Içerik ätländen, elinde bir taý ellikginiň ýokdugyny duýdy. Işigiň agzynda ep-esli wagt doňan ýaly bolup duransoň, ejesidir kakasynyň ýüzüne ogrynça seretdi, olaryň zat duýmandyklaryny aňdy-da, syr bildirmän, usullyk bilen çykyp gitdi. Bir çäýnek çaý içim salym geçensoň, şol öňküje suslugy bilen dolanyp geldi. Kakasynyň ýüzüne seredip, töre dyzaberdi welin, onuň bolşundan bir zatlar aňan Tirkiş çişip başlady.

— Hany, dur entek! Gel, hany bäri, hany ellik?

Döwletgeldi sesini çykarman, bir taý elligini çommaltdy. Tirkiş bolmajysy boldy.

— Ana, ana, aýtmadymmy men?! Aýtmadymmy men?! Aýtmadymmy ýaňy? — Ol aýalyna gygyrdy. — E-eý, bäri gel hany sen!

Aýaly ýüzüni ynjyly çytyp gelşine sorady!

— Hä, näme?

— Nämäň gursun seň. Aýtmadymmy men ýaňy! Ýitirer diýmedimmi? Ana, ýene-de ykdyryp gelipdir ýaňkyny. — Ol ýene-de ogluna azgyryldy. — Bar, gözläp gel! Tap!

Gapa ýönelen Döwletgeldini ejesi saklady.

— Dur entek, bar ýaly-la. Ýa bir taýymydy? Oglum, beýleki taýyny ýitirdiňmi? Gaçyrdyňmy?

Döwletgeldi ejesiniň ýüzüne seredip kemşerdi.

Ejesi onuň elinden tutup, ýerinden galdy.

— Ýör, köşek, bile gözläýeli. — Çykyp barýarka adamsyna ýüzlendi: — Häzir tapyp geris-le. Nirä gitsin-ä şol. Ýatandyr oýnan ýerinde.

Olar gelýänçäler Tirkiş içini hümledip oturdy. «Bäh, bulara zat alar ýaly däl-aýt! Gowusy, katumyt et-de, getirme diýsene şulara hiç zat. Asyl

salymyny bermän ýitirme bilen-aý bular. Edil bilgeşleýin edýän ýaly-da. Bäh! Men-ä, näme etjegimi bilmedim».

Döwletgeldi ejesi bilen gelende hem boş geldi. Tirkiş aýalynyň: «Çagalardanam soradyk, oýnan ýerlerinem gözledik, biz-ä zat tapmadyk» diýen sözlerine üns hem bermän, golundan tutaga-da dazyrdadyp töre geçirdi. Oglunyňam ýeňsesinden iterip çykaryp goýberdi.

— Bar, şony tapman öýe geläýme! Eşitdiňmi? Doňýanam bolsaň garaňy salaýma!

Çaga aglap gitdi. Aýaly ogluna dözmän ärine ýalbardy.

— Nädýäň-ä çagany? Dile düşmez çagany hem şeýtmek bolarmy! Üşär ahyry. Nämäni bilýär ol entek?

Tirkiş o burçdan bu burça daz ýasady.

— Gapyl! Zikge kakýandyryn men, her gün derýa doly zat daşara. Seň nebsiň agyrmaz, sebäbi sen... sen getireňok-da o zatlary. Wah, seni ýere gömmeli...

Aýaly rejäniň geň däldigini bildi-de, ortarada çommalyp oturyberdi. Öz ýanyndan: «Bäş ýaşly çaga çykdajyňy nä bilsin seň, girdejiňi nä bilsin» diýip pyşyrdady.

Döwletgeldiniň aglaýan sesini eşidip, enäniň ýüregi daglandy. Äriniň ýüzüne delmirip bakdy. Şonda onuň gözüne Tirkiş dünýäde iň bir zalym adam ýaly bolup göründi.

Döwletgeldiniň: «Ä-ä-ä» edýän sesini eşidip, Tirkişem uzak durup bilmedi. Paltosyny ýelbegeý atyndy-da, köwşüni gowaldaň geýip daş çykdy. Öýüň gapdalynda diwara arkasyny ýaplap aglap oturan ýumruk ýalyjak ogluny görende bagry awady. Ýüregi jigläp gitdi. Döwletgeldiniň üşäp, gyzaran ýaňajyklaryna, gülgün reňke öwrülen barmajyklarynyň saňňyldaýşyna, ähli durky bilen sandyrap, galdyrap oturyşyna gözi düşende, öz-özünden utandy. Içinden «Elligem gursun, köwşem» diýdi-de, oglunyň elinden tutup öýe saldy. Eljagazlaryny öz agzyna eltip üfleşdirdi. Ýüzüni-gözüni sypalaşdyrdy. Henizem dommarylyp oturan aýalyna ýüzlendi:

— Gögermedik bolsaň, turaý ýeriňden. Eşiklerini zadyny bir çalşyryşdyr muň!

Aýaly turup gelşine gözýaşyny süpürişdirdi, burnuny çekdi. Soňy ýok gaharjaň ärini birinji gezek görýän ýaly bolup seretdi. «Heý, toba» diýdi-de, Döwletgeldiniň eşiklerini çalşyryşdyrmaga başlady.

Tirkiş halynyň üstüne ýassyk taşlady-da gyşardy. Henizem «hiýk-

hiýk» edip hamsygyp duran ogluny ýanyna çagyrdy. Çaga geldi-de, göwünli-göwünsiz kakasynyň öňünde çökdi. Süýem barmagyny agzyna sokup «hiýkildäp» oturyşyna ejesine seretdi. Şol wagt hem ejesiniň: «Wiý! — diýen sesi eşidildi.— Ine, büý-ä».

Tirkiş garysyna galdy.

— Näme ol?

— Ine, Döwwe janyň elligi bar eken-ä! Jübüsiniň ýyrtygyndan içligine gaçan ekeni.

— Aý, goý-a! Bäh! Bä-bä... Aý, bolýa-laý.

Döwletgeldi tarsa ýerinden turdy. Ylgap baryp ejesiniň elindäki elligi gysymyna gysdy. Ony synlap durşuna uludan demini aldy. Getirip kakasyna uzatdy. Tirkişiň ýüzi gyzardy, nätjegini bilmän ýaýdandy.

— Men nädeýin ony? Bar, ejeňe beräý, oglum! Guratsyn, ertir ýene geýersiň.

— Ýok, kakaňa ber, şoňa gerek şol. Ber, boýnundan assyn!

— Goýsan-aý, senem, walla! Baý, oňşuk ýog-ow sende-de, bäh!

Kakasy bilen ejesiniň arasynda gatnap ýadan Döwletgeldi ortarada serim-sal bolup durdy. Içerde bir meýdan höküm süren dymyşlygy Tirkiş bozdy.

— Bar, oglum, pejiň ýanynda goýaý! Ertir oýnaňda geýersiň.

Döwletgeldi ýüregini bire baglap golaý geldi-de, elindäki elligi ýene-de kakasyna uzatdy.

— Me... Ertir geýsem, ýene ýitirin-dä...

Tirkiş ogurlykda tutulan ýaly bolup uly basga düşdi. Öňünde bäş ýaşly çaga däl-de, özündenem has uly, özündenem kän pähimli, paýhasly bir kişi duran ýaly boldy. Aljyrady. Ogluny gujagyna alyp, ýaňajygyndan öpdi.

— Hiç, oglum, ýitirseň. Zatdyr-da... Ýitmejek zat bamy? Bu gün ýitmese, ertir ýiter. Janyň sag bolsun. Ýitse ýene alaýarys. Bar, oglum, pejiň ýanyndajyk goýaý!

Çaganyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Hut şol pursatyň özünde ol ýene öňki şadyýan çaga öwrüldi. Bökjekläp baryp elligi pejiň ýanynda goýdy. Çaganyň gül ýaly bolup açylmagy bilen şadyýanlyk öýüň içine ýene-de gaýdyp geldi. Hol aňyrky burçda «şolk-şolk» edip çaý içip, torsarylyp oturan gelin hem çäýnegi bilen käsesini göterip gaýtdy-da, gelip äriniň gapdalyna gondy. Ýene bir käse alyp geldi-de, oňa çaý guýup oturyşyna usullyk bilen äriniň ýüzüne seretdi. Gözi gözüne düşenden ýylgyrdy.

Tirkiş hem ýylgyrdy. Yzyndanam hezil edip gülüşdiler. Ikisiniň ortasyna özüni oklan Döwletgeldiniň gülküsi bularyň ikisiniňem gülküsini basdy.

*1981 ý.*

## Ynjaldy

Durdy şol gezek işden birneme irräk geldi. Öňünden syrtarylyp çykan aýalyna bir zatlar diýip degişjek boldy. Soňam: «Gel-aý, şu oýun bilmeze zat diýmäýin-le» diýip, ýüzüniň ugruna içki jaýa girip gitdi. Eşiklerini çalyşdyrdy-da, öýüň ortarasynda, dik duran ýerinde pikir etdi: «Ertirem dynç günüdir. Geçen aýyň garaňkysyndan bäri zat dadylan däldir, azajyk wuraýsammykam, ýadawlygy çykarar ýaly. Eşiklerimem-ä çykardym. — Ol assa-ýuwaş ädimläp gapynyň agzyna bardy. Işikden boýnuny uzadyp, howluda oýnap ýören ogluny ýanyna çagyrdy. — Ýaş oglany ibermelem-ä däldir welin, aý, tanalman duran adam ýok, bererler-le».

— Öwez keliň dükanyna gidip gelibilermiň? — diýip, ol öýe kürsäp giren ogluna ýüzlendi.

Gulmyradyň gözi ýiteldi. Ykjamlandy.

— Hawa. Näme getirmeli?

— Ýeme bermezmikä o saňa? Bir çüýşe o zat...

— Arakmy?

— Hawa.

— Höwün Goşa daýym gelende-hä beripdi. Şonda getirdim-ä.

Durdy asawaçdan asylgy duran balagynyň jübüsinden iki sany üçlük çykardy.

— Me onda, galan köpügine näme alsaň alaý. Kagyza dolap ber diý!

Gulmyrat ejesiniň oturdan çaýy gaýnamanka dükandan gaýdyp geldi. Kagyza dolangy aragy kakasyna uzatdy. Keýpsiz gürledi.

— «Haladillikden berjek» diýip berdi. Kagyza-da dolady. «Kagyzam gyt» diýdi.

— Gaýtargy bermedimi?

Gulmyrat oýunda utulan oýunçy ýaly uludan demini aldy-da, burunjygyny çekdi.

— Şony bermedi-dä.

Durdy: «Häk» diýdi-de, dükançynyň adyny tutup sögündi. «Çagany

bir aldamaly däl-ä» diýdi. Öýüň ortarasyna çökdi-de, haşlap oturyşyna aýalyna gygyrdy:

— Hany, getir naharyňy basymrak!

Durdy käsesine arak guýup içdi-de, birmeýdan işdämenlik bilen nahar iýdi. Derledi. Burçak-burçak der oňurgasyndan syrygyp gitdi, ho-ol aşak. Deriň badyna endamy ýumşap, göwrümi giňedi. Aýaly bilen degişesi, gülüşesi geldi. Bolmajagyny-ha aňdam welin, töwereginde başga-da bir gara bolmansoň ýene oturybilmedi.

— Men-ä ýene birini alaýsam diýýän.

Aýal aýlawa düşünmedi.

— Şunyňy bir iç entek.

Durdy hikirdedi:

— Ýak, nätdinaý! Men-ä bir saňa kömekçijik alaýsam diýýän. Neneň görýäň?

Ýeri, «bar, al» diý-de gyşar-da otur diýsene. Ýok, bu ony etmedi. Iki çignine «salam» berip, «has-has» edip oturyşyna bolubilenini boldy. Çişdi. Gözüni çuwala salnan geçiň gözi ýaly edip dik depesine dikdi. Birdenem top atylan ýaly atyldy. Şaňňy ses içerini tutdy.

— Getir! Getir, getiribilýän bolsaň. Şu içerde men-ä durman. Durman ikiň biri bolup. Öldümmi men beýdip. Ýa hossarsyzmy men üstüme heleý aldyr ýaly?!

Aýalynyň hiç zat ýok ýerden ot alan ýaly bolup oturyşyna Durdynyň gülküsi tutdy. Bilgeşländen ýene-de tow berdi.

— Ikiň biri bolmarsyň. Sen meň baýry aýalym borsuň. Hemme zat, bütin hojalyk seniň elinde bolar.

Şol wagt öýe giren Gulmyrat kakasynyň keýpi kök halda gürläp oturyşyndan ony ejesi bilen degişip oturan hasap etdi. Ýyrşarylyp hersiniň ýüzüne bir seretdi. Durdy oduň üstüne ýag guýdy.

— Gulmyrat janam ol ýuwundyrar, geýindirer. Sen bolsaň otur arkaýyn dynjyňy al-da!

Aýaly bolmajysy boldy. Ýetdi ýetjek derejesine. Äriniň: «Hergiz çaganyň ýanynda meniň bilen sögüşme» diýip, ömürboýy edip gelýän sargydyny hem başyndan aýlap urdy. Tasap ýerinden turdy. Baryp eplengi duran ýorganlary ýykyşdyrdy-da, aşagyndaky sandykdan zatlaryny çykarmaga başlady. Gözüni çaşardyp Durda seretdi. Aýala gelişmejek ýowuzlyk bilen:

— Durman, durman indi men bu hojalykda. Gitjek! Al, kimi alsaň,

şony al! Meň bilen işiň bolmasyn! — diýdi.

Şunça giňem bolsa, gany gyzyp ugran Durdynyň bu bolgusyz ýere topalaň turuzýan aýalyň özüniňkidigine jany ýandy. «Ýeri, bir ýapbyl-ýapbyl gürleşip, degşip oturan heleý duşaýmaly dälmi maňa dagy».

Ogrynça oguljygyna seretdi. «Ine, gapydan gülüp giren çaganyň bar keýpi uçdy. Şu wagt şuňa bu öý zyndandyr». Çaganyň göwnüni götermek üçin hoş söz gözledi.

— Iýiber, oglum! Ejeňe seretme. Ol oýun edýändir.

Içerdäki topalaňyň oýun däldigini çaga aňdy. Gözjagazlarynyň gytagy bilen bir-ä ýarysy içilen araga, birem kakasyna seretdi. Muny Durdy hem duýdy. «Haý, arakdan gördi-ow» diýip başyny ýaýkady.

Gözjagazlaryny tegeläp oturan Gulmyrat, bu galmagaly hakykatdanam, şu ortadaky duran arakdan gördi. Hut öz eljagazlary bilen dükandan getiren aragyndan gördi. Getirenne puşman etdi. Işdäsi tutuldy. Saçagyň başyndan yza çekildi. Ýene-de aşaklyk bilen çüýşä seretdi. Sowuk demini aldy.

Şondan soň Durdynyň hem iýip, içip ugry bolmady. Iň beteri çaga nebsi agyrdy. Ara düşen näsazlygy ugrukdyrmak üçin, ýerinden turup, aýalynyň ýanyna bardy. Töwella etdi. Aýal töwellany almady. Gaýtam has kejine tutdy. Soňabaka has agramly sözler hem aýdyp başlady. Durdynyň: «Oýun etdim-le-how, beýdip durma-da, goýaý indi senem, çaganyň göwni çöker beýtseň» diýenlerine özüçe düşündi. Ony özünden gorkulyp edilen eglişik hasap etdi. Kiçijik kellesi gyzyp, has hetden aşdy.

— Sen orramsy bolmasaň...

Onuň sözüni soňlara maý bolmady. Durdynyň gany depesine urdy. Aýalyna elini salgap goýberennem aňşyrmady.

Şondan soň, Durdy daş çykdy-da, üzümiň saýasyndaky çarpaýa münüp, aýagyny sallap, keýpsiz oturdy. Bir agyz oýundan dörän topalaňa geň galdy. «Şuň ýagdaýyn-a bilýänem welin, ýene-de, adam pahyr, bir öýden bile girip-çykyp ýörseň olam bolanok. Keýpimem gowujady-da...»

...«Är-aýalyň urşy, ýaz gününiň ýagşy» diýişleri ýaly, topalaň her näçe uly hem bolsa, ertesi ýene öňki-öňkülik boldy. Birazajyk ýüz bermediksireşen, torsarylyşan bolsalar-da, öýläne çenli hiç zat bolmadyk ýaly ümmüldeşip gitdiler. Erkek aýal bilen deň bolup durmady. Bagyşlady. Aýalam bagyşlady. Ikisem biri-birini bagyşladylar. Gury goh edenleri galdy.

Gulmyratjygyň welin, ertesem şol bir keýpsizje girip-çykyp ýörşi

boldy. Öwran-öwran sowutgyjy açyp, içindäki düýnden galan ýarty çüýşe araga seretdi. Uly adam ýaly: «Ýene bir galmagallyk galypdyr-ow!» diýdi. Şu jenjel suwuny dükandan öz aýagy bilen gidip getirendigi üçin, özüni hiç bagyşlap bilmedi. Ahyram ýüregini bire baglap arakly çüýşäni aldy-da, hiç kime bildirmän daşaryk çykdy. Düňküldäp gitdi-de, elindäkini hapa atylýan nowanyň içine taşlady. Aýalaryny kakyşdyrdy. Göwrümi giňän ýaly bolup, uludan bir sowuk demini aldy. Düýnden bäri ejesiniň ýanynda özüni müýnli saýyp ýören çaganyň süňňi ýeňledi. Ejesi bilen kakasynyň gaýdyp uruşmajakdyklaryna ynandy. Ol hil bir bitiren ýaly ellerini arkasyna tutup, howlynyň içinde, eýläk-beýläk aýlanyp ýörşüne, gözüniň gytagy bilen telim gezek ejesine seretdi. Ejesiniň gamyny iýeni üçin özünden göwni hoş boldy. Ynjaldy. Gaýdyp dükandan arak getirmejekdigine şert etdi.

*1984 ý.*

## Kepderiler

Maksat dynç güni şähere gitdi-de, kakasynyň eçilip beren puluna iki sany kepderi satyn alyp geldi. Olaryň bir-ä ýörände gerinjiräp, boýunlaryny ýaýkyldadyp, elmydama näzirgäp ýören, dagysyz owadan akja kepderi, beýlekisi bolsa aýagy balakly, öňe çykyp duran döşi zerewşan öwüşginli, gök kepderidi. Ýöne näme üçindir akja kepderi gelşi ýaly özüni taýyndan gaça tutup başlady. Gök kepderi özüne golaýladygy bu-da o burçdan bu burça tarap elem-tas bolup gaçdy ýördi. Maksat ilk-ä guş ýat ýere gelenini duýup ýadyrgaýandyr öýtdi. «Öwrenişersiňiz. Entek ikiňiz bileje öýüň ýokarsynda aşyr atyp Öwwäň kepderileri ýaly oýunam edersiňiz» diýip göwün ýüwürtdi. Öwrenişýänçäler gaçyp gitmez ýaly ganatlarynam inçejik sapak bilen daňdy. (Gyrmaga dözmedi.) Aradan bir aý gowrak wagt geçdi. Maksat bir gün okuwdan gelşi ýaly kepderileri daşary çykardy. «Ind-ä ekdileşen bolaýsaňyz gerek» diýip ganatlarynyň daňysyny aýyrdy-da, ikisinem bilelikde bat bilen ýokaryk oklap goýberdi. Olaryňam edil Öwwäň kepderileri ýaly obaň depesinden iki ýana uçmaklaryny, ala şapyrdy bolşup oýun etmeklerini isledi. Kepderiler welin ony etmediler. Ganatlaryny «şap-şap-şap» etdirişip başly-barat o ýan, bu ýan aýlanan boldular-da, hersi bir tarapa ötägitdiler. Asmana galansoň-a ak kepderi özüni hasam gaça tutdy. Gök kepderem

kejikdimi, nämemi, onuň yzyna uzak düşjegem bolmady. Obaň daşyndan birki ýola kelteräk öwrüm edip ganatlarynyň guruşgynyny ýazdy-da, gyýalap ketegiň üstünde gondy. Heserlendi. Henizem asmanda elewräp ýören ak kepderä gahar hem gazap bilen seretdi. Alkymyny ýellendirip, gummurdap ketegiň üstünde iki ýana ylgaşlady. Her öwrüm saýy has-da belende galýan akja kepderi bolsa gitjek ugruny mazaly kesgitlänsoň asmanda uzak eglenmän, edil Maksadyň göwni üçin edýän ýaly iki gezek «şapyrt-şapyrt» etdirip aşyr atdy-da, ilerligine, şähere tarap ötägitdi. Çüýşe ýaly dury asmanyň ýüzünden süýşüp barýan akja nokady Maksat basym gözden ýitirdi.

Ak kepderi şol uçup gaýdyşyna ýigrimi kilometr aralygy durman geçip göni şähere geldi. Gök baga bürenip oturan ullakan şäheriň üstünde keýp edip aýlanansoň, özüniň beletje howlusynyň üstünden şaglap indi. Ketegiň agzynda ýekeje pursadam eglenmän, böküp içine girdi. Birgiden kepderileriň içinden endam jany ak menek bolup duran ýeňsesi käkillije goňur kepderini tapyp, göwsi bilen, gapdallary bilen eýlesine, beýlesine süýkendi. Alkymyna dykyldy. Olam muny görenden belent heňler bilen saýrap, ganatlaryny ýazyp, owsunlap başlady. Ikisem her dürli owadan sesler çykaryp, biri-biriniň daşyndan pyr-pyr aýlandylar. Dessine-de daşaryk çykdylar. Jaýyň üstüne çykyp darandylar. Birdenem «hüw-we» göterildiler-de, arassa asmanyň aşagyndaky tämiz howany kesip-kesip uçdular. Uçursyz lezzet hem şady-horramlyk bilen her dürli oýunlar etdiler. Her ýan, her ýan ýanaşybam uçdular, Keýpden çykyp ýadansoňlar bolsa ýene-de tamyň üstüne gonup darandylar, saýraşdylar. Tä garaňky düşýänçä şeýdip oturdylar. Soň ketege girdiler.

Bularyn şeýle döwranly pursatlara ýeten gijesini gök kepderiniň ýeke özi dar ketekde mugruljyrap geçirdi. Onuň ertesem ugry bolmady. Asyl hijem bolmady. Daşaryk hem çykmady. Oýnamadam, uçmadam, oňly iýmedem, içmedem. Maksat ony uçurjak bolup telim ýola ketekden çykaryp ýokaryk oklabam gerdi. Emma ol daş atymam asmana galmady. Galjagam bolmady. Dolanyp geldi-de ýüzüniň ugruna ketege sümüldi. Gaýdybam çykmady. Bu ýagdaýa Maksat gaty gynandy. Bolan işi kakasyna gürrüň berdi. Gök kepderä taý alar ýaly pul gerekdigini aýtdy. Kakasynyň hökman pul berjekdigini eşidip az-kem köşeşdi. Öňündäki bazar güni awtobusa münüp şähere gitdi-de «öňki eýesine baran ekeni» diýip, şol akja kepderili ýylgyrdy geläýdi. Onuň ganatlaryny daňyp ketegiň içine goýberdem welin, muňa gözi düşenden bir çetde süzülip

oturan gök kepderi haýbat bilen aýaklarynyň üstüne galdy-da, boýnuny süýndürip galkyjaklady, ganatlaryny gerip «lummur-lummur, lummur-lummur, gur-r-r-gur-r» edip gahar hem gazap bilen ak kepderini itip, ganatlary bilen kakyp, o burçdan bu burça kowalap başlady. Wagty bilen deminden düşübilmän alawagyrdy bolup ketegiň içinde ters aýlandy. Gaça-gaça halys ysgyndan düşen ak kepderi lüt ýadansoň gözenegiň agzyna geldi-de, şoňa germelip duruberdi. Henizem gahary köşeşmedik gök kepderi şondan soň ony öz ugruna goýdy-da, ketegiň içinde ýeke özi ylgaşlap başlady. Müň dürli öwsüp duran alkymlaryny hüžžerdip tä garaňky düşýänçä aýak çekmän dar ketegiň içinde çar tarapa ýelk ýasady. Soň-soňlaram aram-aram onuň «gummurdysy» eşidildi durdy. Ol diňe ertesi köşeşdi.

Akja kepderi welin ertesem, birigünem, soňkusy günem «heňini» üýtgedäýmedi. Şo-ol, ýüz bermän o burçdan bu burça gaçgalaklady ýördi. Özüniň ak menekli taýyny küýsedi. Ýene-de şonuň ýanyna gidesi, onuň bilen gök baga bürenip oturan gözel şäheriň üstünde ýanaşyplar uçasy geldi. Gün geçdigi saýam küýsegi artdy. Al asmanda aga-ýana ýüzüp, oýnap, şadyýan geçirilmeli bigam günleriň ýerine içgysgynç, ýürege düşgünç, tükeniksiz sagatlar başlady. Uzak gijeleri, mylaýym güneşli owadan gündizleri bu bir kapasda mekan tutan bigäne guşlaryň hersi bir çüňkde hiç zatdan höwessiz terkidünýä halda geçirip başladylar. Kepderileriň biri-birinden uçugandyklaryny ilki bilen Maksadyň kakasy duýdy. Ol ogluna kepderileri öňki eýesine eltip bermegi, deregine başga jübüt kepderi almagy maslahat berdi.

Emma Maksat şähere gitmeli bolmaly. Bir gije daňdanaralar ketegiň agzynda aýylganç bir haşşyldy eşidildi. Ketegiň gapysyndaky ýumurtga sokaýmalyja gözenekden süýnjeýip gelýän uzyn jandary ilki, bilen gök kepderi gördi. Üşerildi. Aýaklaryny taýly tezek çalşyryp tüýlerini hüžžertdi. Uzyn zat deşikden sozulyp ketegiň içine girdi-de, göni ak kepderiniň duran ýerine tarap süýşüp başlady. Ak kepderi näderini bilmän owadanja kellesini ýaýkyjaklatdy. Aljyrady. Ýerinden butnara ysgyny bolman hasam burça gysyldy. Çalaja gummurdady. Gök kepderi göz açyp-ýumasy salymda özüni ýylan bilen ak kepderiniň arasyna oklady. Birbada äm-säm bolup heşerlenip duran ýylanyň kellesine ganatlary bilen kakyp goýberdi. Böküp-böküp aýagynyň dyrnaklary bilen urdy. Çokdy. Ak kepderini has howpsuz ýere, aňyrky çüňke tarap itekledi, Oslagsyz ýerden peýda bolan «sowuk uruş» bilen bu asman

perisi şeýdip jan dalaşyna girdi. Alkymyny çişirip, gazap hem öç bilen tükeniksiz gummurdap ýörşüne, özi ýykylyp galaýmasa taýyny oň eline bermejekdigini gök kepderi doly duýdurdy. Bu sypaýy guşlardan beýle garşylyga garaşmadyk «gelmişek» söweşiň öz çak edişinden hasa gazaplyrak boljakdygyny aňyp, birbada yza çekildi. Ýöne çykyp gidibermedi. Täzeden hüjüme geçdi. Gyra bilen süýşüp kepderilere has golaýlaşdy. Birdenem kellesini öňe tarap üňzäp goýberdi. Ýakymsyz çekredi. Gök kepderi ýene-de onuň öňüne döşüni gerdi. Yranyp gelýän kellesini penjeleri bilen böküp-böküp kakdy. Ganatlaryny pasyrdadyp keteginiň içini ala-tozan etdi. Aýylganç duşman bilen gaýduwsyz söweşip ýörşüne özem bokurdagyna salyp şeýle bir howsalaly saýrady welin, Maksadyň öýe süýji ukuda ýatan kakasy bu sese allaniçigsi bolup zöwwe ýerinden galdy. Aýakgabyny hem geýmän ylgap daş çykdy. Kepderiniň eýýäm haýallap, edil el bilen bogulýan ýaly kä wagt bir eşidilýän güňleç sesini bir dem diňläp duransoň kürsäp öýe girdi-de, ýüzüniň ugruna kükürt alyp çykdy. Ylgap gelşine hasyr-husur keteginiň agzyny açyp, içine kükürt çakdy. Duýdansyz gelen bela bilen nämährem taýynyň arasynda ganatlaryny gerip, iň soňky deminde yranjyrap duran gök kepderiniň boýnunda sallanyp duran ýylany görüp depe saçy düýrükdi. Näme edýänini özem bilmän, gaçmaga hyýallanan ýylanyň guýrugyndan tutaga-da, zarp bilen ketekden çykardy. Çykaryşy ýalam aýlap-aýlap ýere pugta ýelmedi. Ýylany ýowy usurgadansoň bolsa hol beýleräkde ýatan gara daşy üstünden inderdi. Ýençdi. Dolanyp ýen-de gapynyň agzyndan seretdi. Iň soňky deminde ysgynsyzja ses bilen «lugurdap», ýykylyp ýatan kepderiniň ýumuk gözlerine, şalkyldap ýatan ganatlaryna seredip gynandy. Öli ýylany kepjäniň üstüne mündürip hol aňyrrakda çuň edip ýere gömdi. Üstündenem basgylady. Heniz endamynyň ýylysy hem gitmedik gök kepderini ketekden çykaryp beýleräkde, çiliň üstünde goýdy. Daň atyberende ak kepderinem çykardy-da, emaý bilen ganatlarynyň daňysyny çözdi. Öýden çykyşy ýaly ýerde ýatan gök kepderini görüp: «Wah-wah-eý, näme boldy muňa?» diýip, «juk-juklap» ýören aýalyna: «Maksada bir duýduraýma şu wagt» diýdi-de, elindäki akja kepderini uçuryp goýberdi. Akja kepderi öwrüm saýy asmana galmana, ýerden daşlaşmana başlady. Emma öňküsi ýaly ümdüzine gidibermedi. Öýüň üstünden eýläk-beýläk aýlanyp ýörşüne kem-kemden pessaýlady. Şaglap indi. Birdenem nepisje ganatlaryny «şyg-şyg-şyg» etdirip demsiz-düýtsüz ýatan halasgäriniň gapdalyna gondy. Owadanja kellesini ýaýkyldadyp

gök kepderiniň daşyndan telim gezek aýlandy. Döşi bilen, ganatlary bilen üstüne germelip nämedendir bir zatlardan penalady. Geleli bäri birinji gezek, emma eçilipler saýrady. Muny görüp Maksadyň kakasy bilen ejesi ikisem birden diýen ýaly «häk, höwrügenem ekenler!» diýip ahmyrly seslendiler. Olaryň bu pikirini ugrubir inkär etmegi ýüregine düwen dek şol dem akja kepderi bir gobsundy-da, asmana göterildi. Gök kepderiniň üstünden eýläk-beýläk ýerläbräk uçdy-da, birdenem dik ýokary galdy. Al asmanda perwaz urup pyrlana-pyrlana ahyram ýene-de şähere tarap tutdurdy. Edil el bilen aýrylan ýaly ondan bölünip gaýdan ujypsyzja akja ýelek bolsa ertiriň tämiz howasynda gaýmaklap gelşine demsiz-düýtsüz ýatan gök kepderiniň henizem zerewşan öwüşginini ýitirmedik owadan döşüniň üstüne emaý bilen gondy. Ýumuk gözlerini eda bilen ýelpedi.

*1983 ý.*

## Tebip

Mundan ýigrimi ýyl gowrak öň, Esenmyrat aganyň on ýaşlaryndaky gyzy merduwandan ýykylyp bilini agyrtdy. Üç-dört sany oňurgasy ýerinden üýtgedi. Çaga sähelçe wagtyň içinde bükreýdi. Gasygynda käse ýaly çiş emele geldi. Dogtora görkezselerem:

— Üç ýyl galman galypda ýatmaly bor — diýdiler.

Esenmyrat aga şoňa-da kaýyl boldy. Ýöne ätiýaçdan:

— Şondan soň bir galyp gidermikä? Gowy gutularmyka? — diýip, çekine-çekine sorady.

— Görmeli-dä... — diýdiler.

Şol ýekeje sözem onuň gonjuna gor guýdy.

— Uly şäherlere äkidip göräýsem näderkä? — diýen maslahatam dogtorlar gaty bir unamadylar. Gaýtam gatyrgandylar.

— Ady dogtor dakylan bolsa, biziň şu diýenimizi diýerler. Medisinanyň mümkinçiligi şol. Şolaryň bilýänini bizem bilýäs.

— Üç ýyl gozganman ýatmaly bolsa, soňunyňam näme bilen gutarjakdygy näbelli bolsa, özem gyz maşgala — diýip, Esenmyrat aga iki ýana zowzuldaberdi. Gyzyny galypa salmak üçin dogtora eltjeginem bilmedi, eltmejeginem. Wagt bolsa geçip barýardy. Ýaranyň könelişäýmegem, soň bejermekligiň has kyn düşäýmegem daş däldi.

Ahyram ol, onuň-munuň maslahat bermegi bilen tebibiň gözlegine

çykdy.

Tebipleriň yzarlanýan döwri bolansoň, tanamaýan ýerlerinde-hä oňa ýüzem bermediler. Gorkdular.

— Biz olar ýaly iş bilen meşgul bolamzok, siz ýalňyşyp gelipsiňiz — diýdiler.

Tanyş üsti bilen baran ýerleriniňem köpüsi el-aýagyň ýeňil-ýelpaý döwük-ýenjiklerini bejerýänler ýa-da käbir iç kesellerinden dert çekýänlere dermanlyk odur-budur, ot-çöp salgy berýän tebipler bolup çykdylar.

— Aý, bu döwürde indi bular ýaly düýpli keseli bejeribiljek tebip galanam däldir. Tohumyny tüketd-ä hökümet olaryň — diýip, Esenmyrat aga halys ugruny ýitirip otyrka-da obadaşlarynyň biri gelip:

— I-i… Maryda Ussa Haýtyň ogly bolmaly. Şoňa gitsene sen — diýdi.

Dertli bolsaň, salgy berlen tarapa eňiberýän ekeniň. Esenmyrat aga-da şol günüň ertesi ýola düşdi. Birigüni diýlende-de, bir wagtlar tebipçilik sungaty boýunça külli türkmene belli bolan Ussa Haýtynyň ogly Ýalkaby ýany bilen alyp geldi. Gyzyny görkezdi.

— Gül ýaly çaga solup barýa, gaýrat ediň — diýip, gyzyň ejesem gözüne ýaş aýlady.

Ýalkap ussa gyzyň bilini, gasygyndaky çişi üns bilen synlady. Oňurgalaryny sanaýan ýaly, barmaklary bilen ýeke-ýeke basyşdyryp gördi.

— Şu ýeri agyrýamy, bu ýeri agyrýamy, ine, bu ýeri nädýä? — diýip sorady. Soňam içini hümledip oturdy-oturdy-da, ýolboýam telim gezek sorandygyna garamazdan, Esenmyrat aga ýüzlenip:

— Dogtorlara görkezdik diýdiňiz dälmi? — diýdi.

Är-aýal ikisi iki ýerden «hawa-da-hawa» boluşdylar.

Ýalkap ussa şondan soňam sesini çykarman ep-esli oturdy. Çaý içdi. Burçak-burçak derledi. Öý eýeleriniň tukat oturandyklaryny görüp ýuwaşja seslendi:

— Gaýgy etmäň, Alla bizlik bolsa, hassaňyz gutular işşalla.

Esenmyrat aga muňa çaga ýaly begendi. Aýalam begendi. Uýalarynyň gutuljakdygy üçin, doganjyklaram begendiler. Gyzyň özem begendi. Olaryň begenendiklerini görüp, Ýalkap ussa-da begendi.

Ertesi irden ol Esenmyrat aga bilen aýalyny ýanynda oturdyp şeý diýdi:

— Siz üstünden birküç ýyl aşan iküç litr sary ýag, bir sany ýag meşigini, bir litr ýaly çörden ýasalan garaýag, ýumurtga ýagyndanam tapybilenjäňizi tapyň-da, bir aýlap gyzyňyza günde bir gezeg-ä ýarym käseden saryýag içiriň. Günde bir gezegem güneşe çykaryň-da, oňurgasynyň yzaly ýerine ýumurtganyň ýagyny çalyň. Ýag meşigini gasygyndaky çişe daňyň. Bir aýlap aýyrmaň. Şu zatlary edip bolanyňyzdan soň meni çagyraýyň.

Esenmyrat aga ýadyndan çykarmazlyk üçin, aýdylan zatlary okuwçy depderinden goparylyp alnan bir tagta kagyzyň ýüzüne ujy küti galam bilen belleşdirdi. Ussa gepläp durka telim gezek sözüni bölüp:

— Ýyl aşan diýdiňmi?.. Ýag meşik haýsy malyň derisinden edilen bolmaly?.. Ýumurtga ýagy nememi?.. Özümjik o zat etsemem bormy? Hä?.. Şeýlemi?.. Garaýagam diýdiňmi? Çörden ýasalanmy? Oý-ho-o... — diýip, çintgeşdirdi. Iň soňunda-da:

— Galan zatlaňňa düşnükli welin, garaýagy nätmeli onsoň? — diýdi.

Ussa etjek işiniň netijesini öňünden göz öňüne getirip bilýän ökde hünärmendiň sowukganlylygy bilen howlukman gepledi.

— Oň bu wagt geregi ýok. Ýöne tapyp goýuň. Gelemde taýýar bolup dursun.

Ýalkap ussa gitdi. Esenmyrat aga bar işini terk edip ýaňky zatlaryň gözlegine çykdy. Galan zatlar-a kynam bolsa nägerek-eýle tapyldy welin, bir wagtlar islendik öýüň dulunda asylgy durýan ýag meşigini tapmak kyn boldy. Bolsa-da ilçilik, dagda-düzde oturanlaryň üstüne gitdi, gum içindäkilerden soraşdyrdy, garaz, onam tapdy. Bir aýlap ussanyň aýdanlaryny berjaý etdi. Gyzjagazynyň biliniň göz-görtele gönelenini, çişiniň aýrylanyny görübem begenjine maşyn tutdy-da, göni Ýalkap ussanyň üstüne eňdi. Günübirinem alyp geldi.

Ussa ýene-de gyzyň bedenini birlaý gözden geçirdi-de, gapydaky gara öýe tarap eňegini ülňedi.

— Şol öýüň içinde ojar ýakyň. Közi köp bolsun. Ojagyň gapdalyna tämiz düşek atyň-da, gyzam şol ýere eltiň.

Hemme zat aýdylyşy ýaly bolandan soň, ussa gyzy düşegiň üstünde ýüzin ýatyrdy. Oňurgasynyň üýtgän ýerine hamyrdan «ýürek» etdi. Içine-de gyrmaladybraga-da garaýag guýdy. Ojakdaky gülberişip duran çog-gyzyl közleriň birini ätişgir bilen jüpläp alaga-da, garaýagyň bir barmak ýalyrak ýokarsynda saklap durdy. Köz köräberse ony zyňdy-da,

başgasyny aldy. Hä diýmänem ýüregiň içindäki garaýag «bygyr-bygyr» gaýnap başlady. (Tenine ötmeýän bor-a çemeli, gyz tisginmedem.) Zol-zolam egilip gyzyň agzyny ysgady. Gyzyň agzyndan garaýagyň ysy gelip ugrandanam:

— Boldy! — diýip gygyrdy. Gyzyň bilindäki «ýüregi» aýyrdy. Köýnegini çekişdirdi. — Tur, gyzym! Bar, özüňem emiň-ýomuň şu bolsun!..

Ata-enäniň şol wagtky begenjini heý, ýazyp beýan edip bolarmy? Esenmyrat aga şol gün toý etdi. Oba bagşylaryny ýygnap aýdym aýtdyrdy, Ussa serpaý ýapdy. Telim wagt bäri ýorgan-düşekli ýatan gyzynyň baýdak ýaly parlap, deň-duşlary bilen iki-ýana daz ýasaýandygyny görende bolsa begenjine gözlerine ýaş aýlady.

— Bendäm-bendäme sebäp diýenleri-dä. Ömrüň uzak bolsun, ussa — diýip, öwran-öwran Ýalkap ussanyň dyzyny penjeledi.

...Şol gyzy soň Esenmyrat aganyň ähli çagalaryndanam daýaw bolup ýetişdi. Durmuşa çykdy. Üç-dört çaganyň enesi boldy. Ol häzirem tut ýaly sagat.

*1990 ý.*

## WATAN

Okuwçylaryň geçen gezekki ýazan düzmesini paýlaşdyryp ýörşüne, Annoraz kimiň nirede, nähili ýalňyş goýbereninem ýüzüniň ugruna aýdyşdyrdy. Yzyndanam:

— Mälikberdiýew bilen Söýünjalyýew ikisinden başgaňyz gyramatkadan gömük — diýip hüňürdedi. — Bu bolşuňyz bilen kör galarsyňyz.

Şeý diýibem ýerine geçdi. Gyjalatynyň täsirini biljek bolýan ýaly ullakan, mawy gözlerini tegeläp ýeke-ýeke ýüzlerine seretdi.

Şol wagtam yzdaky partalaryň birinden:

— Ýoldaş mugallym... — diýen ysgynsyz ses eşidildi.

Annoraz boýnuny süýndürdi.

— Hawa... — Jogap bolmansoň ol ýerinden turdy-da, ses çykan tarapa ýaltalyk bilen ýöräp ugrady. — Hä, näme soragyň bar, Mälikberdiýew, aýdyber?..

Mälikberdiýew oturan ýerinde oýkanjyrap mugallymyň ýüzüne

nägile garady.

— Men Watan sözüni uly harp bilen ýazdym welin, siz kiçeldipsiňiz...

— Hä-ä... O-my?.. Dogry, ýaňy aýtmak ýadyma düşmändir. Şojagaz ýalňyşyň bolmadyk bolsa saňa bäşlik goýjakdym. Mehaniçeskiý ýalňyş hasap edeýinem-ä diýdim welin, aý, bolýa-da, zyýany ýok, gynanma, indikide bäşlige ýazarsyň.

— Baha hiç welin, ýoldaş mugallym, Watan sözi uly ýazylýar-a... Geçen ýarym ýyllykda «SSSR meniň Watanymdyr» diýen temadan düzme ýazanymyzda uly ýazdyg-a.

Annoraz barmagyny çommaltdy.

— Hä-ä... Ine, sizi näme ýalňyşdyrýa... — Ol bir aýagynyň üstünde pyrlanyp, hyrra yzyna öwrüldi. Eline hek alyp tagtanyň öňüne bardy. Uly hyruç bilen okuwçylara ýüzlendi. — Eger-de Watan sözi SSSR manysynda gelse, sözlemiň ortasynda gelse-de uly harp bilen ýazylýa. Eger-de respublika manysynda, ýagny, Türkmenistan manysynda gelse, kiçi harp bilen ýazylýa... — Annoraz aýdan zatlaryny mysal hökmünde ýazybam görkezdi. Hekli elini nokadyň üstünde saklap durşuna klasa ýüzlendi. — Düşnüklimi?

Hiç kimden ses çykmady. Okuwçylaryň käsi assyrynlyk bilen Mälikberdiýewiň ýüzüne seretse, käbiri tagtanyň ýüzündäki sözler bilen öz ýazan düzmesindäki sözleri deňeşdirip gördi.

Annoraz ýerine geçdi-de, aýaklaryny biri-biriniň üstüne atyp, ýanyn oturdy. Aýalaryny kakyşdyrdy. Elýaglygyny çykaryp eliniň hekini süpürişdirdi.

— Iň intirisni ýerem iň ökde diýip ýören okuwçylarymda bar şu ýalňyş. Mälikberdiýew bilen Söýünjalyýewden başgaňyzyňky dogry. — Şondan soň edil alkymynda oturan çepiksije oglana ýüzlendi. — Hümmedow, bar, görüp bolan bolsalar depderleri ýygnaşdyr.

Çepiksije oglan klasyň içinde kebelek ýaly pyrlandy-pyrlandy-da, bir top depderi getirip, emaý bilen mugallymyň öňünde goýdy.

Annoraz depderleri elinde saldarlap gördi.

— Kim berenok ýene?..

Okuwçylaryň hemmesi birden Mälikberdiýewe tarap seredişdiler, Annoraz eňegini ýokaryk galdyrdy.

— Mälikberdiýew, sen bereňokmy? Nämüçin bereňok?

Mälikberdiýewiň sesini çykarman dommarylyp oturyşyny görüp, Annoraz ýene-de ýerinden turdy. Ýuwaşja ýöräp ýanyna bardy.

— Nämüçin tabşyraňok depderiňi?..

Mälikberdiýew çym-gyzyl bolan gözlerini mugallyma tarap aýlady.

— Watan sözi uly bolmaly, ýoldaş mugallym.

Annorazyň gahary geljek boldy.

— Gyramatkaň öz kada-kanunlary bar. O zatlary men düzemok ýa men özüm oýlap tapamok... Biziň borjumyz şo kada boýun egmek...

— Kada boýun egmeýän sözlerem bar-a... Harplaryň içinde-de ba, kada boýun egmeýäni...

— Watan sözi kada boýun egdirilen...

Mälikberdiýewiň sesi sandyrady.

— Watan sözi kada boýun egmez...

Annorazyň ýüzi üýtgäp gitdi. Bir zat diýjek bolup ýüzüni çytdy. Emma ähli okuwçylaryň özüne tarap hüşerilişenlerini görüp gaharyny ýuwutdy. Bat bilen Mälikberdiýewe tarap elini uzatdy.

— Äber bärik depderi!..

Mälikberdiýew häliden bäri öňünde açyk ýatan depderiniň üstüni aýalary bilen ýapdy. Mugallymynyň garaçyny bilen topulyp gelýänini görübem hasyr-husur ruçkasyna ýapyşdy-da, «şolk-şolk» etdirip, yzyndaky partada oturan ýoldaşynyň syýa çüýşesine batyrdy. Mugallymyň gyzyl syýa bilen düzeden sözüniň üstünden goýy, gök syýa bilen çyzaga-da, uly harp bilen: «Watanym» diýip ýazdy. Ýene-de bir gezek, ýöne bu gezek ýeňillik bilen dem aldy. Depderi usullyk bilen mugallymyna uzatdy.

Annoraz depderi eline alansoňam Mälikberdiýewiň çym-gyzyl bolan gulaklaryna, ýaňy bir tüý örüp ugran duluklaryna, mugallymyndan käýinje ýa şarpyga garaşyp üznüksiz gypyrjyklaşýan kirpijeklerine seredip kän durdy. Mälikberdiýewiň ýanyndan aýrylansoňam klasyň içindäki höküm sürýän ümsümlige diň salyp iki ýana gezmeledi. Äpişgäniň öňüne baryp uçsuz-gyraksyz, çüýşe dek dury asmany, asmanyň ýer bilen tapyşýan ýerinden başlanyp, alyslardan-alyslara gidýän ümmülmez sährany, äpişgäniň öňündäki bir oýtum suwjagazyň başynda «jedir-de-jedir» bolşup, nämäniňdir bir zadyň dawasyny edişýän serçejikleri synlady. Bir wagtlar, ellinji ýyllaryň başlaryndamy ýa ondanam öňräkmi, uniwersitetde okap ýören wagtlary, haýsydyr bir ylmy işinde, Türkmenistan manysynda gelýän Watan sözüni uly ýazandygy üçin, haýsydyr bir tankytçy tarapyndan milletçilikde aýplanyp, on bir ýyl iş kesilen, şol gidişine-de gaýdyp Watan diýlen zadyň garasyny görmän, il-

günden uzakda, Sibiriň bir ýerlerinde ýogalyp giden, alym mugallymyny ýatlady.

Şondan bäri, tekstiň içinde Watan sözi gabat geldigi titreşip, sandyraşyp duran nesle öwrülendikleri üçin özüni bu oturan okuwçylaryň öňünde müýnli duýýan ýaly aşak bakyp ardynjyrady. Ösüp gelýän nesliň özlerine görä has batyrgaý, has ýürekliräk bolup ýetişjekdiklerine begendi. Adamlaryň ruhuny maýyplan, ýürekden, ötden aýran, hemme zatdan uly Watan sözüni kiçi harp bilen ýazmaga mejbur eden şol, aýylganç ýyllaryň gaýdyp dolanmazlygyny isledi.

Şol oýlar bilenem äpişgäniň öňünden aýryldy-da, ýuwaşja ýöräp Mälikberdiýewiň ýanyna geldi. Onuň henizem saňňyldap oturanyny görüp başyny sypalady.

Şol wagt Sapargylyjow hem ýerinden turdy-da, tagtanyň öňüne bardy. Stoluň üstünde duran depderleriniň arasyndan öz depderini sogrup aldy. Duran ýerinde açdy-da, edil Mälikberdiýewiň edişi ýaly, mugallymyň düzeden sözüniň üstünden çyzyp, öňki, öz başdaky ýazyşy ýaly, uly harp bilen: «...Watanym» diýip ýazdy.

Şondan soň beýleki okuwçylaram «hürre» ördüler-de, stoluň başyna bardylar. Hersi öz depderlerini alyp, ýerli-ýerlerine geçdiler. Öň, grammatikanyň düzgünine laýyklykda kiçi harp bilen «watanym» diýip ýazan ýerlerini uly harp bilen «Watanym» diýip düzetdiler.

*1990. Moskwa.*

## Bizi çagalarymyz terbiýeleýärler

Çaga ulaltmagyň nähili kyndygyny özüňiz bilýäňiz. Köneler oňa ýöne ýere «süýjüje duşman» diýmändirler ahyry. Aga-gara düşünýänçäler-ä: ony eýtme, muny beýtme diýe-diýe özüňem halys çaga dönüp gidýäň. Iň ýamanam ömürboýy şo-ol bir diýeniňi gaýtalap ýörensiň: «Nämüçin köwşüňi ters geýdiň?», «Nämüçin ýüzüňi ýuwmansyň?», «Garaňky düşmänkä öýe gel diýmedimmi?». Gije-gündiz iş salşyp duran zadym bolansoň, men-ä ýaňky agzalanlardanam beter esasan ruçka meselesi heläk etdi.

Ýazyp oturansyň, birdenem bir iş bilen turup gidersiň, gelseň eýýäm ruçkaň ýokdur goýan ýeriňde. Ine, onsoň jygyldawuk stoluň başynda dim-dik bolaga-da: — Haýsyň aldyň? — diýip herrelersiň. Hiç haýsyndan

ses çykmaz. Ýene-de gaýtalarsyň. Durandyrlar süýem barmajyklaryny dişleşip. Zemzen haýbatyny ata-ata özüň ýadap özüň goýarsyň. Ahyram: — Hä-ä, siz alan dälsiňiz! Goňşulardan biri gelip alandyr — diýersiňde, goltuk jübiňde göterýän ruçkaňy çykaryp işläp başlarsyň. Olaram usullyk bilen dagaşarlar. Şol, seni käýiden ruçka soň bir ýerden çykaram welin, ýa içi ýokdur, ýa-da orta bilinden döwükdir. Yz ýanyndan beýleki ruçkaňam gürüm-jürüm bolar. Edil, öýüň içinde jyn bar ýalydyr.

Şu meselede mende sakgal syrylýan almazyň ýagdaýy ruçkanyňkydanam beter boldy. Päkiňe täzeje almaz ötürip birje gezek sakgalyňy syrarsyň. Hakyna seretseň şol almaz bilen ýene-de azyndan bäş-on gezek syrynmalysyň, emma eýýäm ikinji gezekde päkiň sakgalyňa ötmez. Diýmek, ýa galam ýonandyrlar, ýa-da bir zat kesendirler. Janyň ýanyp munda-da gygyrarsyň. Ala-goh edip goňşularyň dagy bizar-peteňini çykararsyň. Emma netije ýokdur. Ýene-de şol dymyşlykdyr. Şol bir sessiz-üýnsüz, garaja gözlerini mölerdipjik durandyrlar. Bilýäler-dä, özüň ýadap özüň goýjagyňy. Käte syrynyp bolanyňdan soň almazyňy gizläp goýarsyň. Emma barybir indiki gezek päkiň sakgalyňa ötmez.

Ho-ol günem ir bilen şol ýagdaý gaýtalandy. Düýn-öňňinlikde tutunan täzeje almazym bilen sakgalymy syrjak bolýan welin, dulugymyň ýüzünden taýyp dur. Köpürjigini alýa-da, sakgala barmysyňam diýenok. Beýlesine öwrüp görýän, onda-da bolanok. Janym dagy ýanaýdy. Çekgelerimdäki köpürjiklerem süpürmän wannadan dazlap çykdym-da, eýwanda ertir çaýyny içişip oturan çagalarymyň üstüne howala boldum. Diň-gögüme garaga-da:

— Aý, ýoknasyzlar! Näçe gezek aýtmaly size, meň zadymy ellemäň diýip?! Kim näme ýondy ýene-de meň almazym bilen?! — diýip gygyrdym. Bir meniň, birem çagalaryň ýüzüne seredip, ýylymjyrap oturan aýalyma gözüm düşende gaharym hasam joşdy. Barmagymy çommaltdym-da, bir demde bar zäherimi şonuň üstüne pürküp goýberdim. — Sen idili doňuz bolup, haý-küş edýän bolsaň, bular-bular ýaly ýoknasyz bolmazdylar, bir gepi müň bir ýola gaýtalatmazdylar! Sen bilgeşleýin edýäň! Meniň zehinimi ýakjak bolup edýäň! — Birdenem bar gazabym aňyrsyny bakyp, sessiz-üýnsüz çaý süzüp oturan ogluma geçdi. — Häý, ýeňsäň gursun! — Ol bärsine öwrüldi. Bir hili uýaljyrap ýylgyrdy. Muňa meniň hasam gaharym geldi. — Eňegiňi taýpy ýaly edip senem ejeň bilen bir adam! Näm-ä syrtarylýaň? Bol aýt, kim ellän bolsa meň almazymy! Beýlekiler-ä bir dile düşmez, sen bir göz-gulak bolaýsaň

bolmadymy şo zatlara!..

Şol wagt aýalym ýerinden turdy-da, maňa tarap ýöneldi. Ýeňimden çekdi. Aşhana getirdi-de, usullyk bilen:

— Goh edip durma, almazyňy ellän adam ýok, ogluň sakgalyny syrdy — diýdi.

Men edil, ogurlykda tutulan ýaly boldum. Gara çynym bilen edip duran gykylyklarymyň hiç kime täsir etmeýändigi üçin ýarylara gelip duran uly göwräm bir demde bir gysym bolana döndi. Sähelçe zowal görse bokurdakdan zowlap duran hälki zorruk sesden nam-nyşan galmady. Aýalym ýagdaýymy aňan ýaly sözüniň üstüni ýetirdi.

— Syrýar-a ol indi. Ýöne, saňa aýtmaga çekinýä. Özbaşyma sakgal syrýan alaýsammykamam diýýä welin, men aldyramok. Alsyn diýseň, başgasyny al diýäýerin.

Men azajyk böwrümi diňläp durdum-da, hyrra yzyma öwrüldim. Sessiz-üýnsüz wanna girdim-de, päkime täzeje almaz saldym. Syryndym. Hälki gykylygym üçin oglumdan çekinip ortaky jaýyň deňinden ylgaşlap geçdim. Diwanyň üstünde dommarylyp oturyşyma demlengi duran çaýymdan zordan bir käse içdim. Oglumyň birinji klasda aldyran suratyna seredip oturyşyma, onuň bilen «söweşip» geçiren ýyllarymy birin-birin göz öňümden geçirdim.

Gapa baryp gyryljak ses bilen aýalymy çagyrdym. Ol ýeňijiniň dabaraly görnüşi bilen ýyljyraklap geldi-de, gelşi ýaly gapdalymda çökdi. Halynyň gülünden dyrmalap oturyşyna assyrynlyk bilen ýüzüme seretdi.

Men bilýän, onuň şol wagt uluja oglumyzyň düýn-öňňinjigem jompuldapjyk ýörşi, wagtyň bize bildirmän şeýle çalt geçişi, galyberse-de, indi oglumyzy öýlendirmäniň ugruna çykyberenimizde-de bolman durmajakdygy barada gürleşesi gelen bolmaly. Elbetde, şol wagt meniňem onuň bilen şol zatlar barada gürleşesimiň gelendigem, üýtgeşik duýgudan ýaňa ýüregimiň üstüniň süýjäp-süýjäp gidýändigem, özümi oglan saýyp ýören halyma eýýämhaçan oglumyňam eňegine ata sakgalynyň çykyp gidendigi üçin aýalymdan köp begenmesem az begenmedigimem çyn.

Emma «utulanymy» boýnuma alasym gelmedimi, nämemi, şu çaka çenli çagalarymam, özümem, aýalymam bizar eden ýaramaz endik bir ýerden peýda boldy-da, şol bir bolgusyz sözleri ýene-de agzyma saldy oturyberdi.

— Bar, düýn sakgalyny alan ekeni diýeli, öň näme? Öňki almazlar näme?

Aýalym ýüzüme seredip oturdy-oturdy-da, gülüp goýberdi. Yzyndanam edil, gyjalat berýän ýaly:

— Düýnki getiren ak köýnegiňem geýdi. Köwşüň bir taý bagjygynam aldy. Özüniňki üzülipdir. Kakamyň gara balagynyň gonjundan iki barmak aýyrsaň maňa jap bolýa diýibem üç gün bäri gulagymy gazap ýör — diýdi.

Edil şol wagtam meniň dek-düýnüň özünde uzyn nobata durup alan ak köýnegimi geýip gapydan çykyp barýan ogluma gözüm kaklyşdy. Haýbat atmak üçin kükregimi ýelden dolduryp ýerimden galdym. Agzymy açyp-açmankamam gapy gürpüldäp ýapyldy. Men yzyma döndüm. Gelip ýene-de ýeke-täk gaçybatalgam bolan mele diwanyň üstüne çökdüm. Içimiň ýangynjyna henizem ýüzüme şykraýlyp oturan aýalyma azgyryljak boldum. Oňa çenlem gaharym ýatyşdy. Köne ýaramaz endigiň ýerini ýene-de «süýjüje duşmanlara» bolan söýginiň süýjümtik lezzeti eýeledi. Gahar bilen zähere garylyp harlanan ýyllar gözüme hor göründi. Gyssagara kelläme gelen bir pikiri kagyza bellemek üçin, iş stolumyň başyna baranymda bolsa, ýene-de agşamky goýan ýerimde ruçkamyň ýokdugyny görüp düýrükdim. Emma ol wagt meniň göwrämde gykylyk edere gurbat galmandy.

Ine, biz-ä şeýdip, ömürboýy çagalarymyzy terbiýeleýändiris öýdüp, görgimizi görüp ýörüs, netijede bolsa olar bizi terbiýeleýärler.

*1989 —1990.*
*Aşgabat — Moskwa.*

## Öz ýüzüňize-de bir serediň!..

Öýden getirenje owkatlary bilen hersi öz kabinetinde garbak-gurbak edinenden soň, redaksiýanyň işgärleriniň barsynyň bir ýere üýşüp çaý içişmek, warsaky uruşmak, bir döw küşt dikişmek endijekleri bardy. Ine, şol meşhur çaý, içişlik häzirem köne žurnalist, Beýik Watançylyk urşunyň weterany, hat-habarlar bölüminiň müdiri Medet aganyň insizje kabinetinde dowam edip dur. Goňşy redaksiýalardanam gelen bar. Tagtasy tapylmadymy ýa hiç kim höwes bildirmedimi, nämüçindir bu gün küşt dikilmedi. Şonuň üçinem, gürrüňçilik bir bada belli bir ugra baş bermän, dürli ýollary tozadyp, öz akymyna gitdi oturdy. Arasynda anekdotam aýdyldy. Kem-kemden birek-birege degmekligem ýadatdy.

Birdenem gürrüň şu günüň çagalarynyň özlerini alyp baryşlaryna,

edep-ekramlaryna tarap syrykdy. Şolam bulary edil, ýanyp duran oduň üstüne ýag guýulan ýaly etdi. Biri-birinden öňürti gürlejek bolşup, olar dar kabinetiň içinde uly goh turuzdylar. Kimiň öň gepläp, kimiň soň gürlärini biler ýaly bolmady.

— Asyl, gökden düşen ýaly-how, bular. Bir zat diýýäň welin, diýýämiňem diýenoklar. Durlar, kendir iýen düýe ýaly boýunlaryny süýndürişip.

— Gereň bolan ýaly diýsene...

— Howwa. Özlerem bir haýal-ýagal, otursalar turmany, tursalar oturmany bilenoklar. Düýn tabşyran ýumşuňy şu gün sorasaňam ýüzüňe serederler-de eginlerini gysarlar, bolany şol. Gözler-ä mölerilip durandyr, äňlerem edil, ýazdyrylan gapan ýaly şalkyldap ýatandyr. Biz-ä bilmedik bularyň nähili zat bolup dörändiklerini.

— Çyn şol. Ine, bäri gulak sal, menem bir zat aýdaýyn. Hupdan boram welin...

— Neme tarapam bar olaryň...

— Dur entek, men sözümi soňlaýyn... Hupdan boram welin, öýden çykarlar-da, her çatrykda bäşden-üçden çommalyşyp bir oturarlar-ow. Bäý-bä-ä!.. Ine, şo ýaman. Daşlaryndan seretseň dagy edil, bir topar agyr hassa ýa garry-gurty üýşen ýalydyr. Asfalta bakyşyp, maňlaýlaryny tutuşyp oturandyrlar. Daş-töwereklerem tüýkülikden ýaňa apbasy seçilen ýalydyr...

— Dogry şol. «Jyt-da-jyt, jyt-da-jyt»...

— ...Maşyn-saşyn geçse-de hi-iç, gozganmany bilmezler. Syrtyny sydyrdyp geçäýsin, göwni bir ýalydyr. Gaýtam ýeňsesine gaňrylaga-da burnuna salyp: «Agam, aňyrrakdan geçäýeniňde bolanokmy-aý...» diýer welin janyň dagy ýanar. Kä wagtam bir ýerlerinden turup, abşarylarlar-da dar balaklarynyň jaýryklaryna giren ýerini çekişdirerler-de, ýene-de dikejeklerine çökerler.

— Ýaňy sen maňlaýlaryny tutup oturýalar diýdiň. Dogry şol. Ýöne adam şekilli aýalary bilen tutup otursalar boljagam welin, diňe başam barmaklary bilen süýem barmaklaryny maňlaýlaryna direýärler-de, galan üç barmaklaryny dim-dik edip oturýalar. Ine, şol olary hasam gözgyny görkezýä.

— Gepleri, sözleri dagam birhili-how. Höwün geçip barýan welin, bir-ä, «Ara, bratok, pahan düýn sestruhaňa pylan zat tapyp ber diýdi welin, ertir rowno odinnadast nol-nolda ştyk etmeli men şony. Mahanyňa

aýt, skladda bar bolsa pust, pomožetdar-aý... Hot po blatu, a to, kak-to ne udobnodar-aý...» diýýä, beýlekisem dyzyny gulagyna ýetirip oturyşyna barmagyny çommaldyp: «Kakoý možet byt razgowor, bratok. Budet sdeleno diýdim, znaçit budet...» diýýä. Aňym göçendir meňňä şony eşidip. Özlerem äm-säm... Ýa beň-seň çekýälermi, nämemi...

— Aý, ýok, beňiň-seňiň iş-ä däl ol.

— Taňry gargan ýaly bir zatlar-laý...

— Siz köçede göreniňizi aýdýaňyz, a özümiziňkiler nähili? Şolaram — şolardan idili däl-ä...

— Aý, bolmanda-da köçä çykyp oturýanlaram sen ýalyň ýa men ýalyň çagalarydyr-da, gökden düşen däldirler-ä...

— Menem şony aýdýan-da. Günuzyn telewizoryň öňünde ýüzin düşüp ýatybilýäler-ä, ýerlerinden galman. Ýatjak wagtlary: «Näme boldy şu gün telewizorda?» diýip sorasaň welin, näme görendiklerini aýdybilenoklar. Ýatanlarynda-da eplem-büklem bolup bir ebeteýsiz ýatandyrlar. Agyzlaram alakaň hini ýaly hoňkaryp durandyr. Ýaş oglan dagy hor çekip ýa basyrganyp ýörmezmikä diýýädik welin, bular horam çekiberýäler. Biz-ä gorkýasam-how, şulardan.

— ...Ýaňky diýeniňe menem bir zat goşjak bolýan.

— Haýsy diýenime?..

— Telewizerde näme görenini bilenoklar diýeniňe. Biziňkilerem şolar ýaly. Ýap-ýaňyja görüp gelen kinolarynyň adyny sorasaň aýdybilenoklar. «Kareteli ekeni», ýa-da, «banditli ekeni» diýýäler, bolany.

— Içinde köpräk ýakalaşsalar, tark-turkyny ýetirseler, birki ýerinde-de ýalaňaç heleý ýa gorkunç belalary görkezseler kinoň ady bilen ýa mazmuny bilen işi ýok olaryň.

— I-i... ine, menem bir zat aýdaýyn. Mysal üçin, mekdepden bäşlik alyp gelýäler...

— Kimler?

— Çagalar...

— Öz çagalaryňmy?

— Başga kimiňki bolsun?..

— Howwa...

— Bäşlik alyp gelýäler welin şu bäşligi haýsy temany aýdyp aldyň diýseň jogap beribilenoklar-a...

— Haýsy predmetden?

— Islendik predmetden. Ýa aýtmasalaram goýaýýalarmy, nämemi...

— Sorap göräýmeli ekeniň...

— Kimden?

— Mugallymyndan.

— Soraňda nä, soraman goýdum diýer öýdýäňmi?

— Onyňam-a dogry...

— Aý, şu, mugallymlaryň özlerem şulardan idili dälmikä diýýän men-ä.

— Ýo-o, mugallymlardan däl ol. Özlerinden. Hiç haýsynda huş ýok.

— Ümürde ýörän ýaly özler-ä.

— Dogrudanam, bir zad-a bolýa şu wagtyň çagalaryna. Öz erkine-hä del bular.

— Hak aýdýan! O-ol, burnunyň suwy akyp duranam bolsa gözi ýanyp duran gurt gözli çagalar-a ýok indi. Hudaý saklasyn, ýaňadandan ata çykyp gylyç syrmaly bolsa dagy oturan ýerlerinden gozganman ýurdy tabşyraýjak şular.

Hemmesi birlaý zeýrenip, mazaly içlerini egisensoňlar, öý eýesi hökmünde häliden bäri kiçijek çäýnegini üç gezek çaýkap, üç gezek demlän Medet aga dördünji gezegem demläp ortada goýdy. Içini hümledip durşuna kärdeşleriniň käsesine çaý guýdy... Çäýnegiň üstüni ýene-de gaýnag suwdan ýetirdi-de, «myhmanlaryna»:

— Bolduňyzmy? — diýdi.

— Çaýdanmy-y... — diýip, barysy birden seslendiler.

— Ýok, zeýrençden.

Gülüşdiler.

— Näme bizar edäýdikmi?

— Aý, ýok, bizar-a edeňzok welin, baryňyzyň içiňiz hüjre-hüjre ekeni öz çagalaryňyzdan ýaňa.

— Nätjek-dä, bolşuny bolşy ýaly aýtmaly bolýa-da...

— Bolşuny aýtmaly bolýa welin, edýän gürrüňleriňiziň sebäbi göze görnüp durka, nämüçin beýlekä-de, nämüçin beýlekä boluşýandygyňyza düşünemok. Özüňizem gyramatny adamlar.

— Hä, nähili sebäbi barmyşyn onuň?

— Sebäbi prostoý zat. — Medet aga ýeke-ýeke barmaklaryny büküp başlady. — Öňki döwrüň adamlarynyň iýýän iýmitini iýmeseler, içýän suwuny içmeseler, olaryň dem alan arassa howasyndan dem almasalar, nireden gözleri ýansyn olaryň? Iýdireniňiz azotly gawun, azotly garpyz bolsa, beren pamidoryňyz, hyýaryňyz, üzümiňiz şol bolsa, dogup-döräli

bäri dişlerine ýekeje gezegem gadymky ak bugdaýyň ununy degirmedik bolsaňyz, bedenleriniň binalaryny dükanyň müteli unundan, dermanly pagta ýagyndan tutan bolsaňyz, pagtanyň ýapragyny düşürjek diýip, depelerinden gije-gündiz samalýotly derman guýanlarynda, eneleriniň süýdi bilen bile pestisit emenlerinde sesiňizi çykarmadyk bolsaňyz, dokuz günlükliginden başlap, analgin bilen asprinden gözlerini açmadyk bolsaňyz, ukoldan ýaňa endam-janyny eleme-deşik etdiren bolsaňyz, nädip gözi ýansyn o çagalaryň? Indiden soň näm-ä nalynyşan bolýaňyz? Özüňiz günäkär! Öňküleriň çagalarynyň gözi elbetde ýanar, sebäbi olar çagalarynyň üstünde baş alyp, baş berýärdiler. Siz näme etdiňiz çagalaryňyzy ýaňky zatlardan gorar ýaly? Iň bärkisi, heriňiziň içen araklaryňyzam bardyr, bir çagaň huşuny alarça!.. Hälem san bolup aýak üstünde gezip ýörenlerine şükür edäýiň. O görgülileriň köpüsi aýak üstüne galyp bilmän gidýäler. «Görk agyzdan geler», «Keseliň başyny kerseniň düýbünden gözle» diýip köneler ýöne ýere aýtmandyrlar-a. Bar zat iýmite baglydyr. Aýna alyňda, öz ýüzüňize-de, gözüňize-de bir seredip görüň-ä! Biriňiz her gün irden gelip, kelläňizi tutup otyrsyňyz, öten agşam köp urupdyrys diýip, ýene biriňiz aşgazanym agyrýa diýip, gözüňizi, çylpykladyp otyrsyňyz ýeri, onsoň nireden gözi ýansyn o çagalaryň, atasy siz bolsaňyz? Nireden olar huşly bolsun?..

Hemişe wäşi sözler bilen töwerek-daşyndakylary gülüşdirip oturan Medet aganyň birdenkä gatyrganybermesi zeýrenjeňleriň barsynyň sesine suw sepilen ýaly etdi. Olar orta ýolda saklanan at ýaly bir meýdan oýurganyşyp durdular-durdular-da: «Dogry-da, dogry» boluşdylar. Pensiýa ýaşyndan bireýýäm geçendigine, urşuň, tut-ha, tutlugyň ähli ýowuzlyklaryny görendigine garamazdan, Medet aganyň öz gözleriniň henizem ýanyp durandygynyň süňňüniň sagatlygynyň sebäbini bolsa, onuň hakykatdanam, wagtynda ak bugdaýyň ununy, ak meýdanyň ýuwadyr-ýelmigini, agzyň gyralaryny ýara edip barýan şirinden datly gawundyr-garpyzlary köp iýendigine, arassa guýy suwuny, çeşme çaýlaryny köp içip ulalandygyna ýordular.

Şondan soň tä, arakesme gutarýança gürrüň dogrudanam, iýmitiň ýaramazlaşandygy, ýeke bir çagalaryň däl, ululary ňam öňküliginiň ýokdugy, her ýyl ýaz aýlary emel bilen bazara ir çykarylýan garpyzlardan iýip ýogalýanlaryňam ýok däldigi, hatda täze dörän SPID atly belanyňam ýokumsyz iýmitler, zäherli howadyr hapa suw, her dürli deri-dermanlar zerarly adam organizminden kesele garşy göreşiji immunitetleriň

azalandygy bilen bagly bolaýmagynyň hem mümkindigi barada gitdi.

Ýöne nädeňde bu ýagdaýdan baş alyp çykyp boljakdygy barada welin, kesgitli bir zat diýibilen bolmady.

*Dekabr, 1990 ý.*

## «Okumyşlygyň» peýdasy

Şol wagtlar men ýedinji klasyň iň gowy okaýan okuwçylarynyň biridim. Gowam okaýardym, köpem okaýardym. Köp okaýanlygym üçin häli-şindi mugallymlaram öwerdiler. «Allagulyň şu ogly haçan görseň, bagryny ýere berip okap ýatyr» diýip, goňşy-golamlarymyzam öwerdiler. Oba oglanlarynyň arasynda «okumyş» hökmünde diňe öz ogullarynyň ady tutulýandygy üçin, elbetde, kakamam, ejemem daşymdan guwanardylar. Esasanam ejem guwanardy. Üç aýalyň başy çatylan ýerde meni gepbaşy edinäýesi geler durardy. Bardy-geldi aýallaryň käbiri gürrüňiň ugruny başga ýana ýa öz çagalarynyň birine tarap sowaýsa dagy gaty görerdi. «Gör! Görübilenok şu meň çagamy, gysganýa» diýip siltenerdi. Ata-eneleriň ýygnagy boljak diýselerem kakamy ibermezdi. Özi giderdi. Barybam iň öňdäki partada aýalaryny eňegine diräp, mugallymyň ýüzüne jiňkeriler oturardy. Mugallym meni öwüp başladygam gozganjyrap başlardy. Ýalt-ýult edip, beýleki ata-eneleriň ýüzüne serederdi.

Öwgi bir ýaman zat bor ekeni, soňabaka asyl duş gelen ýerde öwübermeseler özümiňem içim gysyberdi. Okumyşdygymy özümiňem duş gelen ýerde bildiresim geliberdi. Hut şol, bimahal dörän ýaramaz endik zerarlam tas bir gezek heläk bolupdym. Ýeke özümem däl, tas ejemem heläk edipdim. Hälem Hudaý diýen ýerimiz bar ekeni.

...Bir gezek ejem bilen, obamyzdan ýigrimi kilometr uzaklykda ýerleşýän raýon merkezine — daýymlara gezelenje gidermen bolduk. Obamyzyň gaýra ýüzünden geçýän çagyl ýola çykyp, ýarym sagatdan gowrak duranymyzdan soň şol wagtyň «dört tonnalyk» diýip atlandyrylýan maşynlarynyň biri geldi-de, «was-s» edip, gapdalymyzda saklandy. Başy «Stalin papakly», çal kiteliniň ýakasyndan matros maýkasy görnüp duran, gaşlak, orta ýaşlaryndaky şofýor agzyndaky tütäp duran papirosynam aýyrman gyryljyk sesi bilen ýogyn burnuna salyp bir zatlar diýdi. Biz onuň näme diýenine ikinji gezek gaýtalanyndan soň düşünip galdyk.

Nyrhyny aýdan ekeni

Bizem öz nyrhymyzy aýtdyk. Şeýdibem ylalaşdyk. Maşynyň üsti birgiden demirden doly bolansoň ikimizem kabina mündük. Men şofýor bilen ejemiň aralygynda oturdym.

O döwürlerde ýeňil maşynyň-a adam ýok welin, häli-şindi münülip ýörülmänsoň, «dört tonnalyklaryň» içem biziň üçin samolýotyň içi ýalydy. Ak harplar bilen, käbirine bir zatlar ýazylan, käbirine her hili bellikler edilen ýüzi aýnalyja tes-tegelek, garaja enjamlara, towlanýan ýa çekilip iterilýän, ýa-da «şyrk» etdirip o ýan, bu ýan ýatyrylýan nurbatjyklara, häli-şindi basylyp-goýberilip durlan pedallara, ýoluň silkewine birsyhly saňňyldaşyp duran ryçaglara syn edip oturyşyma men eýýäm obamyz bilen şäheriň orta gürpünde ýerleşýän towuk fermasyna ýetenimizem duýman galypdyryn. Bir görsem maşyn uly ýoldan sowlup, ferma tarap tutduryp barýar. Men «ýalt» edip, münelimiz bäri sesini çykarman, çilim yzyna çilim kükedip oturan şofýoryň ýüzüne seretdim. Ol aýasynda mynçgalap oturan «Belomor» gabyny penjireden zyňyp goýberdi-de, gyryljyk, warryk sesi bilen:

— Men bir şu fermäň kapratilinden çilimjik alyp çykaýyn, papruzym gutaraýypdyr — diýdi.

Maşyn joýa-joýa bolup duran çarkandakly ýol bilen ala-şakyrdy bolup bardy-da, dükanyň arka ýüzündäki alaňrak ýerde saklandy. Şofýor birki ýola güýçli gaz berensoň motory öçürdi. Açaryny sogurdy. Jübüsine saldy. Nämüçindir şondan soňam pedallaryň çepkisini basyp, ryçagy öňe iterdi. Käbinadan çykansoň iki epläp aşagyna ýazan ýagjymak, sary güpbüsini çekip aldy-da, howanyň maýyldygyna garamazdan egnine atdy. Bir eli bilen bilini tutubam gaýşarylybraga-da, eginlerini ýaýkyldadyp, dükana tarap ugrady.

Ol burçdan öwrülendenem ejem meniň ýolboýy synlap gelen enjamlaryma tarap elini aýlady-da:

— Baý, şu zatlardan baş çykarýan adamlaram-a zor görmeli-ow — diýdi.

Şol sözleri ejem şofýora diýdimi ýa şo maşynlary ýasaýan ussalara diýdimi, ony bilemok, ýöne, şeýtan böwrüme dürten ýaly «köne keselim» gozgady-da, özümi tehnikadanam baş çykarýan adam hökmünde görkezmek üçin:

— Aý, bilip-bilmez ýaly bu ýerde bir üýtgeşik zadam ýok, gaty prostoý bi, ine, büý-ä yskor çalşyranda basylýany, bulam tormuzy, bärki

çepek ýaly zat gazy, bujagaz tegelejik aýnanyň aşagyndaky diljagaz bolsa binzin görkezýäni-i... — diýip, enjamlaryň içinden öz bilýänjelerimi sanaşdyryp ugradym. Bilmeýänlerimiň üstünden böküp geçdim. Şol barmana: — Ine, bu ujy pökgülije uzynja zadam yskoryň özi-i... — diýäge-de, dözümliräk çekdim weli bir hili aşagymda ýer süýşýän ýaly bolaýdy. Başymy galdyryp daşaryk seretsem maşyn çalajadan öňe tarap gymyldap barýan ýalam boldy. Men ilk-ä göwnümedir öýtdüm. Ýöne häliden bäri: «Tüweleme, bilýän ekeni» diýip, daşymdan söýünip oturan ejemem iki ýana garanjaklap:

— Tokar jan! Maşyn ýöräberdimi, oglum? — diýeninden soň welin, ozaldanam pesaşaga duran maşynyň hakykatdanam pyşdyl ýöreýşini edip ugranyny duýdum. Asyl maşynyň nowalaryny biri-birine çatýan äpet zynjyrlaryň şakyrdysam eşidildi.

Men bir-ä gorkudan ýaňa eýýämhaçan ýüzi ap-ak bolan ejeme, birem on-on bäş ädimlikde, edil maşynyň barýan ugrunda keserip ýatan, içi jork batgaly ullakan ýaba seretdim. Ýabyň gyrasynda ösüp oturan gamyşlaryň şoradyr-ketgenleriň arasynda bir zatlar çokuşdyryp ýören akja towuklaryň «wak-waklaşyp» dyr-pytrak boluberişlerine gözüm düşendenem, kabinany nädip açanymam, nähililik bilen böküp ýere düşenimem bilemok.

Ejemiň:

— Tokar jan! Düşdüňmi, oglum? Düşmelimi? Onda men nädip düşsemkäm? Nädip düşmelikä myndan? Nädip açmalyka myny?.. — diýip, ynjyly myňňyldaýanyny, gorsanýanyny, birdenem: — Waý, nätsemkäm, waý, işim gaýtdy! — diýip, aljyraňňy halda gygyryp başlanyny, özümiňem bir alaç tapmak üçin daş-töweregime göz aýlap duran ýerimde ik ýaly pyrlanýanymy welin bilýän.

Birdenem — oba adamlarynyň dükandan çakyr alyp içýänje ýerleri bolmaga çemeli — dükanyň arkasyndaky çaşyşyp ýatan bäş-üç sany boş ýaşikleriň ortarasynda duran ullakan, çalymtyl daşa gözüm düşdi-de, şol tarapa okduryldym. Ýyldyz ýaly süýnüp barşyma daşy garbap aldym-da, ýyldyrym çaltlygynda yzyma eňdim. Ony egnime atyp gaýtdymmy ýa goldap getirdimmi, bilemok, atylyp gelşime ýaňy bir bada girip ugran maşynyň öňüne geçdim-de, sag tarapky öň tigriniň öňüne gütüledip goýdum. Äpet maşynyň mähnet tigri läheň daşa degip saklandy. Ýene-de nowalary birikdirýän zynjyrlaryň şakyrdysy eşidildi. Nowanyň içindäki demirler «dükür-de-dükür» bolşup öňe gaýtdylar. Nowanyň öň ganatyna

degibem saklandylar. Tigirlerden gyzgyn reziniň, kapotdan bolsa reňklenen demriň ýag gatyşykly agyr ysy burnuma urdy.

...Men elimiň gumuny kakyşdyrdym-da, duran ýerimde aşak çökdüm. Her nagşynyň ululygy gawunyň diliminden kiçi bolmadyk tigirlere seredip oturyşyma uludan demimi aldym. Şuş-şu wagtjyk özümi şu nagyşlaryň astynda nagyş bolaýmak howpuna sezewar edendigim barada oýlananymda inim dyglap gitdi. Men diňe şondan soň gorkup başladym.

— Waý, çagajygym, ýüregiň süýşmedik bolsa-dy biridir — diýip, kabinadan ala-şakyrdy bolup çykan ejemiň ýyljak demi ýüzüme urandanam özümi dürsedim.

Oňa çenlem dükanyň burçundan her eli bäş-üç gap «Belomorkanally» şofýor çykdy. Bir zatlar aňan ýaly maňa tarap ýiti-ýiti seretdi.

— Näm boldy-ow, pälwan, maşyn ýerinden süýşen ýaly-la bi?.. — diýip, howatyrly seslendi.

Meniň bolsa henizem şol sarsman oturyşym. Galara, gepläre gurbatym ýok. Injiklerim dagy eräp gidip barýa. Nireden getirenini bilemok, ejem: «Al, oglum, iç» diýip alýuminden ýasalan jüňňüli agzyma tutdy. Suw içirdi. Arasynda ýüzüme-de sepdi. Iki agzynyň birinde-de: «Ýa, Hudaý jan, uly beladan sowduň, sag-aman öýe barsak ýoluňa jüp nan» diýip pyşyrdady. Henizem näme-näme bolanyna düşünmän haýran bolup duran şofýora bolan işiň barysyny birin-birin gürrüň berdi. Yzyndanam:

— Seň bilýänjeleň barysyny men byjagazymam bilýän ekeni. Köp bilýänin-ä öňem bilýän welin, bular ýaly uly maşyndan başy çykýandyr öýdemokdym. Haýsy nurbatyny haýsy ýana towlaňda näme bolýanyna çenli aýdyp otyr-a. Hälem ýöräýdi. Ýöremedik bolsa dagy... Özi okuwlyja meň byjagazym. Köp okaýa. Ýaňam şo köp okanlygy peýda edäýdi, ýogsam ho-ol, allowarralarda ýatan daşy getirip, ýöräp barýan maşynyň aşagyna goýmak nireden ýadyna düşsün myň... — diýdi. Ondan soň ellerini kabina tarap galgatdy. — Men bolsam nadanlygymy edip şo-ol, sen süreňde basyşdyrýan zatlaryňy basyşdyryberjek-dä, oturan ýerimde.

Şofýor diňläp-diňläp durdy-da, gülüp goýberdi.

— Wah, şolary basyşdyryberen bolsa baýaminnet maşynyň özem durardy-la, daş näm-ä gerek oňa!

Menem-ä utandym welin, ejem hasam erbet boldy. Hernä akly çatandyr-da, gaýdyp sesini çykarmady. Bir gyzaryp, bir agaryp durşuna

galanja suwy bir owurt etdi-de, kürüşgäni edil, ýerden çykan ýaly, duýdansyz peýda bolan gyzjagazyň eline tutdurdy. Dogrudanam, oturan ýerimde pedaly basaýman, ýöräp barýan maşyny allowarralardan daş getirip togtadandygym üçin, esasanam ejemiň ýanynda şeýle masgara bolandygym üçin, bir ýere giribilmedim. Ölüm howpundan sowulandygym dagy bu biabraýçylygyň ýanynda hiç zat bolup galdy. Iň ýamanam şony edäýmän, beýdäýmeli ekendigini ejemiň bileni. Ýeri, agzamadyk bolsa-ha bolaýjakdam welin... Aý, ýok, onsuzam şofýoryň: «Beýdip ýöreniňden tormozy basaýmaly ekeniň» diýmegi mümkin. Çünki bolan işi aýtman-a boljak däl, maşynyň ep-esli ýere çenli ýöräp gidendigi görnüp dur...

...Şofýor kabina girip bir zatlar edişdirdi welin, henizem bahana tapsa öňe tarap yňjak bolup duran maşyn «hylk» edip duran ýerinde doňdy duruberdi. Şondan soň ol ýene-de kabinadan çykdy. Ýüzüni gara-ört edip başyny ýaýkady. Tigriň öňündäki daşy aýyrmak üçin maşynyň öňüne geçdi. Egildi. Ilki bir eli bilen, soň iki eli bilen çekdi. Emma daş gozganmady. Ol meniň ýüzüme seretdi-de, täzeden, ýöne öňküsine görä has dözümliräk çekdi. Onda-da bolmady. Bir dyzyny ýere urup dyzabam gördi. Ahyram bolmajagyny bilip ýerinden turdy. Maňa seretdi. Maşynyň öňünden aýryldy. Gabaklaryny sallap durdy-durdy-da, elini silkip goýberdi. Kabina tarap ýöneldi. Güpbüsini egninden aýryp öňki ýerinde goýdy. Bir aýagyny basgançaga basandanam, oglunyň okumyşlygyna dil ýetirilendigi zerarly henizem çişip duran ejeme ýüzlendi.

— Ýörüň-dä indi gitjek bolsaňyz...

Mündük.

Hakyky bilýän adamyň eline düşse bir başga. Maşyn «zyg-g-g...» etdi-de, ep-esli ýere barýança yza tesip gitdi. Ondan soňam ýarsy ýere gömülgi, nebit guýulýan ullakan demir çelegiň daşyndan aýlanyp, hälkije çarkandakly ýola çykdy.

Çagyl ýola düşenimizden soň şofýor täzeje «Belomoryň» birini açyp çilim otlandy. Iküç gezek işdämenlik bilen sordy. Göwresi bilen hezil eden bor-a çemeli, oturan ýerinde eginlerini gaýkyjakladyp oýkanjyrady. Bolup geçen wakanyň bize betbagtlyk özüne biabraýçylyk getiräýmeginiň ahmal ekendigine ýaňy düşünen ýaly, agzyndan-burnundan burugsap duran tüssäniň çykyp gutararyna-da garaşman, käýeýän äheňdemi, ýa öwüt berýän äheňdemi, gyryljyk, zorruk sesi bilen boguljyrap:

— Beýtmeni dän-ä, binmeýän zadyňy ennemeni dän-ä. Hänäm

Hudaý saknaýypdyr, birinjiden çykyp ikinjä giräýipdir. — diýdi. Aşak eglip, şalkyldap ýatan başga bir ryçagy elledi. — Şu uruşnoýy oňartmasam ahyr bir gün biriniň ýanynda ýüzügara eder bi meni.

Men usullyk bilen ejemiň ýüzüne seretdim. O-da: «Bilib-ä bilýä-le çagajygym» diýip, çalaja pyşyrdady.

Şondan soň tä şähere barýançak hijimizdenem ses çykmady. Düşenimizden soň şofýor hatda bizden almalyja hakynam almady. «Sag-aman başymdan sowulsaňyz bolýa, hudaýýoly aýtdym men şo puly» diýdi. Ejemem: «Hudaýýol-a bizem aýtdyk-la...» diýip, myňňyldaberjek ýalam etdi-de, ýene-de agzyny berk ýumdy. Pul uzadyp duran elini usullyk bilen yza çekdi. «Dört tonnalyk» maşyn ala-şakyrdy bolup ep-esli arany açandan soňam yzyndan garap tolgundy durdy. Bir zatlar diýjek boldy. Emma gepläp bilmedi. Diňe daýymlara tarap ýönelenimizden soň bir zat ýadyna düşen ýaly sakga durdy-da, ýaňky maşynyň giden ugruna tarap gaňryldy. — Uruşnoýyň işlemeýän bolsa nä körüňe sürüp ýörsüň ony? Otur-da öýüňde, gömül-de, oňardýançaň!

Bu — onuň öz ogluny, ýagny, meni akladygydy. Ýaňky bolup geçen oňaýsyz waka üçin meniň zat bilmeýändigimi däl-de, «uruşnoýyň» işlemeýändigini günäkärledigidi. Şol düzüw bolanda ýaňky aljyraňňylygyň asla ýüze çykmalam däldigini, «bilmeýän zadyňy ellemezler» diýip, şofýoryň nähak ýere meniň ýüzümi alandygyny, maşynyň ähli enjamlaryndan başymyň çykýandygyny öz ýanyndan tekrarladygydy. Has dogrusy, düşen oňaýsyz ýagdaýym üçin, meniň göwnümi göterjek boldugydy.

Şonuň üçinem öz «okumyşlygymy» subut ederim ýaly, şeýdibem ynjalarym ýaly ol maňa ýene-de bir gezek mümkinçilik döretdi.

— Uruşnoýy bolanda nämesi bolýar-a, ol artybyň, Tokar jan?

Men, elbetde, «uruşnoýyň» nämedigini bilýärdim. Ýöne sesimi çykarmadym. Ejemem gyssabam durmady. Bir gowy zat — ol daýymlara baranymyzdan soňam meniň okumyşlygymy magtap, hemişekileri ýaly daýzalarymyň ýanynda öwünmedi. Ýoldaky wakan-a asyl, ýatlamadam.

Maňa-da onuň şony ýatlamadygy kem ýaramady.

## Hudaýyň öýi nirede?

O wagtlar meniňem, jigilerimiňem, ýaňy bir ikinji klasa gatnap ýören, agamyňam öýüň içindäki hezillikden, ata-enelerimiziň

elmaýyşlyklaryndan başga dünýäde zat bardyr öýtmän ýören çaglarymyzdy. Ýüregimize jüňk bolan zatlary beýnimize ömürlik ýazýan pursatlarymyzdy.

Esasanam kakam pahyryň beren öwüt-ündewleri ýadymda gowy galypdyr. Ol bize eýle boluň, beýle bolmaň diýip iňirdäp, ýüregimize düşüp oturmazdy. Bir gezek aýdardy, tutsaň-a begenerdi, tutmasaňam uludan bir demini alardy-da: «Gör-dä, oglum, «ýagşa bir söz bes, ýamana müň söz hebes» diýipdirler» diýerdi. Şondan soň onuň bir diýenini iki gezek gaýtalatjak gümanyň ýokdur. Ýumuş buýranda pylan zat et diýer, etseň-ä edersiň, etmejekdigiňi aňlatmak üçin sortdurylyberdigiňem: «Aý, bor, guzym, onda özüm edäýerin» diýer. Ine, şo-da bize şarpyk çalandan beter degerdi. Biriniň gapysyndan baranda ardynjyrap barardy. Süme-sürç barsaň öýde oturan adamy gapyllykda basmagyň, oňaýsyz ýagdaýda goýmagyň mümkin diýerdi. Çünki öň-öňler biziň illerde gapy kakmak düzgüni ýokdy ahyry. Gaýtam gapy, äpişge kakmaklyk ýaramaz iş hasap edilýärdi.

Kakamyz bize, eger-de deň-duşlarymyzyň biriniň öýüne barsak, hökman şol oglanyň ata-enesiniň oturan jaýyna girip olar bilen salamlaşmagy, gaýdanymyzda hoşlaşmagy tabşyrardy. Hoşgylaw boluň, adamyň ýüzüne azgyrylmaň, göwnüne degmäň, göwün diýlen zat Hudaýyň öýüdir, bir göwni ýykdygyň — Hudaýyň öýüni ýykdygyňdyr diýerdi.

Myhmanlar bilen oturan wagty: bar, oglum, o jaýdan pylan zat getir diýip iberse, kaka şo diýeniň-ä ýok ekeni diýip barmak bolanokdy. Ejemize-de şony sargardy. Myhmanyň ýanynda agzymdan sypan sözi syndyrmaň, düýbünden bolmajak zady menem aýdyp durman diýerdi. Seredip otursaň onuň diýeni dogry bolubam çykýardy. Mysal üçin, bir gezek myhmanlara käse ýetmedi. Menem kakamyň dyzyny ýassanyp ýatyrdym. Ol meniň başymy sypalady-da:

— Bar, oglum, ýene-de iki sany käse getir o jaýdan — diýdi.

Şu ortada görünýänjelerden başga öýümizde käsäniň ýokdugyna gözüm ýetip duransoň gözlerimi tegeläp kakamyň ýüzüne seretdim. O-da diýjek bolýan zadymy nazarymdan aňan ýaly çalaja ýylgyrdy-da, arkama kakdy.

— Bar, ejeňe aýt, bilýändir, düýnki goýan ýerinde bardyr.

Aýdyşy ýalam boldy. Men baryp şeý diýenimden ejem sessiz-üýnsüz turup gitdi-de, goňşulardan iki sany käse alyp geldi. Näderkäk diýip uly

gaýga galyp oturan halyma gala alan ýaly «got-got» edip gitdim-de, amanat käseleri ortarada «jalkyldady-yp» goýdum welin, janym dagy hezil edäýdi.

Ejem bilen kakamyň özara gatnaşygynda meni ömürboýy geň galdyran başga-da bir üýtgeşiklik bardy. Ýagny, galan wagty gaty-gaýrym aýtmasa-da, käteler, myhman gelip, meýlisiň gyzyşan wagtlary, kakam bolgusyz zat üçinem ejeme käýinibererdi. Ýöne ejem sesini çykarmazdy. Kakamam känbir ezeläp durmazdy-da, myhmanlaryň ýanyna giderdi. Bu zatlaryň syryny ejem kän-kän soň, kakam pahyr ýurduny täzeläninden soň düşündirdi. «Erkek adam ömürboýy aýalyny synap görýändir, oglum. Kakaňam şol hereketleri bilen meniň myhmanlary ýükürgenýänimi ýa ýükürgenmeýänimi, myhmanlaryň ýanynda özüni näderejede sylaýanymy, aýaýanymy ýa aýamaýanymy synap görerdi. Hak-u-nähak myhmany barka aýal ärini käýitse günäkärdir. Näme kinesi, öýkesi bolsa-da ýuwdup, myhmanlar dargaşansoň aýtmalydyr. Sähel zat üçin äri bilen dikleşip oturan aýalyň özüni sylamaýandygy üçin ärinden öýkelemäge haky ýokdur» diýdi.

Kakamyz aýdym-sazdan baş çykarýan adam bolansoň, öýümizde üýşmeleň köp bolýardy. Hatda beýleki obalardanam, goňşy raýonlardanam kakamyň ýanyna oturmaga gelerdiler. Iýerdiler, içerdiler, aýdym aýdardylar, saz çalardylar, her aýdymyň, sazyň arasynda-da biri-birine wäşi sözler aýdyşardylar, degişerdiler, arkan-ýüzin gaýşyp, gyzyl-gyran gülüşerdiler. Nämüçindir häzirkiler ýaly serhoş bolmaýardylar. Urşup-sögüşmeýärdiler. Bu wagtkylar ýaly gözleri gyzarýança, dilleri çolaşýança içmeýän bolmaklaram mümkin. Çünki on adam bolup, üç çüýşe arak bilen gijäni geçirýändiklerini bilýän. Puluň gytçylygyndan bolmagam mümkin. Arak içmäne entek ökdelemändiklerinden bolmagam mümkin. Sebäbi biziň kakalarymyzyň ata-babalary arak içmändirler. Şonuň üçinem olaryň gany arassady. Endamlary entek araga eýlenmedikdi. Häzirkileriň köp içýändikleri bolsa, arak içilip ugraly birnäçe nesliň çalşyp ýetişendiginden, ganlarynyň araga uýgunlaşandygyndan bolmaly.

Hawa, biziň atalarymyz meýlislerini hoşwagt geçirerdiler. Biz ýaly ýaş oglanlary ýanlaryndan kowmazdylar. Gaýtam: «Ulularyň gürrüňini diňleseň dana borsuň. Otur şu ýerde» diýip, ýanlarynda oturdardylar. Paýyş sözler aýtmazdylar. «Owazy beýniňize siňsin» diýip, dutaryň sapyndan dişlederdiler-de, «tabyr-tabyr» etdirip dutaryň taryna kakardylar. Men her gezek oturyşygyň soňuna çenli oturmagy ýüregime besleýän hem

bolsam, ýarym gijä ýetip-ýetmän uklap galýardym. Ertesi oýansam o tamda jigilerimiň arasynda ýatandyryn. Dyzyna ýaplanyp irkilenimden soň kakam emaý bilen goltugyna göterendir-de, getirip ýatyrandyr.

Bir gezek göterip gaýtjak wagty çalarak oýananym, bosagadan ätlejek bolup duran kakamyňam myhmanlara ýüzlenip: «Men bujagaz garaja goçuma ýalpyldap duran gonçluja ädigem äberjek» diýeni ýadyma düşýär. Dessine-de uka gidipdirin. Ýöne şol ädigiň soň äberileni ýa äberilmäni ýadyma düşenok. Megerem, äberilen däl bolsa gerek. Tapdyran däl bolmagam mümkin. Bir ädik geýýänim, onuňam bir tarapa gyşarýany, ony dogrulamak üçin kakamyňam birnäçe günläp içine öl gum dykyp goýýany, «aýagyňy dogry basaýarlar ahyry» diýip käýinýäni çalarak hakydama gelýär. Ýöne ol ädik kakamyň diýýän ýalpyldawuk, ýumşak gonçly ädigi bolmaly däl. Başga ädik bolmaly. So-oň, dokuzynjy klasda okap ýörkäm bir kirzowoý ädik geýdim. Her günde garalap, ýalpyldadyp, gonjuny kä epläp, kä ýazyp, balagymy kä içine salyp, kä üstünden goýberip gezdim. Emma barybir, o-da, alasarmyk ukynyň arasynda aňyma giren ädik däldi.

Ädikli gürrüň bu ýere, elbetde, tötänden düşdi. Bu zatlary diýmek bilen meniň esasy maksadym kakalarymyzyň şo döwürlerde öz oturyş-turuşlary bilenem bize özboluşly terbiýe berendiklerini tekrarlamak.

Olaryň boluşlaryny görüp biziňem basymrak ulalasymyz, meýlisler gurasymyz, aýdym aýdyp, saz çalasymyz gelerdi. Degişesimiz, agzymyzy uludan açyp, arkan-ýüzin gaýşyp, dyzymyza şapbatlaşyp, hahahaýlaşyp gülüşesimiz gelerdi. Şolaryňky ýaly ýagyrnymyzyň derlemegini islärdik. Şolaryň edişi ýaly burnumyzy tarňyldadyp elýaglygymyza gurak-gurak sümgürinmegi höwes ederdik.

Şol döwürlerden meniň esasy ýadymda galan zadyň ýene birem öýümizde kakam tarapyndan ýöredilýän berk düzgün-nyzamyň biz tarapdan hiç bir gyşarnyksyz berjaý edilýändigidi.

Elbetde, myhman gelse, oturyşyk bolsa, bu her bir öý üçin kiçiräk toý. Şagalaň. Çagalar üçin-ä hasam ýakymly. Öň bişirilmeýänem bolsa şol gün öýüňde her dürli naharlar bişip durandyr, öýüň höwselesi artandyr, käte şäherden alma, nar diýen ýaly, obaňda tapdyrmaýan ir-iýmişlerem saçagyň üstünde hatarlanyşyp durandyr. Garaz, giden bir hezillikdir.

Getirilen ir-iýmişlerden öňi bilen biziň paýymyzy bölüp bererdiler. Ýöne näme, sen bir çaga, berilen zady derrewjik «galt-gult» edäge-de, gireňde-çykaňda ýene-de saçagyň üstündäki zatlara gözüň gytagyny

aýlamany hiç zatça göreňok. Şolar ýalyda oturan myhmanlaryň biri seniň hyrydar garaýanyňy bilip ortadaky zatlardan birini-ýarymyny eliňe tutduraýsa dagy almak bolýan däldir. Ol bize gadagan. Kakamyzyň gadagan eden zady. Şonuň üçinem «juk» diýäge-de, iki eliňem arkaňa tutup durubermelisiň. Garynjygyňy sypalap çalarak gägiribilseň-ä oňa ýetesi zat ýok.

Käbir goňşularymyzyň öýünde oturyşyk bolanda deň-duşlarymyzyň sümügini akdyryşyp tabagyň daşyndan ters aýlanýandyklaryny, ortada duran zatlaryň islendigine penjelerini uraga-da, ýene-de girişleri ýaly ýalaňaç aýaklary bilen saçagy basyglaşyp, çykyp gidiberýändiklerini görýärdim. Kakasynyň dyzynda oturan ýerlerinden: «Kaka, dijje» diýşip çorly ellerini çanagyň içine sokuşlarynam, et alyp iýişlerinem görýärdim. Göwünlerine ýaramasa-da, myhmanlaryň zoraýakdan seslerini çykarman oturýandyklaryny aňýardym. Şonuň üçinem şo zatlary gadagan edýändigi üçin, şolar ýaly «läliklikden» mahrum edýändigi üçin men kakamdan kine etmeýärdim. Gaýtam şolar ýaly häsiýetli çagalary soňabaka özümem ýigrenip ugradym. Çünki olar ulalansoňlaram, toýda-tomguda-da özlerini edil, öýlerinde endik edişleri ýaly salyhatsyz alyp barýardylar. Köp iýjek bolup göze-başa düşýärdiler. Märekeli jaýa nahar çekişen wagtlary garaňka güýdüşip çanagyň içindäki eti alyp agyzlaryna atýan wagtlaram, jübülerine dykýan wagtlaram bolýardy. Şondan soň ulular olara tabak ynanmalaryny bes edýärdiler.

Hawa, bize ýeke bir myhmanlar iýip-içip oturan wagtlary däl, olar dargaşanlaryndan soňam tä, olary ugradyp kakamyň ýeke özi dolanyp gelýänçä, ortadaky zatlara el urmak gadagandy. Ýygnaşdyrmagam gadagandy. Elbetde, saçagyň üstünde iýilmän, içilmän näme galan bolsa, onuň barysy biziňkidi. Biz iýip-içmelidik. Ýöne, ýaňky aýdyşym ýaly diňe kakamyzyň ýeke özüniň dolanyp gelenini gözümiz bilen görenimizden soň.

Bu düzgün-nyzamyň sebäbini kakam bize şeýleräk düşündirýärdi: Öýden çykan myhmanlaryň biriniň-ýarymynyň öý eýesi bilen dolanyp gelmegi mümkin. Şol wagt gözi zat görmedik ýaly, galan-gaçanlary gemrişip oturan çagalara düşse ol öz iýen-içen zady üçin uýalar. Bu öýde gytçylyk ekeni, bize ýokdan bar eýläp, öz agyzlaryndan kesip hyzmat eden ekenler diýen düşünje dörär. Şondan soň onuň oturyp ugry bolmaz.

Şonuň hakykatdanam şeýledigini bir gezek biz hut öz gözümiz bilen gördük. Şol gezek myhmanlary ugratmaga giden kakam hemişekilerine

görä azajyk eglendi. Şol aralykda, o tamda, çüýşelije çyranyň başynda kitap okap oturan agamdan öňňämiz myhman jaýynyň içine döküldik. Ortada her biri dikligine üç-dört dilim edilip kesilen iki sany nar durdy. Başga-da zat kändi, ýöne jor-gyzyl bolup esasan göze ilýän şoldy. Ine, onsoň biz-ä düzgüne kaýyl bolup kakamyzyň dolanyp gelerine garaşyp otyrys welin, iň kiçi jigimiz şol narlara tarap elini uzadyp hiç günümize goýmady. «Na-ar, na-ar...» diýdi oturdy. Ahyram ejem onuň bolup oturyşyna dözmedi-de:

— Äberäýseňiz-le şuňa şolaryň bir dilimjigini. Indiden soň dolanyp geläýesleri ýok-la — diýdi.

«Myhman gelmäýende-de düzgüni bozsak kakama ýakmaz ahyry» diýäýmeli welin, elbetde, menem jigime dözen däldirin-dä, ýerimden tarsa turdum. Orta geçip narlaryň birini götermek üçin egilenimdenem ardynjyrap kakam gapydan girdi. Men dikeldim. Gapa tarap gaňryldym. Görsem kakamyň gözleri ýanyp dur. Emma sesini çykaranok. Birdenem ol daşaryk boýnuny uzatdy-da:

— Geliberiň, geliberiň!.. — diýdi.

Şondan soň ýaňky oturyp giden adamlaryň ikisi içerik girdi. Olar oňaýsyzlyk bilen hernäçe:

— Besdir-dä, oturdyk-la, gaýdybereli bizem indi... — diýişselerem kakam goýbermedi. Töre geçirdi. Ejeme nahary täzelemegi buýurdy. Ejem bilen jigilerimem çykdylar. Men galdym. Kiçijik jigim welin ejemiň synyndan ýapyşyp barşyna tä işikden çykýança narlara tarap elini serdi gitdi.

Myhmanlaryň dogrudanam, oturyp ugurlary bolmady. Täze naharyň gelerine-de garaşman, çüýşäniň düýbündäki aragy üçe bölüşdiler-de, turmak bilen boluberdiler. Kakam ýene-de olary ugratmaga çykdy. Men öýde galdym. Ejem bu gezek kakamyň özi gelýänçä jigilerimi myhman jaýa salmady. Diňe kakam gelip «ýygnaşdyraý» diýenden soň ortadaky zatlary bir ujundan ýygnaşdyryp ugrady. Her kimiň islän zadyny äberdi.

Kakam meni ýanyna çagyrdy. Men käýýär öýtdüm. Emma ol bu gezegem hemişekileri ýaly başymy sypap, dyzynyň üstüne mündürdi. Jagyl-da-jugul bolşup, jigilerimem daşymyzda hümer boldular. Gap-gaçlaryny ýuwuşdyryp bolansoň ejemem geldi. Agamam geldi-de, sallançagyň tegeagajyny dutar edinip aýdym aýtmaga başlady. «Munuňky ýa kitap bilendir ýa tegeagaç bilendir» diýip, ejem güldi. Kakamam güldi. Bizem güldük. Gülüşdik. Ýüregiň üstüni mylaýymlyk bilen sypalap

geçýän bir gowy, öý durmuşy başlandy. Men häli, ortadaky nara özüm üçin däl-de, jigim üçin el uzadandygymy aýdyp, kakamyň öňünde özümi aklajagam bolmadym. O wagtlary onuň onsuzam düşünýändigine, şol ýalňyşlygy indi hiç birimiziňem gaýtalamajakdygymyza ynanýandygyna ynandyk. O-da biziň öz terbiýesini birkemsiz alandygymyza, ýaňky ýaly tötänligiň bolsa heran-haçanam bolup biljekdigine, onuň üçin agzyny ajydyp, çagalaryň badyny alyp oturmagyň gereginiň ýokdugyna ynanan bolmaly. Onuň üçin şol wagt esasy zat çagalaryň saçaga el uranyny görende myhmanyň hakykatdanam oňaýsyz ýagdaýa düşýändigine biziň göz ýetirendigimiz bolmaly.

Hawa, hut şeýle bolmaly.

Ýöne meni başga bir zat biynjalyk edýär. Kakalarymyz gidip, özümiz kaka ornunda galanymyzdan soň, bizem öz çagalarymyza edil kakalarymyzyň bize terbiýe berşi ýaly terbiýe berip bilýärmikäk? Şolaryň şol parasatlylyklaryny, şol agraslyklaryny, siňňitli guýumlaryny öz çagalarymyzyň gursaklaryna guýup bilýärmikäk? Hudaýyň öýüniň nirededigini olara dürs salgy berip bilýärmikäk?

Öňümizdäki desserhana rugsat edilýänçä el urman, kanagat edip saklanmany başarandygymyz üçin durmuşda kän-kän kösenendigimizdenmi, gidip baryşlaryna kirli elleri bilen çanagy çolpulap, başga biri üçin niýetlenen jylka etleri garaňka duwlanyp agyzlaryna dykýanlardan kän-kän hor ýaşandygymyzdanmy, göwnüme bolmasa biz şol borjy berjaý edip bilmeýän ýaly. Eger-de şeýle bolsa, ata-babalarymyzyň gönderip goýberen şaýolundan biz haçanrak sowuldykkak? Indi nädip ol ýola dolanyp gelip bilerkäk?

Meni köpden bäri biynjalyk edýän zat ine, şu!

*1990. Moskwa.*

## Aý gaýdyp geler!..

Biz oglan wagtlarymyz aýly gijeler häzirkisine görä has aýdyň bolardy. Obamyzyň ortarasyndaky şyr-takyr, ala meýdana çykyp oýnan wagtlarymyz ýerden ýöräp barýan garynjany edil gündizlikdäki ýaly aýyl-saýyl görýänimizi bilýän. Biriniň-ä gyrmyldap barşy häzirem gözümiň öňünde dur. Gazetiň iriräk harplar bilen ýazylan ýerlerini aýyň ýagtysyna keýp edip okaýanymyzam ýadyma düşýär.

Indi welin beýle däl. Bolanok. Garynja-da görünenok, gazetem okudanok.

Siziň, maňa: ýerden ýöräp barýan garynjany görübilmeýäniň-ä boýuň ösüp, görüş nokadyň ýerden ep-esli daşlaşandygyndandyr, gazeti okap bilmeýändigiň bolsa ýaşyň köneleşip, bäbenekleriň kütelişendigindendir diýmegiňiz mümkin.

Beýle bolsa onda men dikejegime oturaga-da, ýere golaýlabam, gözüme äýnek dakynybam bilýän ahyry.

Ýok, bu ýerde başga bir zat bar.

Ýagny, alymlaryň aýtmagyna görä, mundan bäş-alty milliard ýyl öň Aý ýere juda golaý ekeni. Hakyt, asman gümmeziniň üçden bir bölegini tutup duran ekeni. Soň kem-kemden daşlaşypdyr. Onuň häzirem şol, daşlaşyp gidip oturyşymyşyn. Her ýylda takmynan dört-bäş santimetr aňryk süýşýärmişin. Gelejekki bäş-alty milliard ýylyň, içinde ol ýerden ýene-de segsen müň kilometre çenli daşlaşjakmyşyn. Şondan soň ýene-de edil gidendäkisi ýaly, assa-ýuwaş ýere tarap gaýtjakmyşyn. Diýmek, on bäş, on sekiz milliard ýyldan ol ýene-de asman gümmeziniň üçden bir bölegini tutup duran boljak.

Ine, belanyň körügi nirede? Aý şöhlesiniň biz oglan döwürlerimizdäkä görä göz-görtele kütelendiginiň sebäbi, Aýyň ýerden daşlaşandygy bilen baglanyşykly. Alymlaryň şol çaklamasyna meniň ynanasym gelýär.

Men asyl, Aýyň ýaňky diýýän döwrümden bäri näçeräk daşlaşanynam hasaplap gördüm. Iki metre golaý. Has takygy, bir metr ýetmiş santimetr. Aý ýaly äpet zadyň şunça ýylyň içinde şonça aňryk süýşmegi az-küş däl ahyry.

Şu döwrüň çagalarynyň nämüçin gijeler daş çykyp, obanyň ortarasyndaky ala meýdanda uly şowhun turuzmaýandyklaram, nämüçin kürk towuk ýaly «keteklerinden» çykman busuşyp ýatandyklaram indi düşnükli. Bu ýagdaýy köpler telewizoryň, radiodyr magnitofonyň köpelendigi bilen düşündirjek bolýarlar. Öňler meň özümem şeýle pikir edýärdim. Indi welin ynanamok. Men ony Aýyň ýerden daşlaşandygyndan, Aý şöhlesiniň solgunlaşandygyndan görýän.

Aý — Aý bolanlygynda seni öýde oturtmaz. Hiç kim seniň ýüregedüşginç telewizoryňa-da seretmez, şol bir aýdanyny gaýtalap duran magnitofonyňam diňlemez. Gün ýaşyp garanky düşenden ol özünüň kümüş şöhlelerini ýere tarap yba bilen uzadaga-da, tüýnügiňden ýa penjiräňden gollaryny sokup, şelpeli barmaklary bilen ýürek tarlaryňa

şeýle bir mähribanlyk bilen kakar weli, ylgap daş çykanyňam, içindäki arslana edil eziziňe bakýan dek sagatsaýyn söýgi bilen bakyp duranyňam bilmän galarsyň. Şol dem ýüregiňdäki sowuklyk aýrylar, kalbyňda mylaýymlyk dörär, şular ýaly owadan dünýäde ýaşap ýörkäňem göwnüňi gama basdyryp ýörendigiň üçin köňlüňde uýat oýanar.

Aýyň şöhlesiniň kemelmegini howanyň uçursyz hapalanandygyndan görjek bolýanlaram bar. O-da ugrunda bolsa bolýandyr, ýöne, meniň pikirimçe esasy zat onuň ýerden daşlaşýanlygy.

Hawa, gep telewizorda-da, magnitofonda-da, hapalanan howada-da däl-de, Aýyň ýerden daşlaşýanlygynda. Adamlardan uzaklaşýanlygynda. Özi bilen bilelikde bize bolan mähir-muhabbetinem arşyň jümmüşlerine tarap äkidip barýanlygynda. Esasy mesele ana şonda. Şol, bir ýüz ýetmiş santimetre barabar

bolan aralygy ylaýyk otuz dört ýyldan soň bu ýaraly ýüregiň duýanlygynda.

Meniň ýüregim ýene-de bir zady syzýar. Ýagny, soňky döwürlerde adamzadyň ahlak derejesiniň peselip, tebigata has yzgytsyz darap ugrandygam, döwletleriň arasynda dawa-jenjeliň köpelip, zeminiň üstüne agyr apatlaryň abanandygam Aýyň ýerden daşlaşýanlygy sebäpli bolmaly. Çünki, bu dünýädäki bar zat — Arşa-kürse öz hökmüni ýöredip duran ULY

MEHANIKANYŇ hereketi bilen bagly ahyry. ULY MEHANIKANYŇ hereketinde üýtgeşiklik boldugy adamzadyň aňynda-da üýtgeşiklik bolaýmaly. Biziň erkimiz arşyň durkuna bagly.

Men şuglasy kemelen Aýa seredip oturyşyma, ýaňky pikirlerimiň düýbünden tersine bolaýmagynyň ahmaldygy barada hem oýlanýaryn. Onuň bu, gidip barşam, ýene-de dolanyp geljekdigem birinji gezek däl bolsa gerek diýip, pikir edýärin we ULY MEHANIKANYŇ täsirinem ortadan aýyrýanda, belki, ol her gezek zeminiň, üstünde erbetlik, uýat zatlar köpelip ugran wagty, ýalňyz hemrasynyň göwsi ölüm getiriji gurallardan, hatarly howplardan dolup, özüniňem oňa hiç hili hemaýatynyň degmejekdigini duýan wagty, bir ujy ýere ýetip duran kümüş tarlaryny hapalatmazlyk üçin aňyrlygyna tarap süýşüp ugraýandyr. Soň adamzat aklyna aýlanandan soň, ýa-da gämik ýaly iki gulak bolup, has päkize bolup täzeden gögerenden soň, ýene-de yzyna dolanýandyr diýip çaklaýaryn. Öýkeläp gidýändir, öýkesi ýazylansoň gaýdyp gelýändir diýen gümanam göwnüme gelmän duranok.

Şol oýlary küýüme getirip oturyşyma, bir wagtlar Aýyň tar-tar bolup duran kümüşsöw şöhlelerinden ýapyşyp oýnan çaglarymyzy, deň-duşlarymyzy, obadaş gyzlarymyzy ýatlaýaryn. Edil, Aýyň ýerden daşlaşyşy ýaly, biziňem biri-birimizden ýylsaýyn daşlaşyp barýandygymyz üçin gyýylýaryn. Aýyň ir-u-giç zemine dolanyp geljekdiginiň çyn bolşy ýaly, belki, haçanam bolsa bir wagtlar biziňem alyslarda galan çagalygymyza dolanyp gelmek bagty maňlaýymyzda bardyr diýip, umyt edýärin. Şol döwürler Aýyň ýagtysyna oýnan oýunlarymyzy hakydama getirjek bolup jan edýärin. «Tüm gitdi», «Don tutdy», «Horaz soýdy», «Eşek mündi», «Kepbe guruldy». Ol oýunlaryň hiç birem ýöne bir wagt geçirmek üçin oýnalýan oýunlar däldi. Hersiniň öz mazmuny, terbiýeçilik ähmiýeti bardy. Bedeniň berkemegi, zehiniň dury bolmagy üçin iň gowy çäreleriň biridi. Oýundan ýadan wagtlarymyz bolsa üýşüp ýaňlytmaç, tapmaça, sanawaç aýdyşardyk. Elbetde, o zatlaryňam aňyrsynda uly terbiýe ýatyrdy.

O zatlar bize Aý aýdyň gijeleriň beren peşgeşidi.

Aýly gijeler şol oýunlarda alan lezzetimizi biz hiç haçan, hiç bir zat bilen deňeşdirip bilmeris.

Onsoňam men häzir diňe, erkek oglanlaryň oýnaýan oýunlaryny aýdyp otyryn. Onda-da gije oýnaýanyny. Gijäniňem Aý aýdyň gijeleri oýnalýanyny. Olaryňam hemmesini aýdamok. Hemmesini aýdyp çykmak mümkin däl. Geregem ýok. Bu ýerde maksat — oýnalýan oýunlary ýeke-ýeke sanamak däl-de, Aý aýdyň gijeleriň bize nämeleri berendigini, Aýly gijelerden jyda düşüp, şu wagtky çagalaryň nämeleri ýitirendiklerini nygtamak.

...Bir çetde bolsa gyzlar Aýyň şöhlesini barmaklarynyň ujuna oraşyp läle kakyşyp durandyrlar. Läleleriň her setiri, her bir dänesi dogana, söwer ýara, ata-enä, il-güne bolan söýgüden doludyr. Hakyky, naçar ýüreginden çykýan mähire ýugrulandyr. Diňläp durşuňa, gyzlar gerçek dogan barada läle kaksalar, entek çagadygyna garamazdan, özüňňem şolaryň içindäki bir naçaryň arkadaýanjydygyň üçin, söýgi barada aýtsalar, öz öňüňde-de şolar ýaly süýji muşakgatlyklaryň bardygy üçin begenersiň. Buýsanarsyň. Şonda, Aýyň şöhlesi süýr depäňden gorladaga-da, göwräňe güýç, gaýrat guýýan ýaly, beýniň içi bygyrdap-bygyrdap gider. Ganyň gaýnar. Ýüregiň joşar.

Birdenem olar iki bölünişerler-de, biri-birleriniň ellerinden tutuşyp, ýaz ýeline ykjaýan öýme ýaly iki ýana yranşarlar.

— Aýterek, Günterek,

Bizden size kim gerek?!. — diýşip, Aý şöhlesinden emele gelen süýt derýasynyň içinde tolkun atyşyp ugrarlar. «Pylany gerek!» diýip, ady tutulan gyz bolsa, kapasadan çykan kepderi ýaly pasyrdap gaýdar-da, garşysynda el tutuşyp duran gyzlaryň hataryny böwser. Biriniň elinden tutubam, yzyna gider.

Gyzlaryň şadyýan gülküleri depelerinden inip duran Aý şöhlesiniň tarlaryna degip, üýtgeşik bir hoş owazy emele getirer.

Bir görseňem olar «ülker» ýaly toplanyşyp, «öleň» aýdyşyp durandyrlar. Öleň köplenç durmuşa çykýan gyzyň ýa-da ýaňy «öýe düşen» gelniň adyndan aýdylýardy. Onuň içinde aýralyk, zar-zelillik, hijran hakyndaky aýdymlar, ahy-zar köp bolardy.

Hawa, biziň çaga döwrümiz Aý aýdyň gijeler şolar ýaly hezillikdi. Üýtgeşikdi. Lezzetlidi. Indi welin beýle däl. O-ol oýunlaryň birem oýnalanok. Edil oba göçen ýaly. Obada çaga-çuga ýok ýaly.

Aýyň bu daşlaşyp gidip oturyşy boljak bolsa, o zatlaryň bäri-bärde boljakdygam belli däl.

Aýyň ýerden has daşlaşyp, belli bir döwürlerde düýbünden gözden ýitmegem, öçügsi ýyldyz ýaly çalaja ýylpyldap görünmegem mümkin. Adamzada ençeme wagtlap Aýsyz döwürleriň, garaňky gijeleriň garaşýan bolmagam ahmal.

Ýöne, alymlaryň aýdyşyna görä, ol barybir ýene-de gaýdyp gelmeli. Elbetde, biz o zatlaryň birinem görmeris. Emma görsek-görmesegem, bu, galmagally dünýe içre bolsak-bolmasagam, ir-u-giç Aý ýere dolanyp gelse bolýa. Adamzat aýdyň gijelerden ömürlik juda düşmese bolýa. Esasy zat — ana, şol!

*Dekabr. 1990 ý. Moskwa.*

## Çakylyk

Bu waka men on bir, on iki ýaşlarymdakam bolupdy.

Şu günki ýaly ýadymda, obada iň bir paýhasly, parasatly saýylýan ýaşulularyň biri, ençeme ýyllap obamyzyň miraby bolan, abraý bilenem pensiýa çykan Söýünjaly aga ortanjy ogluny öýerýärdi. Ertir toý diýlen güni öýlänaralar köneje köwşümi süýräp toý ýerine baranymy bilýän. Toý ertirem bolsa toý ýeriniň şagalaňsyz däldigine aklym ýetip dur.

Çünki, oba ýerinde toý öňli-soňly üç-dört güne dagy çekýär ahyry.

Onsoňam, ulular ýaly töre geçirilip, öňümize desserhan ýazylmasa-da, toýuň keýpini bizem şolarça bilýäs!..

Agşamlaryna, uludan gallanan oduň töwereginde hatara goýlan toý tüňçeleriniň lasyrdysyna syn edip durmaklygyň özi nämä degenok? Ýanyp duran oduň üstüne atylan gury gagşal tutaşyp ugrandan, «şat-şat» edip asmana göterilýän ýeňles uçgunjyklaryň baryp-baryp ýyldyzlara goşulyşyny görmekligiň özi nämä degenok? Çilim çekjek bahanasy bilen, bagşyly jaýdan çykyp, käte bir ýanymyza gelýän keýplije pyýadalar bilen, ýagdaýymyzyň ýetdiginden (gaty gidibermegem bolanok) lakgyldaşanymyz nämä degenok? Ýaşyl-gyzyl ketenilerini pasyrdadyşyp, eýläk-beýläk geçýän gyzlaryň öýme ýaglyklarynyň ýel ugruna ygyşyny göreniň, gollaryny çyzgap, hyzmat edişip ýören galjaň gelinlere daşyndan guwananyň, buýsananyň nämä degenok?

Ine, onsoň bärden bardym welin, görsem kolhozyň sygyr çopany Pardow içibilenini içipdir-de, ýabysyna münüp bilmän göz-gülban bolup dur. Her gezek üzeňňä ildirjek bolup aýagyny galdyranda deňagramlylygyny ýitirýär-de, entirekläp yzyna gaýdýar. Jylawyň ujy elinde bolansoň mele ýabysam yzy bilen loňkuldap gaýdýar. Her gezegem uly-uly gazanlaryň başynda käşir-sogan dograşyp oturanlaryň biri baryp tutaýmasa şo-ol, götinjekläp gidip oty-yr, gidip oty-yr, nirä baryp saklanjak, nämä degip saklanjak. Hudaý bilsin!

Her gezegem nämüçindir ýabysyny idip gidýär-de, şol bir başlan ýerinden täzeden başlaýar.

Ho-ol, aňyrrakda, tamyň kölegesinde çaý içip oturan Pygam aga-da Pardow götinjekläp ugrandan elindäki käsesini ýerde goýýar-da, bir dyzynyň üstüne galyp, boýnuny süýndürýär.

— Hä-ä-ä!.. Naz-za-at! Naz-za-at!.. Baý, nazzady güýçli eken-eý, kapyryň! Öň ysgory ýokmuka muň? Ýa işlänokmyka?.. — diýip gygyrýar. Arasynda-da «şyg-g-şyg» edip gülýär. Ýüzünden-gözünden şaglap inýän şor deri ullakan, ak ýaglygy bilen aýagaldygyna süpürýär. Gapdalyndaky ýassyga tirsegini berip bir gyşarýar, birem dikelýär. «Ýak, he-eý!..» diýip buduna urýar. Keýp edýär. Pardow ýabysyna täzeden münmäge hyýallanandanam, tarsa dyzyna galýar-da, ýene-de gygyryp başlaýar.

— Hä-ä-ä... Naz-za-at!.. Naz-za-at, Pardow jan, naz-za-at!..

Ullakan gara gazanyň içindäki ýaňy bir gaýnap ugran çorbanyň

köpürjigini aýryp oturan Amanmyrat aga bolsa Pardowa tarap nazarynam aýlaman:

— Monnyň başarmajak bolsa arak nä şoruň diýsene... — diýip ýüzüni kürşerdýär. Gaşyny çytyp, seňrigini ýygyrýar. Gapdalynda odun aýryp, ojaga ot salşyp ýören kömekçilerine kiçijik gökje gezlerini jüýjerdip haýbat atýar. — Baryň-how, ýok ediň-de äkidiň şony öýüne, ýatsyn gömülsin-de gömülhanasynda!.. Bi, Söýünjalynyňam hyzmat hantama bolup ýören adamsyna seretsene... Heý, mysalaň-ň gursun... — Birdenem düýrükýär-de, bir gysym bolan kiçijik göwresini titredip Pygam aga tarap azgyrylýar. — Goý-how, senem şyggyldyňy!.. Kölegä goýlan suwly jürdek ýaly «şyg-şyg» edip saňa oýun gerek!.. Gün öýleden agdy, henizem oba çakylyk ýaýranok...

Ala-tozan turzup, gidip-gelip ýören Pardowyň bolsa ol zatlar piňine-de däl. Gaýtam şol bolşy bilenem arasynda her lak atana jogap berjek bolup dert-azar. Ol götinjekläp gelşine:

— Arak däl-how, meň içenim, jan aga, bino-o... — diýip, Amanmyrat aganyň ýüzüne çiňňerilse, gaýdyşyn: — Nazzadym-perýodym bilen işiň bolmasyn-how, ýaşuly!.. — diýip, Pygam aga tarap herrelýär. Goltugyndan tutup äkitjek bolýanlary siltäp-siltäp goýberýär. Soň ýene aýagyny üzeňňä garşy somaldyp ugraýar. Yzyna tarap götinjekläp ugrandanam, Pygam aga ýene-de ýeke dyzynyň üstüne galýar-da:

— Haý, tutaweriň, zaluwady, gaýdandyr ýene... — diýip gygyrýar. — ...Bolmasa syrtyny öýüne tarap dogrulaň-da goýberiň öz ugruna, göni baryp girer özi girmeli ýerine...

Birdenem, gahardan ýaňa kiçijik göwresini titredip oturan Amanmyrat aganyň gözi maňa düşdi. Ol duzuny datmak üçin gazandan alan bir çemçe çorbasyny howul-hara owurtlady-da, agzyny «şap-şap» etdirip, gözlerini çerreltdi. Gözlerini menden aýyrman oturyşyna töwerek-daşyna ellerini bulaýlap başlady.

— E-eý, hon-ha, Allagulyň ogly geldi, iberiň şony! Ýaby münmäge-de ökde şol! Hany, Söýünjaly nirede?.. Baryň, Söýünjala aýdyň, şu oglany ibersin... Ýok etsin bu ülhidi!..

Ýabysyny idip, nobatdaky «reýsinden» gaýdyp gelýän Pardowyň: «...Ters-ä bir gider, Allagulyň ogly, şonça bolmasam-a nanam iýmen» diýenini eşidip girre gaharym geldi. Sögüp gaçaýyn-la şuňa diýip, çemelenip durkamam öz aýagyna özi çolaşdy-da, çiň-arkanlygyna gaýtdy. Şol ikaralykda-da Pygam aga seredip: «...Maňa saňa öýüne ýetse...»

diýmäge ýetişdi. Otyrýeri «gülç» edip ýere degendenem, bokurdagy «hylk» etdi. Gözlerinden paýrap çykan ýaş duluklaryndan syrygyp, çekgesinde edil laý kerpijiň ýüzünden iki barmak ýöredilen ýaly goşa yz galdyrdy, çap eli bilen çüýjügini tutup oturansoňam:

— Eý, weý-e-e-eý... — diýip, diň gögüne garady. Iki ýana entemekden halys boldum-how, men diýýän ýaly, başyny ýaýkap, horguryp duran ýabysynyň ýüzüne seretdi. Gözlerini agdar-düňder edip oturyşyna agzynyň iki gyrasyndaky ak köpükleri aýasy bilen süpürdi. Telim gezek turjak bolup synanyşdy. Ahyram bolmajagyny bilendir-dä:

— Al-how, gitjek bolsaň git-de dyn!.. — diýdi-de, elindäki jylawyň ujuny maňa tarap silkäp goýberdi. Ýumlup barýan gözleriniň birini açyp, agzyny gyşartdy. — Ýöne soňundan suw bergin... Ýataga eltensoň otam bergin... Bomy?.. — Aýdanlaryna düşünendigimi ýa düşünmänligimi ýüzümden aňjak bolýan ýaly, aýalaryny ýere diräp yranjyrap oturyşyna bulanyk gözleriniň ikinjisinem zordan açyp ýüzüme seretdi-seretdi-de, barmagyny çommaltdy. — ...Sen bolansoň berýändirin-eý, ýabymy...

Şeý diýende onuň aşaky äňi bir tarapa çekilip gitdi. Hyllygy akdy. Çekge damarlary tirsildedi. Eýlenmedik deri ýaly gataňsy ýüzüniň hamy dartyldy. Kakam dürli döwürlerde sygyr çopany, düýe çopany bolup işlänsoň, ýabyny münmäniňem, oňa seretmäniňem tärini deň-duşlarymyň köpüsinden gowy bilýändigime gözi ýetip dur, o zaňňaryň. Özi mal bakýan bolansoň, malynyň gadyryny bilýänligem çyn. Içgilem bolsa her öňýetene ýabysyny berip goýberäýmejegem hak. Dogry, me mün diýseň, obanyň oglanlarynyň hemmesem müner, ýöne münmek bar-münmek bar! Syn edýän bolsaňyz şu wagt maşynam her kim bir hili münýändir. Biri bir ýyla ýetirmän çagşadýandyr, başga biri bolsa on bäş ýyllabam münüp ýörendir. Ýaby diýeniň-ä näme, janly-jandar. Bar zady adam ýaly syzyp dur. Düşünip dur. Ulugyz deý sähel zada ynjap dur. Onuň göwnüni tapmaly, diline düşünmeli. Uruşmaly däl, sögüşmeli däl. Gynamaly däl, gyssamaly däl. Çepinden münmeli, sagyndan düşmeli. Öňürdikläp barýarka ýapyrylybrak, ýorgasyna ugraşanda dikelibräk oturmaly. Münen ýabyň taýçanagrak, baş bilmezegräk, sarç mal bolsa iki aýagyňy gasygyna berk gysmaly. Ine, şol zatlary bilýäniňi bilmese, bor-bolgusyz çapdyryp-çapdyryp, içini maýda sanja dolduryp getirjegiňi ýa emelsizlik edip ýykylyp-sürşüp, heläk boljagyňy bilse, içgilem bolsa Pardow saňa ýabysyny berip goýberäýmez...

Özüme şeýle uly ynam bildirensoň men onuň hälki sögünjinem

bagyşladymda, jylawyň ujuny elime aldym. «Näme etmeli muny, nirä gitmeli?» diýen manyda Amanmyrat aganyň ýüzüne seretdim.

Ol iki bökende ýanyma geldi. Arkama kakdy.

— Sen, jiji, şu ýabyny mün-de, oba çakylyk ýöret. Bir öýem goýma! Düşdüňmi? Gelensoň toý paýyňy özüm äbärin Söýünjalydan...

Pardowyň bu ýere «çakylykçy» hökmünde çagyrylandygyny, gitmänkä garnyny doýurjak bolubam şu güne düşendigini men diňe şondan soň bilip galdym. Üstüne münenimden, ýola düşjegini aňyp, däbşenekläp ugran ýabynyň böwrüne ökjäm bilen kakyp goýberdim-de, adam-garadan, oglan-uşakdan saýlanýança gorgunyna goýberdim. Mellegiň aýagujyna ýetiberenimde gara çöňüre dönüp giden ýandak küdesiniň aňyrsyndan eli kündükli Söýünjaly aga çykdy. Ýelbegeý atynan goňur çäkmenini galgadyp, ýapyrylyp gelşine, «dur, saklan» diýýän şekilli elini galdyrdy. Jylawy çekip säginenimdenem bir maňa, birem henizem çöp-çalamlaryň arasynda kakynjyrap oturan Pardowa tarap seretdi-de, başyny ýaýkady. Soňam gizlin bir zat aýdýan ýaly boz-ýaz bolup:

— Jumasaparlary çagyraýma ýene, aýtdylar dämi? — diýdi. Jogaba garaşmanam gazanyň başyndakylara gygyrdy. — Tabşyrdyňyzmy haaw?! Düşündirdiňizmi myňa ýagdaýy?

Ýeri, «nämäni» diý-de soraý diýsene şo wagt, ýüzüň çeşbentli ýaly sülmüräp durmada. Ýok, sesimem çykarmadym. Asyl, soramana hyýalam etmedim. Pygam aganyň: «Bilýändirl-äý özem, o nä çagamy indi» diýeni gulagyma degensoň-a, ony ýalançy etmezlik üçin asylam soramazlygy ýüregime düwdüm.

Meniň çaga däldigime ynanmaýan ýaly, ýüzüme seredip, ýylgyryp duran Söýünjaly aga: «Bolýa-da onda, bilýän bolsa» diýenindenem içi byjyklap duran ýabynyň jylawyny silkip goýberdim.

Gazanyň başynda duranlar ellerini bulaýlaşyp, bir zatlar diýşip gygyryşdylar, ýöne at toýnagynyň güpürdisine hiç zat aňşyryp bilmedim.

Dogrusy, aňşyrjagam bolmadym. Çünki maňa bu wagt adamlardan basymrak arany açmak, ýabyny uzyn öňürdigine goýbermek, serimi dumanlatmak gerekdi. At münenıň ilkinji myrady şol bolar! Meniňkem şol! Jumasapar agany nämüçin çagyrmaly däl, onuň sebäbi näme, men nämüçin çaga dälmişim, nämäni bilýärmişim, nämäni bilemokmyşym, o zatlar bilen işim ýok. Men öz wezipemi bilýän. Men çakylykçy. Ertirki boljak toýuň, onda-da Söýünjaly aga ýaly atly-abraýly adamyň toýunyň

çakylykçysy. Şu pursatdan başlap, tä öwrülip gelýänçäm, şu obaň häkimem men, toýuň beýemçisem men! Ertir şu gelip, kimiň gelmezligem hut, maňa bagly. Halamaýan adamymy galdyrybam bilýän. Çünki, obanyň ýazylmadyk kanunyna görä, gapysyndan barlyp çagyrylmadyk adam toýa gelmeýär.

...Çakylyga obanyň ileri çetinden başlamalydy. Sebäbi o wagtlar posýolok ýokdy-da, obanyň oturyşy diýseň pytraňňydy. Ileri çetde kowçum bolup oturan bäş-on sany öýlüden başlamasaň bolsa, soň ýoluň sowa düşýärdi-de, tä toý sowulýança öý eýesiniň iňirdisini çekip ýörmeli bolýardy.

Şonuň üçin menem çakylygy ilerden başladym. Özümem her işige baranymda gyryljyk sesim bilen çekinibräge-de:

— Toýa baryň!!! — diýip gygyrýan-da, sapy welosipediň nasosyndan ýasalan tasma gamçy bilen «şarp» etdirip, ýabynyň syrtyna ýelmeýän. Ýabymy dabyrdykladyp barşyma: «Şeýdip ýörenimi klasdaş gyzlarymam göräýbilseýdirler» diýip göwün ýüwürdýän. Käbirler-ä görýärem. At toýnagynyň güpürdisine ylgap daş çykýarlar-da, ýabynyň üstünde oturanyň kimdigini görüp, haýran galmakdan ýaňa agyzlaryny açyşyp seredýärler. Myssa ýylgyryşýanjalaram bar. Öz klasdaşlarynyň şeýle «möhüm tabşyrygy» ýerine ýetirip, ýörendigine guwanyp, esli wagtlap yzymdan garap durýarlar. Men bolsam olaryň görenini görmediksiräp, beýläme bakan bolýan.

Käbirleri bolsa öýünde ýokmy nämemi, çykanok. Gara berenok. Ine, şonda welin, içim-bagrym hurs ýanýar. Janhowluma: «Toýa baryň!» diýip işiklerinden ikinji, üçünji gezek geçýän gezeklerimem bolýar.

Ussa Mäteriň gapysyna barybam şeýdenimde aýalynyň: «Bi nä, juwazçyň ker düýesi ýaly bir öýüň daşyndan aýlanyp dur» diýenini eşidip ýaman utandym. Ep-esli ýere çenli ýüzümi tutup gaýtdym. Gaýdybam şol, «emelimi» gaýtalamadym. Goýbolsun etdim.

Dogry, klasdaş gyzlarym meni ýabynyň üstündekäm öňem az görenoklar. Ýöne, sygyr bakyp ýörkäň görüneniň bilen, toýa çagyryp ýörkäň görüneniň deň däl ahyry. Ol ikisiniň ýer bilen gök ýaly tapawudy bar.

Ony diýseň deň-duş oglanlarymyzyňam barysyny ýer ýuwdan ýaly. Tomsuň yssysyndan bukup ýatandyrlar diýseň o-da däl. Çünki meniň güpür-tapyryma Arap-reýhanyň özem bolsa ukusyndan oýanjagy görnüp dur. «Häzir jynyň üstüne ters münüp, uly ile göz-gülban bolup barýan

bolsam-a baryp görerdiň welin...» diýip içimden gaharlanýan. Gyjynýan. Barybir ertir men hakda mekdebe gürrüň ýaýrajagyny bilibem ynjalýan.

«Ýedi gapydan soň gapyçynyň ýüzi açylarmyş» diýlişi ýaly, soňabaka ýüzümem açylyşdy, sesimem durlandy.

— Toýa baryň!!!

Gapylaryna baryp şeý diýenimden käbir aýallar aýakýalaň, baş açyk düwdenekleşip daş çykýarlar-da, işigiň söýesine söýenişip duruşlaryna:

— Kimiň toýy-u-u-uw-w?.. — diýşip yzymdan gygyryşýarlar. Menem şol gidip barşyma at başyny çekmän, yzyma gaňrylaga-da:

— Söýünjaly agalaryň toýy! Hökman baryň!.. — diýýän.

Ýöne, düýn-öňňünlikde ol oba, atasy öýüne görme-görşe gidip gelenler ýa-da halys öýünden çykman oturan sary diş heleýler bolaýmasa, olar ýaly soragy berýän az. Sebäbi oba arasynda kimiň, haçan toý edýänini her kim telim gün öňünden bilýä.

Kä gapa baryp gygyranymdan, kölegede ýa yzgar joýanyň içinde «gawf-gawf» edip, siňeklerini gapyşyp ýatan itler alawagyrdy bolşup gaýdýardylar-da, öňüme bir geçip, yzyma bir geçip, jabjynyşyp, tüýs, it masgarasy diýleni bolýardylar, ýabynyň guýrugyndan asylaýjak-asylaýjak bolşup esli ýere çenli gelýärdiler, öz «serhedinden» kowup çykarandygyna ymykly gözlerini ýetiribem, «hä-ä-ýt» diýşip, jynssyz-jynssyz çyňsaşýardylar-da, «sölt-sölt» edişip ýene-de yzlaryna bakan seňkildeşýärdiler, gapylaryna barybam ýene bir gezek maňa tarap göz aýlaýardylar-da, öňküje ýerlerine baryp ýanbaşlaryny ýere berýärdiler.

Duýman durkaň gapdalyňdan çykaga-da, «gabyr-gubyr» edip, gelşi ýaly zym-zyýat bolýan kümsügräk, häpbeki itlerem bardy.

...Şeýdip barşyma Jumasapar agalaryň işiginden inenimem bilmän galypdyryn. Ine, şu ýerde-de men nämüçin ony toýa çagyrmaly däldiginiň sebäbini soramandygyma ökündim.

Dogrudanam, nämüçin, Jumasapar aga ýaly wäşi adamy şular ýaly uly toýa çagyrmaly dälkä? Meniň pikirimçe-hä şol ýanlarynda oturyp «häsini» ýetirmese, her aýdymyň arasynda märekäni gülüşdirip, çaý guýup oturmasa bagşam aýdym aýtmaz, märeke-de bagşy diňlemez. Şol bolmasa toýam toýa meňzemez. Şol obada ýok wagty toý tutan adam arly ýyl ahmyr edip aňyrsyna ýetip bilenog-a! Bular bolsa «çagyraýma» diýýäler.

Ýa urşup dagy edäýdilermikä? Ony diýseňem on-on bäş ýaş aratapawutlarynyň bardygyna bakmazdan (Söýünjaly aga uly), ol ikisi

söwer dostam-a! Ýöne dost bilen dostuň aralygyna-da tow düşüp bilýär. Traktorçy Tagandurdynyň milisiýada işleýän agasy bilen urşup, «ölsem patama geläýme» diýip duranyny gözüm bilen gördüm, bular dagy näme...

Birdenem, öňki agşam çaý içip otyrkak ejemiň «Ýelni kesilen Amantuwak, Söýünjalylar bilen bir ýyrtyç matanyň üstünde oňuşman it pohuny iki kesişipdir» diýip, kakama gürrüň berip oturany ýadyma düşdi-de: «Hä-ä-ä... boldy, boldy... — diýip, tasma gamçym bilen ýalaňaç injigime ýelmedim... — Bar günä Amantuwak daýzada! Aýalynda! Jumasapar aganyň özünde günä ýok!..» Diýmek, onuň özüni çagyryp bolýa. Asylam meniň çakylygym erkek çakylygy. Aýallaryň çakylykçysy aýratyn bolýar. Olar üçin ýaňy «öýe düşen» ýaşyrak, salt gelinler ýa-da ýagyrnylary aştagta ýaly uly gyzlar ýörite aýlanýarlar, ikibir, üçbir bolşup. Ýogsam: «Aýal çakylyk ýöretmediler, barmarys» diýşip, obanyň heleýleri guýynyň başy bolsun, dükanyň işigi bolsun, agyzlaryny-burunlaryny towlaşyp, bolubilenlerini bolýarlar.

Ýöne meniň o zatlar bilen işim ýok. Men erkekleriň çakylykçysy. Kimi çagyryp, kimi çagyrmazlyga-da hakym bar. Hakym bolmasa-da, men şony häzir edibilýän. Şonuň üçinem içimden: «E-eý, Söýünjaly aga! Ýaşuly! Şu toýy tutýan senem bolsaň, eýesi il! Şu iliň çakylykçysam şu gün — men! Şu wezipäni maňa ynandyň dälmi, sen indi otur! Elime kakma! Ony çagyr, muny çagyrma diýip maňa ýol öwretme! Meň özüm ýagşy bilerin, kimi çagyryp, kimi çagyrmaly däldigini. Arak içip her gezek bagşylaryň, märekäniň mazasyny alýan, toýy bulaýan Pirli peýany çagyr diýenem bolsaň çagyrman, her gezek aşyk oýnap ýörkäk «ondan-a sapagyňyzy okaň» diýen bolup gulagymyzdan towlaýan Oraz mugallymam çagyrman, Jumasapar agany welin çagyraryn. Eýläk ýatsaňam çagyraryn, beýläk ýatsaňam çagyraryn. Aýallaryňyzyň gepine gidip şeýdip ýören bolsaňyz ikiňize-de mazaly şeker iýdirmek gerek» diýip, Söýünjaly aga käýinýän. Ýüzüne seredip ömrülla-da aýdybilmejek sözlerimiň tirkeş-tirkeş bolup kelläme gelşine öz ýanymdan guwanýan. Şular ýaly uly meseläni çözmekligiň öz paýyma düşendigine begenýän.

Dogram-da! Ol ikisi tersleşmäýen bolanlarynda-da, şol towy çözüp goýbersem bütin oba üçin abraý dälmi? «Tüweleme, Allagulyň ogly uly adam ýaly, ýaş başyna ýaşululara ýaraşdyryp ýör» diýseler meniň özüm üçin abraý dälmi? Üstesine Jumasapar aganyň basdaş-basdaş bäş sany gyzam bar. Iň kiçisinden ulusy Balgyz bolsa biziň bilen bir klasda

okaýar. Ýeri, onsoň şu derejedekäm şoňa görünmän gidibermek maňa ýaraşjak zatmydyr? Aslynda meni «barma diýlen gapa alyp gelenem hut, şonuň özi bolaýmasyn?...

...Başga gapylardan baranymda ýüzümiň ugruna: «Toýa baryň!» diýäge-de geçiberýän bolsamam, Balgyzlaryň gapysyna baranymda tamlary bilen işiklerindäki kiçijek, ýylgyn agylyň aralygynda atymy keserdip durdum. (Şu ýerde meniň şuňa at diýesim gelýär.) Balgyza bildirmek üçin atyma gerekmejek ýerden gamçy çaldym-da, derrewem: «dr-r-r...» diýip jylawyny çekdim. Toýnak sesi has batly çykar ýaly, atyň başyny eýläk-beýläk sowup däbşenekletdirdim. Yza tesdirdim. Gapdallaýyn ýöretdim. «Hä-äýt, hä-äýt!..» diýip gopgun turuzdym.

Edil şol wagtam penjireden Balgyzyň gözleri balkyldap göründi. Göwnüme bolmasa onuň aňyrsyndan iň uly uýasy Aslynyňam gözleri gözlerime kaklyşan ýaly boldy. Ýöne meniň gözlerimiň ol wagt Balgyzyň gözlerinden başga gözde eglenmejegi çyndy. Şonuň üçinem üzeňňä galaga-da, petekämi gaýşartdym. Egnimem ýaýrap, çignimde bir adam aýbogdaşyny gurap oturybermeli boldumyka diýýän. Özümem şol wagt daşymdan Görogla meňzän bolmaly. Ýogsam uly uýasy goýbermejek bolup ýeňinden çekip durka, Balgyz beýdip, ylgap daş çykmazdy. Barmagyny dişläp durşuna maňa tarap beýle hyrydar bakmazdy.

Ýaşuly hallaryna, onda-da aýallarynyň gepine gidip öýkeleşip ýörmeleriniň däldigini Jumasapar aga düşündirjek boldummy ýa kimiň gelip-gidenini gözi bilen görsün diýdimmi, garaz, at üstünde egnimi terezilendirip oturyşyma elimdäki gamçynyň sapyny gapa tarap çommaltdym-da, Balgyza tarap eglibräge-de, uly adamlaryň diýşi ýaly:

— Jumasapar aga öýdemidir?.. — diýdim.

Edil şol wagtam agylyň içinden ýüregiňi ýaryp barýan «jazzyldy» eşidildi. Ýanan ýagyň tüssesi gelip burnuma urdy. Bokurdagyma ýapyşdy. Üsgürtdi. «Ýalt» edip beýläme bakanymdanam, agylyň içindäki ojakda pişmemi, çapadymy, bir zatlar bişirip oturan Amantuwak daýza ýüzüni gyzyl-çog edip çykdy-da, kepgirli elini bykynyna urup, boýnuny bir tarapa gyşartdy. Hamçyk gözlerini süzüp, seýrek hem kelte kirlikleriniň arasy bilen göreçlerime tarap sowuk hem ýowuz nazar ýollady.

— Nädersiň Jumasapary?..

Menem bir ata çykan adam. Howalam belent. Ýüregim suwluja. Balgyz bolsa bakyp dur. Böwrejigim böküp dur. Ýaşam bolsam, oglan saýyp üstüme hekimsireşiberseler öňem bir halap baramok welin, häzir-ä

hijem janyma ýakanok. Onda-da bular ýaly deň-duş gyzlarymyň ýanynda. Gaty görýän. Utanýan. Utanyp ýere giräýjek bolýan. Galyberse-de, men bu wagt uly iliň jarçysy. Meniň bilen beýle badyhowa gepleşmäge bu wagt bular ýaly ýanbaşyny garagäz edip, ärlerini tersleşdirip ýören darsdaban heleýleriň-ä däl, men diýen jahyllaryňam haky ýok. Şonuň üçin menem hemläni gaty belentden tutdum.

— Toýa çagyrjak!..

Amantuwak daýza atyň alkymyna dykylyp geldi. Ýagy syrygyp duran kepgirini elinde saldarlady.

— Kimiň toýuna çagyrjak sen ony?

— Söýünjaly agalaryň toýuna çagyrjak. Ýörite gelip aýdyp gitdi diýiň. Hökman barsyn. Öýke-kineden zat bolmaz. — Men gözümiň gytagyny Balgyza tarap aýlap goýberdim. Atdan öňürti ugraberjek ýaly, heniz at ýerinden gozganmanka eýeriň üstünde «loňk-loňk» etdim. Ganaty gyrlan guş ýaly galkyjaklap oturyşyma hil bir iş bitirýän adam ýaly sesimi ýognaldyp: — Özüňizem baryň, Amantuwak daýza! Gyzlaryňyzam alyp baryň.... — diýdim.

Amantuwak daýza:

— Haý, juwanamerk bolan, dur men sen bir bagryňy myjaýyn! — diýdi-de, elindäki kepgirini aýlap saldy. Gara kepgiriň öýläne saban Günüň öňünden eýläk-beýläk geçenini bilýän, asma sagadyň dili ýaly bolup. Atyň ürküp «hyrra» yzyna öwrüleninem bilýän. Kepgiriň atyň art aýagyna degip zarňyldap zyňylanynam çalarak aňýan. Başga zady bilemok. Bir görsem at üstünde ýüzin salyp ýapyrylyp barýan.

Amantuwak daýzanyň gykylygyny tozana garyp, kontoryň deňine ýetiberenimde-de, ramasyna «Progress» diýlip ýazylan gyzyl welosipediniň syrtyna bir gap köke bökderilgi Jumasapar aga öňümden çykdy.

Ala-güpürdi bolup gelşimden nämäniň-nämedigini aňandyr-da, welosipedinden agyp düşdi-de, ýol bermek üçin gyra sowuldy. Bir eli bilen welosipediň şahyndan, beýleki eli bilenem kökäniň gabyndan tutup durşuna uzyn gaşly sary papagyny ýeňsesine süýşürdi. Çal kiteliniň jübüsinden ýaglygyny çykaryp, maňlaýyny süpürdi. Hekgerilip öýlerine tarap seretdi. Aýalynyň bir girip, bir çykyp, arasynda maňa tarap ýumrugyny çenäp bir zatlar diýýänini, haýbat atýanyny görendenem gülüp başlady. Deňinden geçiberenimde elini salgap saklajak boldy. Bir zatlar diýip gygyrdy. Emma men saklanmadym. Gulagam asmadym.

Içimden: «Kör hasasyny bir aldyr» diýdim-de, öňküdenem beter basdym ata gamçyny. A-aňyrrak barybam yzyma gaňryldym. Görsem Jumasapar aga henizem bir eli bilen içini tutup, arkan-ýüzin gaýşyp gülüp dur. Soň bir seredenimde bolsa, eýýäm welosipedini idip, öýlerine tarap barýan ekeni.

Şondan soň men howul-hara obanyň galanja böleginem çagyrdym-da, endamyny sowatmak üçin Pardowlaryň ýeňse ýüzündäki guýa çenli ýabymy (indi ýene ýaby diýibereýin) assajyk sürüp gitdim. Agyzdyrygyny aýryp, howlukman suwa ýakdym. Ýatagyna çenli idip gitdim. Daňdym. Pardowyň haçan görseň ýaryk-ýaryk ökjesi bilen balakjäheginiň gyrasyny basyp ýören saçy hüžžük, çaşy aýalyndan açary alyp samanhanany açdym-da, öňüne ot dökdüm. Deri mazaly gaýdýança ahyryň gyrasynda çommalyp oturdym. Diňe şondan soň eýerini aýyrdym. Bolan işleri birin-birin göz öňüme getirip durşuma: toý ýerine gitmelidigi ýa gitmeli däldigi barada oýlandym. Ahyram: gitmeli, ýumşuň ýerine ýetirilendigini aýdybam gaýtmaly diýen netijä geldim. Aýam bilen mele ýabynyň boýnuna üç-dört gezek kakybam gaýtdym. Atdan düşelim bäri birhili badymyň gaçandygyny, howalamyň peselendigini duýdum. Gazykda duran ýaba tarap gaňrylyp-gaňrylyp garadym.

...Ýüzümi sallap bärden barşyma, nämüçindir eýýämhaçan öňki eşiklerini aýryp, başdan-aýak täze geýnen Söýünjaly aga ýyljyraklap öňümden çykdy.

Kakam ikimiziňem köpden bäri, şolar ýaly «kagyz köýnek» geýmäniň höwesinde gezip ýörenimizdenmi, nämemi, meniň esasanam onuň täp-täzeje, jowur ak köýnegine gözüm gitdi. Zil-gara, buýralary seçelenip duran silkme telpeginem, eli bilen sypalanda syýlary sykylyk çalyp duran gyrmyzy donunam, agy ýarym gulaç yzynda ýaýkyldap ýatan mawumtyl, galyň balagynam, iň oňat gönden tikilen gara, çukur köwşünem Söýünjaly aga göwnüme bolmasa hut şol jowur-ak köýneginiň hatyrasyna geýäýen ýalydy.

Meniň mönterilip durşumdan bir zat syzan ýaly ol gapdalyma geldi-de çekinibräge-de:

— Çagyrdyň dämi, goçum, öý goýman? — diýdi.

Men: «hüm-m...» diýdim-de, gidiberjek boldum. Oňa çenlem Söýünjaly aga elimden tutdy-da, hininiň agzyna üýşen gyzylarylar ýaly tamdyryň başynda çog-gyzyl, çogdum bolşup duran gyz-gelinlere tarap ýöräp ugrady. Taýak atym ýalyrak ýetmänem saklandy.

— Hele-eý!.. E-eý, heleý! — diýip, ýeňligine ýapyşan közi gaçyrjak bolup, kakynyp duran aýalyna gygyrdy. — Hany, bi çakylykçyň toý paýyny ber-ä!..

Söýünjaly aganyň aýaly ýeňligini aýryp zyňdy-da, meni birinji gezek görýän ýaly ýüzüme çiňerilip-çiňerilip seretdi. Garry halyna menden utanýan ýaly gyzaryp aşak bakdy. «Toba, toba» diýip, eli bilen agzyny tutdy. Äriniň hökmüne zordan kaýyl bolýan ýaly öýüne tarap çygşyldap barşyna ýüzüni ýerden götermän: «...çakylykçyň bar bol-a seň...» diýip pyşyrdady. Äriniň: «bolýa-laý, çagadyr-da» diýenini eşidibem gaty-gaty ýöräp gitdi.

At üstünde otyrkam eli kepgirli heleýden gaçýandygymy bildirmezlik üçin, bolan işi hiç kime aýtmazlygy, Amantuwak daýzanyň nämüçin beýdendigini hiç kimden soramazlygy ýüregime düwüp gelýän halyma, eýýämhaçan bar syrymyň bütin oba äşgär bolanyny bilip, şeýle bir erbet boldum, üstesine özümi zordan «toý paý» aljak bolýan ýalam duýdum-da:

— Gerekgäl-laý... — diýip, Söýünjaly aganyň elinden sypjak boldum.

Emma ýaşuly goýbermedi. Gaýtam goşarymdan tutup, gazanyň başyndakylara tarap alyp gitdi.

Olaram maňa gözleri düşenden: «ynha, özem geldi-de, özem geldi» bolşup ala-wagyrdy turuzdylar. Hamala meni birinji gezek görýän ýaly ýüzüme jikkerilişdiler. Hikirdeşdiler. Bar zada özi günäkär ýaly gökje gözlerini jüýjerdip, gazanyň başynda bir gysym bolup oturan Amanmyrat agadan öňňesi: «Nädäýipsiň how, sen?..» diýşip, ýoknasyz-ýoknasyz gülüşdiler. Durun gurak-gurak ýuwdunyp.

Oňa çenlem ho-ol, aňyrrakda, gara der bolup bir daky nasyny bir gyra pürküp goýberdi-de:

— Gudalaradam-a baraýypsyň-la, how, sen, pälwan!.. — diýdi.

Depämden gyzgyn suw guýlan ýaly boldy.

Oglan görünmejek bolup, gaýtam oba arasynda iň bir erbet görülýän, etmesiz işi edendigime men şondan soň düşünip galdym.

Çünki, Söýünjaly aga öz ogluna Jumasapar aganyň gyzy Aslyny äberýärdi ahyry.

Däp boýunça bolsa gyz çykarýan ýeri toýa çagyryp barmak bolanokdy. Bu — olary äsgermezlik, sylamazlyk, kemsitmeklik hasap edilýärdi. Bu meselede esasanam aýallar gyzmaçlyk görkezýärdiler.

Ýeri, käşgä men şo zatlary bilmeýän bolsam. Ýa Söýünjaly aganyň kim bilen guda bolandygyndan bihabar bolsam. Ejemiň: «Bir ýyrtyç matanyň üstünde oňuşmandyrlar» diýdigem, galyň meselesinde oňuşmandyrlar diýdigidi ahyry. Özi asyl, bulaşjak bolsa bulaşyberýän ekeni, ýogsam gapylaryndan baranym-a-baranym, üstesine «çagalaryňyzy» dagam diýäýmän göni, «gyzlaryňyzam alyp baryň» diýermidim?

Şol zatlardam soňam heý, Amantuwak daýzadan zady gaty görüp bolarmy? Hälem onuň geçirimlilik edendigi, o zatlary meniň bilgeşleýin etmeýänimi bilip, häki bir yrym üçin kowalaýandygy görnüp dur. Ýogsam elindäki kepgirini a-arkaýyn kellämde iki epläp bilýärdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun, gollaram gaty berdaşlydy bendäniň...

Hawa, bu bir ir wagtlar bolan waka. Ondan bäri otuz iki ýyl geçdi. Men kyrk dört ýaşadym. Obanyň daş keşbiniň özgermegi bilen, Söýünjaly aga, Jumasapar aga, Pygam agadyr Amanmyrat aga ýaly ýaşulularyň, Amantuwak daýza ýaly däp-dessura ygrarly zenanlaryň älemden ötmegi bilen, o zatlaram könelişdi.

Indi gudalar biri-birlerini toýlaryna çagyrýarlaram, barýarlaram. Indi hatda ertir toý diýlen güni gyz çykarjak ýeriň özem toý edýär. Oňa giýew boljak ýigidem gatnaşýar. Ozallar welin, ýadyňyza düşýän bolsa, öýlenjek oglanlar gelnalyja-da gidibilmezdiler. Olary diňe gelniň ýanyna saljak wagtlary deň-duşlary bir ýerlerden tapyp, südenekledişip getirerdiler.

Indi ýaby münüp, öýme-öý çagyrmagam ýok. Çakylyk haty iberäýýärler.

Haýsynyň gowy, haýsynyň erbetdigini bolsa Hudaý bilsin! Ýöne biziň üçin-ä ýalňyşam bolsa, kän gezekler ýalňyşanam bolsak, öz ýaşlyk döwrümiziň däp-dessurlary has göze gelüwli, häs tebigy ýaly bolup dur.

Has soňrak, şu wagtky ýaşlaryň gözüne şu döwrüňem hut, şolar ýaly bolup görünmegi mümkin.

Hawa-da, «her döwür bir döwür» diýleni-dä!..

*1984 — 1990.*
*Moskwa.*

## Eşşek

Beýleki eşeklere görä has daýaw, ýörgür eşeklere biz oglankak «at

eşek» diýerdik. Bu biziň olary ata deňedigimizdi. At eşekler köplenç «haňňy» bolýardylar. «Haňňy» diýip bolsa «at eşek» bolsun, beýleki eşek bolsun, tapawudy ýok, dogumyna bäs gelibilmän öňünden eşek çyksa aňňyryp üstüne sürnüp ýören, hynçgyranda demi içine sygman, ýüregi agzyndan çykyp barýan, bir gün daňylgy dursa alatozan turzup gazygynyň daşynda ters aýlanýan eşeklere aýdylýar. Olar ýaly eşekleriň köplenç iki burnunyňam deşiginden başlap ýokarlygyna tarap barmak boýy dilýärler. Şeýtseň «haňňysy» tutan wagty dem almasy aňsat bolýar. Içiniň ýeli garnyna agram salanok. Aňyrdan dyňzap gelen ýel känbir päsgelçiliksiz daşyna çykýar. Ýogsam demi içine sygman garnyny ýaraýmagy ýa burnunyň hanalaryny ýyrtaýmagy mümkin.

Ýöne «at eşekler», onda-da «haňňy at eşekler» obada köp bolmaýar. Bolaýsa bir ýa iki bolýar.

Kakam bilen çölde goýun bakýan Çöli aganyň eşegem hut şol, «haňňy at eşeklerdendi».

Çöli aganyň «at eşeginiň» ýörişem üp-üýtgeşikdi. Öýde oturanam bolsaň aýak sesini tanamak bolýardy.

Syn eden bolsaňyz, eşekleriň köpüsi dikgirdäp ýöreýändirler. Onda-da çus bolsalar. Ýogsam «patdyk-sutdyk», «matdyk-mutdyk» edişip barýandyrlar, çaýşanaklaşyp. Biline urlan ýylan ýaly syrtlaram bulanyp durandyr. Özlerem keçdirler. Käte ýüklerini ýüksenip orta ýolda tapyr-tupur ýatyberdiklerem ýa dört aýaklarynam edil gazyk kakylan ýaly ýere diräp duruberdiklerem bardyr. Çapyp barýarka ýykylaýsaň dagy eşekligini edip üstüňden basybam ötüberýändirler.

Çöli aganyň eşegi welin beýle däl. Edil at ýaly akylly. Üstündekäň ýykylyp aýaklarynyň arasyna düşäýseň dagy basmajak bolup garnyňa gadalan aýaklaryny göterip durandyr.

Toýnak kakyşam saldamly. «Tak-tuk, tak-tuk, tak-tuk» edip edil alny sakar at gelýän ýalydyr. Üsti şemally Sallançakly. Şeýledigini Çöli aganyň meýmiräp, gözlerini sügekledip oturyşyndanam aňmak bolýar.

Çöli aga her gezek münüp oba gelende biz onuň «at eşeginiň» daşyndan aýrylybilemzokdyk. Bizi esasanam onuň burnunyň dilikligi haýrana galdyrýardy. Şular ýaly daýaw, «haňňy» eşegiňem gorkman-ürkmän burnuny dilip biläýişlerine haýran galardyk.

Çöli aganyň «at eşegini» daýaw, görmegeý, görkezýän zadyň ýene birem onuň reňkiniň çuw aklygydy.

Ol obanyň çetinden girenden gulaklaryny galgadyp, «ýapby-

ýapbyl» basyp gelşine, daş-töweregine ýaltaklap: «hrk-hrk, hur-r-hur-r, hňk-hňk...» edip küpürsäp başlaýardy. Çöli aganyň aýdyşyna görä, ol hamala çöl ýerde içi gysyp gelen demgir eşekmişin-de, indem bu, şowhunly obanyň içinde özüne uruşmy, nämemi, garaz, bir güýmenjejik gözleýärmişin.

Biz şolar ýaly-da öz ýanymyzdan: «Näme üçin Çöli aga «at eşegini» edil çyn atlar ýaly jylawlap, eýerläp, demir üzeňňiläp münmeýärkä?» diýip oýlanardyk. Şeýdip şähere gitse göwnümize hiç kim ony geň görmän, gaýtam hemme kişem guwanaýjak, begenäýjek ýalydy.

Biziň barymyzyňam iň bir ýetibilmeýän arzuwymyz Çöli aganyň şol, çym-ak «at eşeginiň» üstüne münüp görmekdi.

Biz kimin ýaş çaga üçin juda elýetmez elýetmez görünýän şol arzyly arzuwa oba oglanlarynyň içinde ilkinji bolup men ýetdim.

Bu şeýle boldy.

...Günlerde bir gün frontçy dostlarynyň biri toýa çagyrdy-da, kakam mugallymymyzdan üç-dört günlük rugsat alyp meni iberdi.

Çöli aga meniň göwün islegimi aňan bolmaly, çünki barşym ýaly «at eşege» mündürdi-de:

— Bar, ho-ol, gyraky goýunlary gaýtar-da uly bölegiň üstüne kow, soňam barysyny bilelikde guýa tarap sür — diýdi.

Aýdyşy ýalam etdim.

At eşegiň üsti biziň o oduna münýän ýarym-ýalta, maýtyk ýa maýmyk eşeklerimiziň üsti bilen deňeşdireniňde ýer bilen gök ýalydy. Ýöne nämüçindir «at eşek» bu ýerde obadakysy ýaly her ädimde daş-töweregine alakjap aňňyrybermeýärdi. Kellesini bulap dilik burunlaryny «parryldadybermeýärdi».

Men muny ol çölüň ýürekgysgynçlygy sebäpli şeýdýändir öýtdüm.

Ýene bir zat: o-da edil men baran günümiň ertesi ol ýakymsyz bir wakanyň sebäpkäri boldy.

Ýagny, käbir çopan eşekleriniň bolşy ýaly, olam nançy ekeni-de, günortan Çöli aga bilen bir guýa suwa inýän Selim aganyň horjunyndaky nanyny iýdi. Wagtynda duýmadyk hem bolsalar, horjuny şonuň silkip gidenini hemmeler gördi.

Selim aga-ha goýunlaryny suwa ýakyp bolýança sesini çykarmady. Käte bir aşaklyk bilen Çöli aga tarap nazaryny aýlady-da, işi bilen boldy ýördi.

Çöli aga-da eşeginiň edeni geçer öýtdümi ýa Selim aganyň bolup

ýörşünden gylaw aldymy, adamşekilli «Selim bi eşegä eşekligini edip şeýdäýipdir welin, bagyşla, indikide daňaryn, nanam ine, mende bar, bileje iýäýeris» diýmäne derek, ýüzüni küsserdip çopanlar üçin ýörite gurnalan tagta jaýa girdi-de, çaý-çöregi bilen boluberdi. Menem çagyrdy. Emma men «at eşegi» synlamak üçin kölegede oturanymy kem görmedim.

Hä diýmän Selim aga-da goýunlaryny suwa ýakyp boldy. Assa basyp buruljyrap gelşine göni «at eşegiň» ýanyna bardy-da, elindäki tommaý taýagy bilen gapyrgasynyň ýüzüne ras bir goýdy welin, galyň eşek edil ýaý ýaly egreýdi ötägitdi. Türresine-de bir gondurdy welin, eşek görgüli syrtyny ýere goýaýdy. Çommalyp otyr indi Selim aganyň ýüzüne seredip. Selim aga indi ursa onuň maňlaýyna ýelmemelidi. Şeýtdigem «at eşegiň» külüni çykarjakdygy görnüp durdy. Şonuň üçinem men zöwwe ýerimden galdym-da, sesimde baryny edip:

— Selim aga!.. — diýip gygyrdym.

Selim aga-da «at eşegi» üçünji gezek urjagam bolmady. Bize tarap çalarak nazaryny aýlady-da, beýlesine öwrüldi. Taýagyny egnine atyp, edil gelendäkisi ýaly ýuwaşja ädimler bilen yzyna gitdi. Barybam edil biziňki ýaly, ýöne biziňkä görä elhalrak başga bir tagta jaýa girdi.

Men bolan işi Çöli aga beýan etmek üçin gapa tarap ýöneldim. Emma bolan işi mensizem aňan borly, men gapa ýetmänkäm, Çöli aga zymdyrylyp gapydan çykdy-da, Selim aganyň giren jaýyna tarap eňdi.

Menem gybyrdyklap yzyna düşdüm.

Ýalaňaç aýaklaryny gyzgyn çägä dagladyp her ýerden bir basyp barşyna Çöli aga gapydan girişi ýaly özüni Selim aganyň üstüne zyňdy.

Uruş başlandy.

Henize çenli uly adamyň beýdip, basalaşyp urşanyny görmänimden soň näme etjegimi bilmän ýaýdandym. Duran ýerimde ik ýaly pyrlanyp durşuma ho-ol, beýikde, ýylgyndan edilen agylyň kölegesinde çaý süzüp ýatan Baky aga gözüm düşdi. Baky aga nämüçindir gülýärdi. Gülkiniň arasy bilen maňa bir zatlar diýýärdi. Ýöne men hiç zat aňşyramokdym. Birdenem: Baky aga bolup duran işden bihabar bolaýmasyn diýen pikir kellä geldi-de, şoňa tarap ylgadym. Bäri ýanyna baryp:

— Baky aga, ol ikisi uruşýalar!.. — diýdim.

Gap-gara ýüzi güne gaýzygan Baky aga şol bir derçiräp oturyşyna öňe-yza gaýşyp «loh-loh» güldi-de:

— Ýak, he-eý, inim! Degme uruşsynlar! Aralajagam bolma... — diýdi. Dym-gyzyl bolan simi otdan çykardy. Gamyşdan ýasalyp ýüzi

nagyşlanan düdesini agzyna eltdi. Ujy tirýekli çöpüni sime bazyrdadyp basdy-da, orta bilinden ujuna çenli birki ýola ýöredi. — ...Indi gan görmeseler aýrylyşmazlar olar, köşek...

Orta ýaşdan agan, butlary golça ýaly daýaw, hemişe ýomak atyp ýören bu kişiniň beýle äwmezekligi meni haýran etdi. Oňa çenlem içinde uruş gidýän tagta jaýdan eşidilýän «gürp-tarp», «haý-waý» köpelip başlady.

Men yzyma eňdim. Barşym ýalam kürsäp jaýa girdim. Görsem ýap-ýaňyja girelgede başlanan uruş indi törki jaýda dowam edip dur. Ozaldanam çalamydar jaý, uruşýanlar haýsy tarapa togalansalar bu-da şol tarapa leňňer atýar. Her leňňerinde-de: «jaýyrt-jaýyrt», «şakyrt-şakyrt» edýär. Şol wagt meniň kelläme: öz çopanyňa kömek etmeli diýen pikir geldi. Ýöne, ýaman ýeri tozandan ýaňa olaryň haýsy-haýsydygyny tanar ýaly däldi. Käte bir paýyş söz aýdýan sesleri gelýär, şüý-ä Çöli agadyr-ow diýip, golaýyna baryp-barmankaňam telim gezek öwrülýärler. Käte haýsydyr biri eline ilen haýsydyr bir zat bilen beýlekisiniň çem gelen ýerine ýelmeýär.

Bu gidişlerine gidip otursalar bir belaň üstünden barjaklaryny bildim-de, ýene-de jaýdan çykyp Baky aganyň ýanyna ylgadym. Ol entek hem ýanyna baryp ýetişmänkäm edil öňküsi ýaly «loh-loh» etdi-de:

— Näme, henizem eňip otyrlarmy?— diýdi.

Men onuň gozganmajagyny aňdym. Yzyma öwrüldim. Jaýa golaý gelenimdenem, bir diwar «jaýyrt-jaýyrt» etdi-de, iki sany çüýrük tagta «gülçüldäp» döwüldi. Emele gelen deşikden göm-gök dyrnaklary aýpalta ýaly ýalpyldap duran ýalaňaç aýak çykdy. Aýak eýesiniň aýagyny yza çekip alasynyň gelýäni, ýogsam göwresini gymyldadyp bilmän kösenýäni, ardurja taýak iýýäni bildirýärdi. Ýöne yzyna çekjek boldugy döwülen tagtanyň gyýçaklary aýagyna çümýärdi-de, derrew yzyna iterýärdi. Onuň kimiňkidigini bilmän ýaýdanyp durkamam içerden Çöli aganyň:

— E-eý, nan ýagysy... nirä gitdiň ýok bolup? Deşige dogrula-da sal aýagy içine!.. — diýýän sesi eşidildi.

Men Çöli aganyň aýagyny deşige dogrulajak bolup kän horlandym. Çünki o-da aňyrda dek ýatanokdy. Garşydaşyna garşylyk görkezjek bolup hereket edýärdi. O ýan, bu ýan urunýardy, netijede aýagy bir kaddynda saklamak kyn bolýardy. Ahyram dözümliräk daraýmasaň boljak däl diýen pikire geldim-de, aýagy gowy edip towladym, dabanyna egnimi diräbem ras, deşige tarap iterdim welin, içerden Çöli aganyň:

— Waý! — diýen sesi eşidildi. — Aý, tersine gaňryp döwdüň aýagymy.

Hasyr-husur beýlesine öwürdim welin, aýagyň öz-özi deşigiň içine girdi ötägitdi. Şondan soň bir «tark» boldy, yz ýany bilenem Selim aga ganyny tasadyp çykdy. Onuň yzyndan eli ganjaryp duran gara taňkaly Çöli aga göründi. Ýöne kowalamady. Hol ýere baryp çommalan Selim aga garap:

— He-eýt.. — diýdi-de, elindäki taňkany bir gyra oklap goýberdi. — Seňki ýaly salpy gulak eşek däl ol: el ýaly nan üçin beýderiň ýaly... Ýa aç öleniň bamy?..

Gaty ýadan bora çemeli, Selim aga sesini çykarmady. Öňküsindenem iki esse dagy ulalan gözlerini mölerdip, «hassyldady» oturdy. Köýnegini çykaryp kellesiniň ýarylan ýerini daňdy.

Ýokardan Baky aganyň sesi eşidildi.

— Indi goýarlar. Gan çykdy dämi birinden? Indi goýarlar.

Ol muny maňa diýýärdi.

Hawa, «at eşegini» Çöli aganyň özüniňem kemje-kerdem görmeýändigine men şonda göz ýetirdim. Bu bolan geň waka barada oba baryp, deň-duşlaryma gürrüň bermäge howlukdym.

Emma üçünji gije — iň soňky gije bir waka welin meniň «at eşege» bolan garaýşymy düýbünden üýtgetdi duruberdi.

Şol gije bagşymy, oýunmy ýa konsertmi, garaz, bir tomaşa-ha gelen bolsa gerek, biziň guýudakylaryň hemmesi goşy maňa taşlap, goňşy guýa gitdiler. Gitjek wagtlary:

— Sen ýatmankaň geleris. Gorkma-da oturyber. Ýatakdanam arkaýyn bol. Itler agyla gara goýbermezler — diýdiler.

Olar gidendenem ýagyş çisňäp başlady. Hä diýmänem güýçli çabga öwrüldi. Niredendir bir ýerlerden möjegiň sesi eşidilen ýaly boldy. Men obada kä gijeler daş çykanymda şagalyň sesini eşiderdim. Emma bular ýaly çölde galyp, onda-da ýeke galyp, möjegiň sesini eşitmändim. Ýöne, bäş-alty sany mähnet goýun iti daşymda gala bolup durka golaýyma aňsat-aňsat möjek gelip bilmejekdigine aklym çatýardy.

Çopanlaryň aýtmaklaryna görä, möjegem edil, çopan-çolugyň aljyraýjak wagtyny, gaýly, tupanly, şular ýaly ýagyşly gijeleri peýleýärmişin.

Häzir goýunlaryň ýatakdalygam bir gowy zat. Ýogsam, kakam dagynyň aýdyşy ýaly bularam ýagşyň ygyna tarap tar-tar bolup

gidibermelidiler. Şeýdip bir ýňyp ugransoňlar bolsa, buýup öläýmeseler ýa ýagyn goýmasa saklajak gümanyň ýok.

Men ähli zada gözegçilik etmek üçin jaýa däl-de, merthananyň içine girdim. Ody uludan gallap, kakamyň içmeginem egnime atdym. Atyp bilmesemem tüpeňi getirip, gapdalymda goýdum.

Möjegiň sesi indi aýyl-saýyl eşidilip başlady. Kem-kemdenem golaýlaşdy. Golaýlaşdygysaýam ynjalygym gaçdy.

Itleriňem ynjalygy gaçdy öýdýän, ýygy-ýygydan, batly-batly üýrmäge başladylar. Sesleriniň kä bir ýerden, käte o ýerden çykyşyndan bir üýşüp, bir çaşyp, başagaý bolýandyklaryny aňmak bolýardy.

Şondan soň möjekleriň sesi sabaşdy. Şeýle-de bolsa tä ýagyş goýýança aram-aram, ondan-mundan, üzlem-saplam eşidildi durdy.

Birdenem merthananyň agzynda süllümbaý ezilen, durşy bilen palçyk bolup duran egbar bir hor eşegiň soluksy ýüzi göründi. Oduň ýagtysyna «ýylt-ýylt» etse-de, onuň gözlerinde ruh ýokdy. Tüýleriniň uçlaryndan joralanyp suw akýardy. Boýnuny sallap gelşine tumşugy bilen ýer süsňeýärdi. Ýirilen burunlary bolsa hapa palçykdan ýaňa dykylan ýalydy

Ol «aýyplaşmaweri» diýýän ýaly, ýüzüme naýynjar seredip, merthanadan boýnuny uzatdy. Soň öň aýaklary bilen ätledi. Oda golaýlaşdy. Men diňe şondan soň onuň öz «at eşegimizdigini» bilip galdym. Ýerimden turdum. Ýel-ýagyşa buýandyr öýdüp üstüne köne-küşül atyşdyrdym. Ody güýçlendirdim. Daýanar öýtdüm. Ol bolsa gitdigiçe enjarsyzlandy. Edil, Selim aga gapyrgasyna urandakysy ýaly egreýdi. Gyşardy. Ýegşerdi. Kem-kemdenem kiçeldi. Şol belent göwrede, haýbatly bedende şol wagt çigidiň gabygy ýalam güýç, kuwwat görünmedi.

Şol wagt ýene-de bir ýerlerde çöl gurdunyň hökmürowan sesi ýaňlandy welin, «at eşegiň» soň oturdylan ýaly iki ýana hallan atyp duran gulagam «patda» aşak ýatdy-da, hersiniň ujundan daş asylan ýaly iki gulagyndan aşak sallandy duruberdi. Özem şeýle bir galpyldaýar welin, gözüň gyýyp garar ýaly däl. Möjegiň sesi soňky gezek gaýtalanandan soň onuň art aýaklarynyň arasy açylyp ugrady. Şol barmana arasyny kesip-kesip, ysgynsyzlyk bilen siýdikläbem başlady. Çatalbalary bolsa açyla-açyla çatyny aýrara getirdi. Bir görsem oň aýaklaram şeýdip barýa. Ahyram garny ýere degdi-de, ýer bagyrtlap ýatyberdi. Boýnunam uzatdy-da, eňegini ýere goýdy. Gulaklary dagy gawunyň güne gurap towlanan

paçagy ýaly batga bulaşyp ýerde ýatyr. Şo-ol, obadaky eşek baryna gün bermän ýören «haňňy at eşekdir şü» diýseň adam ynanar ýaly däl.

Men ony turuzjak boldum. Bolmady. Ýerinden gozganmadam. Gaýtam gitdigiçe ýere siňdi gitdi oturdy. Erbet keselländir ýa ýaramaz ot iýendir öýtdüm. Gaýdyp galmaz öýdüp gorkdum. Çünki ululary̆ň: «eşek bir-ä kesellemez, keselläýse-de galmaz» diýenlerini köp eşidipdim.

Gije ýarymdan agyberensoň çopanlar gaýdyp geldiler. «Bäh, ýagyş ýagaýan ýaly-la how, bi ýere» diýip geňirgenişdiler.

Görüp otursam tomsuň başky aýynda diýseň seýrek bolýan bu ýelli ýagyşyň ýoly diňe biziň goşumyzyň üstünden geçen ekeni. Ýogsam bu ýerde meniň ýeke özümkäm çopanlaryň o ýerde arkaýyn meýlis edip oturmajakdyklary belli ahyry.

«At eşegiň» bolup ýatyşyny görenden Çöli aga: «Wah-wah! Muňa näm bolduka? Näm boldy how, muňa, ýegen?!.» diýip, oda-köze düşer öýtdüm. Emma ol başyny ýaýkap hyrçyny dişledi-de:

— Haý, bigaýrat!.. — diýip, endigine görä erbet sögündi. — Möjegiň sesini eşidendir bi...

Bar zat düşnükli boldy.

Şondan soň meniň oňa «at eşeg-ä» däl, ýönekeýje eşek diýmäge-de dilim barmady.

Şonuň üçinem onuň guma bulaşyp ýatan çalajan gulaklaryna tarap çalarak egildim-de, Çöli aga eşitdirmezlik üçin ýuwaşlyk bilen: «Biz-ä saňa «at eşek» diýip ýördük welin, sen-ä asyl eşegem däl ekeniň-dä, eşşek ekeniň. Hawa, hawa, bir «ş» bilen däl-de, iki «ş» bilen ýa-da guýrukly «ş» bilen ýazylan eşşek ekeniň...» diýdim. Gaýrarak çekiläge-de, ýüzüne-de tüýkürdim. Arkaýyn ukyny urmak üçinem, merthanadan çykyp, tagta jaýa tarap ugradym.

Ertesi irden kakam bardy. Men oba gaýtdym. Emma her näçe özelenselerem, men oglanlara «at eşek» barada hiç zat aýtmadym. Aýdasym gelmedi. Olaryň at saýyp ýören eşekleriniň eşşek ekendigini eşidip gynanmaklaryny islemedim.

*1992 — 1993.*

## Mazmuny


Ömür dowam edýär..........3
Ir düşen bahar..........40
Remezan aýlary..........58
Arpa dänejikleri..........67
O gelinler indi ýok..........74
Köne ýurtda..........81
Açlyk ýyly..........83
Ellik..........89
Ynjaldy..........93
Kepderiler..........96
Tebip..........100
Watan..........103
Bizi çagalarymyz terbiýeleýär..........106
Öz ýüzüňize-de bir serediň..........109
«Okumyşlygyň» peýdasy..........114
Hudaýyň öýi nirede?..........119
Aý gaýdyp geler!..........125
Çakylyk..........129
Eşşek..........141